**Taganmyrat Goçyýew**

# AHLAK KADALARYNYŇ JEMGYÝETÇILIK ÄHMIÝETI

Umumy orta bilim berýän mekdepler
üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2016

UOK 17:377
G 51

**Goçyýew T.**

G51 **Ahlak kadalarynyň jemgyýetçilik ähmiýeti.** Umumy orta bilim berýän mekdepler üçin okuw gollanmasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

Okuw gollanmada «Özüňi alyp barmagyň medeniýeti» dersi boýunça umumy orta bilim berýän mekdepleriň okuwçylaryna Arkadag Prezidentimiziň «Döwlet guşy» romanynyň üsti bilen türkmen jemgyýetiniň ata-babalarymyzdan miras galan döwrebap ahlak ýörelgelerini açyp görkezmek, olaryň jemgyýetçilik ähmiýetini düşündirmek, ahlak-hukuk kadalarynyň sazlaşygyny üpjün etmek, şeýle hem ýaşlaryň döwrebap kämil ahlak mentalitetini kemala getirmek maksat edinildi. Ýaş nesliň ýokary ahlakly şahsyýetler bolup ýetişmeklerini nazarda tutmak bilen gollanmada ahlak meseleleri tejribe jähetden seljerilýär, täsirli durmuş pursatlary beýan edilýär hem-de ýaşlara degerli maslahatlar berilýär, öwüt-ündewler edilýär.

Gollanma mekdep mugallymlary üçin okuw-terbiýeçilik işinde peýdaly bolup biler.

TDKP № 122, 2016 KBK 87.8 ýa 72+73

© T. Goçyýew, 2016.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň bimöçber tagallary netijesinde türkmen jemgyýeti tanalmaz derejede özgerýär. Biziň ähli ugurlardaky üstünliklerimiz, ýeten sepgitlerimiz, şol sanda jemgyýetçilik aňyýetini ösdürmek babatda gazananlarymyz halkara derejesinde doly ykrar edilýär. Türkmen jemgyýetini döwrebap özgertmek ösen ykdysadyýetimize, egsilmez tebigy baýlyklarymyza, ýurtda höküm sürýän durnukly asudalyga hem-de zähmetkeş halkymyzyň gujur-gaýratyna daýanýar. Şu şertlerde adam hakyndaky alada döwletde ilkinji orna geçende hakykatdan hem berk, sagdyn jemgyýet kemala gelýär. Bilşimiz ýaly, milli Liderimiziň içeri-daşary syýasatynyň özenini adamyň gündelik derwaýys meseleleri we zerurlyklary düzýär. Munuň özi hakykat ýüzünde raýatlarymyzyň eşretli durmuşda ýaşamaklary, jemgyýetiň sazlaşykly ösmegi üçin ähli mümkinçilikleri döredýär.

Ýokarda bellenip geçilenler hormatly Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir!» diýen çuň manyly filosofiki garaýşyna eýerýär. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe bu ýörelge kämil milli jemgyýeti gurmagyň ylmy-tejribe nukdaýnazaryndan doly esaslandyrylan taglymatyna öwrüldi. Häzirki wagtda adam ykbaly we onuň ahlak dünýäsini özgertmek baradaky alada türkmen jemgyýetiniň asyl many-mazmunyny düzýär.

Bazar ykdysadyýetine geçilmegi netijesinde, jemgyýetde maddy gymmatlyklara, ýagny baýamaklyga aýratyn ýykgyn edilip başlandy. Şu maksada ýetmek üçin şahsy gatnaşyklarda ahlak kadalarynyň berjaý edilmeginiň ünsden düşürilýän pursatlary-da, şeýle hem gündelik durmuşda kanunyň kadalarynyň bozulýan halatlary-da gabat gelýär. Gazanç bilen başagaý bolup, çagalaryna arassa-halal terbiýe bermegi unudýan adamlar bar. Çaga psihologiýasynyň bu dörän ýagdaýy

adaty, ýagny bolmaly kada hökmünde kabul etjekdigi we şu ýoly öz durmuşynda gaýtalajakdygy bu ata-eneleri näme üçindir alada goýmaýar.

Häzirki döwürde terbiýe meselesinde emele gelen bu boşlugy doldurmaga gönükdirilen dürli maglumat çeşmeleri bar: radio we telewideniýe, Internet we mobil aragatnaşyk ulgamlary we ş.m. Ýaşlaryň şu giden maglumat giňişliginden erkin we hiç bir gözegçiliksiz peýdalanmaklary üçin jemgyýetde ähli şertler döredilen. Ýaş nesil özüniň dünýägaraýşyny we gözýetimini giňeldýän habarlardan başga-da, biziň ahlak kadalarymyza ters gelýän maglumatlary hem gündelik kabul edýärler. Halkyň milli aýratynlyklaryna gabat gelmeýän maglumatlaryň zyýanly täsirini jemgyýet şu gün bolmasa-da ertir duýmagy gaty ähtimal. Elbetde, maglumat giňişligini «ýapmak» mümkin däl, megerem, geregem däl. Emma oňlanylmaýan maglumat bolçulygynyň ýaşlaryň aňyny zäherlemezligi üçin işleriň birsyhly geçirilmegini welin döwür talap edýär.

Şahsyýetiň döwrebap kämil ahlak keşbini emele getirmek boýunça, esasan-da, ýaş nesliň ahlak terbiýesi babatda türkmen jemgyýetinde Arkadag Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda köpugurly işler amala aşyrylýar. Ahlak terbiýesi bilen gündelik meşgullanmak birnäçe döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň wezipe borjy bolup durýar. Şeýle-de bolsa türkmen jemgyýetinde ýaşlara ahlak terbiýesini bermek ilki bilen maşgalanyň hem-de bilim edaralarynyň baş wezipesi hasaplanylýar.

Jemgyýetde her bir şahsyýet islese-islemese ahlak gatnaşyklaryna hökman giräýmeli, durmuşda başgaça bolup bilmeýär. Biz herki durmuş pursatlaryna ahlakly ýa-da ahlaksyz diýip özümizçe baha berýäris, ýöne bizden başga ahlaklylyk nukdaýnazaryndan bu hereketlere *(hereketsizlige)* jemgyýetçilik tarapyndan hem baha berilýär. Şu ýerde esasy mesele hem iki taraplaýyn berilýän bahanyň gabat gelmeginde. Elbetde, durmuş pursatlaryna jemgyýetçilik tarapyndan berilýän baha has ygtybarly, adalatly we ýokary güýçli hasaplanylmaly. Eger-de biziň belli bir hereket *(hereketsizlik)* bilen bagly ahlak garaýşymyz köpçüligiňkä çapraz gelýän bolsa, onda biz öz ahlagymyzy jemgyýetçiligiň ahlagy bilen sazlamaga çalyşmalydyrys.

Aýdylanlardan ugur alynsa, onda herki şahsyýet ahlak kadalarynyň talaplary barada hökman habarly bolmaly. Kähalatlarda jemgyýetde ahlak kadalaryny ýeterlik derejede bilmeýän ýa-da olaryň manysyna doly we dogry düşünmeýän şahsyýetler duş gelýär. Elbetde, bu ýetmezçilik ilkinji nobatda ýaşlarda duýulýar. Dürli durmuş pursatlarynda şahsy garaýşyň, anyk hereketiň *(hereketsizligiň)* umumylykda ykrar edilen ahlak kadalaryna laýyk gelýändigini ýa-da gelmeýändigini özbaşdak anyklamak ýaşlara birbada kyn düşýär. Şonuň üçin hem ahlak kadalary adatça bolşy ýaly adamyň aňynda saklanylmaly edilmän ýazmaça görnüşde öz beýanyny tapsa, şu ýagdaýda hem ýaşlara öwredilse we olaryň arasynda yzygiderli wagyz edilse dogry bolardy diýip hasaplaýarys.

Ýokarda beýan edilenleri nazarda tutup, gollanmanyň ýazylmagynyň baş maksady dürli derejelerde terbiýeçilik işi bilen meşgul bolýan pedagoglara, ýaşlara talaba laýyk ahlak terbiýesini bermekde ýardam etmek, jemgyýetçilik gatnaşyklarynda duş gelýän, özi-de çözgüdi akylly-başly çemeleşmäni talap edýän wakalaryň, ýönekeý bolmadyk durmuş pursatlarynyň üsti bilen degerli maslahatlary bermek bolup durýar.

Öňde goýlan maksatlaryň netijeli durmuşa geçirilmegi şu esasy wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagyny talap edýär: ýaşlara ahlak terbiýesiniň wajyplygyny we jemgyýetçilik ähmiýetini düşündirmek; ahlak terbiýesi babatda ýaşlarda dogry ahlak garaýşyny döretmek boýunça iş alyp barmak; ýaşlara kämil ahlakly şahsyýet bolup ýetişmekleriniň ugur-ýollaryny kesgitläp bermek; ýaş nesle jemgyýetde gabat gelýän ahlaksyzlyga garşy çykmagyň tärlerini öwretmek; ýaşlara kämil ahlaklylygyň hukuk we kanun bozulmalarynyň öňüni alýan serişdedigini düşündirmek; jemgyýetde nusgawy ahlak terbiýesini wagyz etmek we beýlekiler.

Türkmen alymlarynyň we pedagoglarynyň gönüden-göni ahlak terbiýesine bagyşlanan işleriniň ýok bolmagy-da mümkin. Ugurdaş ýazylan saldamly işler hökmünde soňky döwürde çap edilen «Türkmeniň gadymdan gelýän milli dini adatlary» *(Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2006)* hem-de «Paýhas çeşmesi» *(Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016)* atly gadymy miras baýlyklarymyzy giňişleýin

häsiýetlendirýän eserleri, A.Gulbaýewiň we G.Gulbaýewiň «Özüňi alyp barmagyň medeniýeti» *(Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014)* atly okuw kitabyny görkezse bolar. Mundan başga-da, dürli ylmy, okuw, usuly äheňde ýazylan çeşmelerde, gazet-žurnallarda bu mesele içgin öwrenilýär we giňden wagyz edilýär. Belli bolşy ýaly, halkyň ahlagy onuň urp-adatlaryna, däp-dessurlaryna, edim-gylymlaryna, nakyllaryna, atalar sözüne, umuman, medeniýetine eýerýär, olar esasynda ahlak garaýyşlary kemala gelýär we döwrebap kämilleşýär.

Hormatly Prezidentimiziň bilim-terbiýe, miras, medeniýet bilen bagly resmi çykyşlarynda, dürdäne eserlerinde ýaşlaryň ahlak terbiýesiniň elmydama üns merkezinde saklanylmalydygy aýratyn nygtalýar. Arkadag Prezidentimiz türkmeniň geljegi hasaplanýan mähriban ýaşlarymyza elmydama gymmatly ahlak öwüt-ündewlerini berip gelýär. Munuň anyk mysallary hökmünde milli Liderimiziň hamyrmaýasy kämil ahlaga eýlenen «Döwlet guşy» we «Älem içre at gezer» romanlaryny ýatlap geçmek ýeterlikdir.

Gollanma hormatly Prezidentimiziň guwanjy hem begenji bolan türkmen ýaşlarynyň döwrebap ahlak keşbiniň kemala gelmeginde belli bir derejede oňyn täsirini ýetirer diýip umyt edýäris.

# I bap. AHLAK KADALARYNA DÜŞÜNJE WE OLARYŇ HUKUK KADALARY BILEN ARABAGLANYŞYGY

## 1.1. Ahlak kadalaryna düşünje we olaryň terbiýeçilik ähmiýeti

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe jemgyýetçilik gatnaşyklarynda düýpli özgerişlikler bolup geçýär, şol sanda jemgyýetiň ahlak gymmatlyklary has-da baýlaşdyrylýar, netijede adamlaryň ahlak aňyýeti günsaýyn ösýär. Jemgyýetiň döwrebap özgermeginde hem-de öňe gitmeginde şahsyýetiň orny we täsiri örän uly. Şu şertlerde türkmen jemgyýetiniň döwrebap ahlak keşbini emele getirmek meselesi has-da möhüm ähmiýete eýe bolýar. Çünki ýokary ahlakly şahsyýet ähli ugurlardaky özgertmeleriň hereketlendirijisi bolup çykyş edýär. Şonuň üçin hem ynsanyň ahlak dünýäsi döwletde we jemgyýetde ähli bolup geçýän zatlara gönüden-göni täsir edýän serişde hem-de güýç hökmünde ykrar edilýär.

Ahlak kadalary adamyň aňynda orun tutup, ýazylmadyk görnüşde hereket edýärler. Olar gadymyýetden gözbaşyny alyp gaýdyp, halk tarapyndan köpüň bähbitlerine uýgunlaşdyrylyp, kämil derejä ýetirilen. Şu günlerde hem Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli baştutanlygynda ahlak kadalarynyň türkmen jemgyýetine mäkäm ornaşdyrylmagyna, olaryň döwrebap özgerdilmegine we giňden wagyz edilmegine döwlet syýasatynda aýratyn orun hem-de ähmiýet berilýär.

Ahlak terbiýesi dürli ugurlarda anyk kesgitlenen ahlak kadalary we ýörite meýilleşdirilen terbiýeçilik çäreleri esasynda guralanda, bu işiň netijeliliginiň has-da artjakdygy jedelsiz kabul ediläýmeli hakykatdyr. Şu jähetden türkmen halky tarapyndan müňýyllyklaryň dowamynda toplanyp gelen ahlak gymmatlyklarynyň, şeýle hem milli Liderimiziň «Döwlet adam üçindir!» diýen ynsanperwer häsiýetli

taglymatyna laýyklykda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe täze öwüşginlerde öňe sürülýän döwrebap ahlak kadalarynyň *(kanunalaýyk ýaşamak, adalatlylyk, ynsanperwerlik we beýleki kadalar)* ulgamlaşdyrylan görnüşde bir ýere jemlenilmegi maksadalaýykdyr.

Şu ýerde ahlak kadalarynyň jemlenen görnüşini (*kodeksini*) tassyklamak meselesi aýratyn ähmiýete eýe bolup durýar. Beýleki döwletleriň tejribesinden tapawutlylykda ýurdumyzyň syýasy-jemgyýetçilik gurluşynda «Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahaty» ady bilen abraýly institut hereket edýär. Onuň mejlislerinde döwletiň içeri-daşary syýasatynyň wajyp meseleleri deslapdan ara alnyp maslahatlaşylýar we geljekki özgertmeleriň ýörelgeleri kesgitlenilýär. Ahlak kadalarynyň bir bitewi jeminiň hem Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda garalmagy we tassyklanylmagy ahlak ýol-ýörelgelerimiziň jemgyýetçilik ähmiýetini artdyrardy hem-de täsirini güýçlendirerdi diýip hasaplaýarys.

Bilşimiz ýaly, jemgyýetçilik tarapyndan dürli derejelerde kanunyň talaplarynyň berjaý edilmeginiň zerurlygy barada wagyz işleri giňden alnyp barylýar. Ýöne näme üçindir ahlak kadalarynyň ýerine ýetirilmeginiň möhümligi bilen bagly terbiýeçilik işlerine ýeterlik derejede üns berilmeýär. Mümkin ahlaklylyk ýa-da ahlak kadalary babatda jemgyýetçilik düşünjämiz häli bärden gaýdýandyr?! Bu pikiriň dogry bolmagy-da gaty ähtimal. Çünki, jemgyýetde ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, bir ýere jemlenen we resmileşdirilen ahlak kadalary ýok, şoňa görä-de olar barada kesgitli jemgyýetçilik pikiri hem entek doly kemala gelmedik bolmagy mümkindir.

**Ahlak kadalary** diýip, esasan, ýagşa-ýamana baha bermek netijesinde adam gatnaşyklarynda ýüze çykýan köpugurly durmuş pursatlarynda, şeýle hem şahsy meselelerde şahsyýetiň özüni alyp barmagyny kesgitleýän, özi-de jemgyýetçilik köpçüligi tarapyndan goldanylýan we ýazylmadyk görnüşde hereket edýän düzgünleriň jemine düşünilýär.

**Kämil ahlakly şahsyýet** diýip jemgyýetçilik köpçüligi tarapyndan goldanylýan ahlak düzgünlerine laýyklykda durmuşda özüni alyp barýan adama aýdylýar.

Şahsyýet tarapyndan adam gatnaşyklarynda özüňi alyp barmagyň anyk ýüze çykmalaryna *(herekete ýa-da hereketsizlige)* **ahlak edebi** ýa-da **edeplilik** diýilýär.

Ahlaklylygyň we edepliligiň birnäçe dereje görkezijileri bardyr. Ynsanyň edebiniň dereje görkezijisi onuň ahlak kämilliginiň derejesine baglydyr.

Şeýlelikde, edep ahlakdan gaýdýar. Edep kadalary ahlak kadalaryny durmuşa geçirmegiň mehanizmidir. Edepli ynsan ahlakly ynsandyr, ahlakly ynsan bolsa medeniýetli ynsandyr. Ahlaksyz ynsan welin, islendik ýagdaýda jemgyýetçilik tarapyndan edepsiz we medeniýetsiz hasaplanýandyr.

Ahlak kadalarynyň täsiri astynda jemgyýetde şahsyýetiň ýokary ahlak sypatlary emele gelýär. Arassalyk, halallyk, dogruçyllyk, zähmetsöýerlik we beýleki ýokary ahlak sypatlary adamyň kalbyna ornaşýar we şahsyýetiň özüni alyp barmagynyň häsiýet aýratynlyklaryny düzýär. Şahsyýetiň ahlak kadalaryna laýyklykda daş-töweregınde bolup geçýän zatlara baha bermegi we şoňa görä hereket etmegi netijesinde adamyň ahlak endikleri kemala gelýär. Bu endikler soňlugynda şahsyýetiň häsiýetine öwrülýär. Eger-de adam ykrar edilen ahlak kadalaryny kalby bilen kabul etmese, onda jemgyýetde ahlak bozulmalary ýüze çykýar. Ahlak kadalarynyň berjaý edilmezligi, adam gatnaşyklarynda ahlaksyzlygyň emele gelmegine sebäp bolýar.

Umuman alanyňda dürli halklaryň ahlak kadalarynda meňzeşlikler kän. Şeýle-de bolsa her bir halkyň mental özboluşlygy ahlak kadalarynda mese-mälim duýulýar. Mysal üçin, salamlaşmak däbiniň we onuň edebiniň dürli halklarda ýüze çykmalarynyň tapawutly aýratynlyklary «Özüňi alyp barmagyň medeniýeti» atly okuw kitabynda örän täsirli görnüşde suratlandyrylýar.

Ahlak kadalary halkyň mentalitetine, ýagny onuň milli aýratynlyklaryna esaslanýar we şondan gelip çykýar. Mentaliteti boýunça hem bir halk beýleki halklardan hökman tapawutlanýar. Iň bärkisi dinleri bir halklaryň-da mentalitetinde görnetin aýratynlyklary bar *(toý toýlamakda, ýas tutmakda we ş.m.)*.

Ahlak terbiýesini netijeli ýola goýmak üçin, ilkinji nobatda ýaş nesle biziň halkymyzyň mental aýratynlyklary *(däp-dessurlary,*

*urp-adatlary, edim-gylymlary, taryhy, dini)* aýdyň görnüşde düşündirilmeli. Halkyň mentalitetini açyp görkezmek bilen bagly filosofiýanyň özeni nämede: biz hiç bir halkdan artyk ýa-da kem däl, biz özboluşly. Biz beýleki halklaryň mentalitetinde kemçilik gözlemeýäris ýa-da olara göwnüýetmezçilik etmeýäris, biz babatda hem şeýle garaýşyň bolmagyny isleýäris.

Şu setirleriň awtory tarapyndan 90-njy ýyllaryň ortalarynda daşary ýurtda milletleriň mental aýratynlyklary bilen bagly geçirilen halkara konferensiýasynda 1941–1945-nji ýyllaryň urşundan soň Türkmenistanda elli ýyldan gowrak wagt bäri adamsynyň ojagyny saklap oturan enelerimiziň-mamalarymyzyň bardygy, olaryň içinde çaga ýüzi düşmedikleriniň-de az däldigi, şonuň ýalam bu zenanlara başga birine durmuşa çykmaklaryna päsgelçilik döredilmändigi barada habar berlende, bu maglumat oňa gatnaşyjylarda türkmen zenanlarynyň ahlak dünýäsi barada uly gyzyklanma döretdi. Dogry, bu zenanlar gül ömürlerini kül edipdirler diýenlerem tapyldy. Aýdylýan pikiriň esassyz däldigi düşnükli, ýöne şu pidanyň enelerimiz-mamalarymyz tarapyndan meýletinlik bilen edilendigi welin hakykatdyr. Bu biziň halkymyzyň özboluşlylygy, mental aýratynlygy. Biz şu zeýilli käbelerimiziň bolandygyna, bardygyna çyn ýürekden buýsanýarys we guwanýarys.

Islendik jemgyýetde onuň mentaliteti esasynda emele gelýän ahlak kadalary sagdyn jemgyýeti döretmegiň ygtybarly serişdesi bolup durýar. Ahlaklylygyň birnäçe derejeleri bolup, ol şahsyýetiň dünýägaraýşynyň özgermegine, onuň durmuş ýagdaýlaryna, jemgyýetçilik ahlak terbiýesiniň täsirine baglylykda üýtgäp bilýär.

Ýokary ahlakly adam her hili kyn şertlerde hem ejizlemän halal ýaşamaga çalyşýar, arassa gazanjynyň hasabyna eklenýär, şol ruhda hem çagalaryny terbiýeleýär, elmydama döwletiň kanunlarynyň öňünde şahsy jogapkärçiligini duýup, olara hormat goýup ýaşaýar hem-de kanunyň talaplaryny gyşarnyksyz berjaý edýär. Şu zeýilli ýokary ahlakly şahsyýetler köp bolanda jemgyýet sagdyn bolýar. Munuň özi şol bir wagtda döwletde hukuk we kanun bozulmalarynyň sanynyň azalmagyny hem aňladýar. Ahlak kadalaryny başyna täç edinýän adamlaryň durmuş ýörelgeleri ýaş nesliň talaba laýyk terbiýe

almagyna oňyn täsir edýär. Aýdylanlar agzybirlikden nyşandyr. Agzybir maşgalanyň, jemgyýetiň öňünde bolsa durup biljek kynçylyk ýokdur. Agzybirlik Ahlak kodeksiniň baş ýörelgesidir.

Ahlagy pes adamlaryň maşgalasyna, şol sanda jemgyýete ýetirýän zyýany bimöçberdir, ony häsiýetlendirip durmakda zerurlyk ýok bolsa gerek. Ahlak kadalaryny bozýan adam kanunyň kadalaryny hem sylap duranok. Şoňä görä-de, jemgyýetiň ahlak derejesi hiç bir halatda gözegçilikden düşürilmeli mesele däl. Türkmen jemgyýetinde şeýle hem edilýär. Jemgyýet kanuny bozýan ahlaksyz adamlary dogry ýola salmak üçin giden çykdajylary çekýär, dürli guramaçylyk çärelerini yzygiderli durmuşa geçirýär.

Türkmen jemgyýetinde maşgalada ata-ene, aga-ini, uýalar, garyndaşlar bilen ynjaşman ýaşamak, oba-şäherlerde goňşy-golamlaryň, dost-ýarlaryň, okuwda-işde ýaşytdaşlaryň, kärdeşleriň bilen agzybirligi saklamak iň ýokary ahlak sypatlarynyň biri diýlip ykrar edilýär. Köpçüligiň arasyna agzalalyk salýan adam, özgeler bilen jemgyýetde utgaşykly hem sazlaşykly ýaşap bilmeýän, bir öz bähbidini arap, jemgyýetiň bähbidine zelel ýetirýän, öz göwnüni görmegiň hatyrasyna özgeleriň yhlasyny yrýa edýän şahsyýet türkmen halkynyň ýekinde ýigrenýän adamy bolupdyr.

Jemgyýetde ahlak-hukuk kadalarynyň hökmürowanalygyny üpjün etmek möhüm wezipe bolup durýar. Her bir şahsyýetiň durmuşda ahlak we hukuk kadalaryna hormat goýmagyň we olary üýtgewsiz ýerine ýetirmegiň özüniň mukaddes borjudygyna düşünmegi zerur. Şeýle çemeleşme jemgyýetde baky asudalygyň we agzybirligiň kepilidir, islendik özgertmeleriň netijeli durmuşa geçirilmeginiň möhüm şertidir. Özi-de «borç» we «jogapkärçilik» diýen düşünjeleriň diňe bir kanunyň kadalaryna däl-de, eýsem ahlak kadalaryna hem mahsusdygyny bilmegimiz wajyp. «Borç we jogapkärçilik» kämil ahlagy emele getirmegi üpjün edýän serişdelerdir. Şoňa görä-de, terbiýeçilik işinde aýratyn üns merkezinde saklanylmaga mynasypdyr. Öňe sürülýän ahlak düşünjeleri şahsyýetiň jemgyýetdäki abraý-mertebesiniň, hormat-sylagynyň ölçegidir, has anygy onuň derejesine täsir edýän görkezijilerdir. Plany abraýly maşgaladandyr, olaryň aňyrsy nanyny halal tapýan kişilerdendir, bu oglan *(gyz)* adam çykýan ýerden bol-

maly. Bu sözleri hiç bir maddy ýa-da beýleki gymmatlyklar bilen deňeşdirmek ýa-da çalşyrmak mümkin däldir.

Döwlet ahlak we hukuk kadalarynyň her bir adam *(raýat)* tarapyndan doly we dogry bilinmegini gazanjak bolmaly. Bu ýagdaý her bir şahsyýetiň jemgyýetde özüni talaba laýyk alyp barmagyny, esasan hem ähli ahlak-hukuk borçlaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirmegini üpjün edýär. Şu zeýilli adamlar *(raýatlar)* elmydama jemgyýetiň ahlak we döwletiň hukuk kadalarynyň goragy astyndadyrlar. Netijede bolsa jemgyýetde agzalan kadalaryň hemmeler tarapyndan takyk we üýtgewsiz ýerine ýetirilmegi gazanylýar.

## 1.2. Ahlak we hukuk kadalarynyň arabaglanyşygy we sazlaşygy

Ahlak we hukuk kadalarynyň arabaglanyşygy örän wajyp jemgyýetçilik ähmiýetli mesele bolup durýar. Içgin çemelişilende halkyň ahlak garaýyşlaryny döwletiň Konstitusiýasyndan hem-de kanunlaryndan aýdyň görmek bolýar. Ata-babalarymyzyň ruhy siňen ahlak gymmatlyklary milli kanunçylygymyzy kämilleşdirmekde ygtybarly binýat bolup hyzmat edýär.

Türkmeniň nusgawy akyldar-şahyrlary Döwletmämmet Azadynyň hem-de Magtymguly Pyragynyň ahlaklylyga ýugrulan döwlet we hukuk barada miras goýup giden durmuşy-filosofik garaýyşlary we ýörelgeleri *(halkyň agzybir ýaşamagy, ýurtda berk tertip-düzgüniň bolmagy, il-günüň güzerany bilen bagly meseleleriň adalatly çözülmegi, ýurdy dolandyrmakda ynsanperwer syýasatyň goldanylmagy, ýurtda ýaşaýyş üçin zerur desgalaryň gurulmagy, ýagny zerur infrastrukturanyň döredilmegi, ýurduň Baştutanyna hormat goýulmagy, il-ýurt bähbitli meseleleriň maslahatlaşylyp çözülmegi we beýlekiler)* milli kanunçylygyň düýbüni tutmakda we ony dünýä standartlaryna laýyklykda ösdürmekde özüniň oňyn täsirini häzirem ýetirip gelýär.

Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde, esasan, ahlak we hukuk kadalaryna aýratyn orun we ähmiýet berilýär. Kitapçanyň şu ýerinde ahlak we hukuk kadalarynyň umumy tebigaty, özboluşlylygy

we olaryň sazlaşykly işlemekleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak barada meseleleriň üstünde durlup geçiljek.

## Hukuk bozulma ahlaksyzlykdan başlanýar

Ahlaksyz adam bilen Jenaýatçy *(hukuk bozujy)* ir döwürden goňşy, dost, dogan bolup ýaşanlar. Bu iki şahsyýetiň bozulmaz süýjüden şeker gatnaşyklary jemgyýete öz ýaramaz täsirini üznüksiz ýetirip gelipdir. Dostlaryň ekabyry, ýagny sözi rüstemi elmydama Jenaýatçy bolan. Ahlaksyz uly gardaşynyň sözünden aňsat çykyp bilmändir, häzir hem ol aga sarpasyny saklap gelýär. Jenaýatçy bu hormata ahlaksyzlyk derejesini alandan soňra ýetýär. Ahlaksyzlyk bilen jenaýatçylygyň arasy bir ädim. Jemgyýetçilik tarapyndan ahlaksyza öz wagtynda «saklan!» diýip ýetişilmese, ol, adatça, jenaýatça öwrülýär. Elbetde, ähli ahlaksyz hereket jenaýatyň buşlukçysy däl. Aýdalyň, söýgiňe ýa-da dostuňa biwepalyk etmegiň jenaýat ýa-da başga bir hukuk bozulmasy bilen bagly ýeri ýok. Bikanun hereket welin elmydama şol bir wagtda ahlaksyzlygy hem aňladýar. Şoňa görä-de, hukuk we kanun bozulmalary öz gözbaşyny ahlaksyzlykdan alyp gaýdýar diýip netije çykarsa bolýar.

Şeýlelikde, durmuşda ilki ahlak kadalary inkär edilip, soňra hukugyň kadalary bozulýar. Şonuň üçin hem häzirki döwürde ahlak kadalarynyň döwletiň hukuk kadalary bilen sazlaşykly hereket etmegine aýratyn üns berilýär. Ýokary ahlakly adam kanunlary bozmaýar, jenaýata ýa-da başga bir hukuk bozulmalaryna ýol bermeýär. Öz gezeginde kanunyň kadalarynyň döwlet edara düzümleri, esasan-da, hukuk goraýjy edaralary tarapyndan gyşarnyksyz berjaý edilmegi we onuň talaplarynyň ýoýulmazlygy kämil ahlagyň kemala gelmegine oňyn täsir edýär. Çünki şu şertlerde her bir şahsyýet kanunyň öňündäki jogapkärçiligiň gutulgysyzdygyna anyk göz ýetirip ýaşaýar, şoňa laýyklykda hem geljekde etmeli işlerini meýilleşdirýär.

Lukmanlaryň ýörgünli pähiminden gelip çykyşyna görä: «Keseli bejereniňden onuň öňüni alanyň kän ýeňil». Şonuň üçin hem jenaýatyň ýa-da başga bir hukuk bozulmanyň garşysyna göreş alyp barmak bilen bir wagtda ahlaksyzy tertibe çagyranyň, şeýdip täze

jenaýatçynyň ýa-da başga bir hukuk bozujynyň döremeginiň öňüni alanyň ýagşy. Şu çemeleşme jemgyýet üçin ähli babatda hem bähbitli, hem peýdalydyr. Ahlaksyz hereketleriň jemgyýetçilik tarapyndan ýazgarylmagynyň netijesinde ahlaksyz şahsyýetiň öz hereketleri barada pikirlenmegini gazanmak, şeýle hem beýleki adamlaryň ahlak kada bozulmalaryndan saklanmagy bu ugurda alnyp barylýan işleriň esasy üstünligi hasaplanylmalydyr.

## Talabyň görnüşleri

Jemgyýetde diňe kanunyň güýji bilen her bir şahsyýetiň jemgyýetçilik tarapyndan islenilýän çäkde, ölçegde we görnüşde özüni alyp barmagynyň nusgawy şekilini üpjün etmek mümkin däl. Çünki jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň diňe bir bölegi hukugyň kadalary bilen düzgünleşdirilýär, onsoňam kanunyň talaplary **mejburylyga** esaslanýar, ýagny hökmany ýerine ýetirilmäge degişli bolup durýar. Şahsyýetiň erk-islegine bu ýerde hiç zat bagly däl, sebäbi onda saýlamaga mümkinçilik ýok. Talap edilişi ýaly özüňi alyp baraýmaly, ýogsam-da şol hereketleri etmegi ýa-da etmezligi senden mejbury talap edýärler, galyberse-de kanunyň görkezmelerine meýletin boýun bolmanyň üçin seniň garşyňa temmi çäreleri hem ulanylýar. Hawa, jemgyýetde kanunyň hereket ediş aýratynlygy şundan ybarat, başgaça bolanda kanun işläp bilmeýär. Hukuk döräli bäri-de şu tejribe dowam edip gelýär. Şu şertlerde kanunyň kadalaryna hormat goýulmagyny we olaryň gyşarnyksyz berjaý edilmegini raýatlardan talap etmek we zerur wagyz işlerini geçirip durmak döwletiň hem jemgyýetiň örän wajyp wezipeleriniň biri bolmagynda galýar.

Bilşimiz ýaly, ahlak kadalarynyň durmuşda amal edilmegi hukuk kadalarynyňkydan tapawutlylykda mejburylyga däl-de, **meýletinlige** esaslanýar. Jemgyýet kämil ahlak derejesine ýeten ýagdaýynda, durmuşda hukugyň kadalary hem aglaba ýagdaýda meýletin ýerine ýetiriläýmeli. Ýokary ahlakly adam hukugyň kadalaryny bozmaýar, sebäbi bu nogsanlyk onuň ahlak tebigatyna gabat gelmeýär, ýagny kanunyň talaplaryny berjaý etmezlik şeýlekin şahsyýetiň adaty garaýyşlaryna, özüni alyp barşyna laýyk gelmeýär.

Dogry, jemgyýetçilik ahlagyny her bir şahsyýetiň özüçe kabul etmegi mümkin. Şol bir durmuş ýagdaýyny bir adam ahlakly, beýlekisi ahlaksyz hasaplap biler. Şu gapma-garşylygy aradan aýyrmakda köpüň pikiri nazara alynsa dogry hem adalatly bolýar. Jemgyýetçilik köpçüligi diňe bir şahsyýetiň adam gatnaşyklarynda özüni nähili alyp barmalydygyny bellemän, eýsem seniň hereketleriňe baha hem berýär, ahlak temmiňi hem ölçerip kesgitleýär.

Elbetde, ahlak kadalarynyň köpüň bähbidinden ugur alnyp ýazylmalydygy hemmä düşnükli hakykat. Şeýle-de bolsa ahlak kadalaryny berjaý etmekde hiç hili mejburylyga ýol berilmeli däldir. Islendik bir adamyň ol kadalary öz şahsy durmuşynda kabul etmezlige haky bardyr. Şu ýagdaýda «akymyň garşysyna» gidýän şahsyýet jemgyýetçilik tarapyndan ýazgarylyp bilner, ýöne ol babatda haýsydyr bir mejbur ediş çäreleriniň ulanylmagy welin gadagandyr. Başga pikirdäki adamlaryň akymyň ugruna gitmeklerini mejburylyk ulanmazdan gazanmaly. Şu ýerde her bir adamyň öz şahsy ahlak garaýşynyň bolup bilmegini inkär etmezden, bu meselede hiç bir çäksiz *(absolýut)* meýletinligiň bolup bilmejekdigine hem düşünmegimiz gerek.

## Döwlet talaplarynyň durmuşa geçirilişi

Döwlet jemgyýetiň guramasy bolup, halkara we milli hukugyň kadalaryna laýyklykda belli bir çäkde öz hökmürowanlygyny ýöredýär, ýagny fiziki *(raýatlar, daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar)* we ýuridik şahslar üçin hökmany ýerine ýetirilmeli talaplaryny bildirýär. Ol talaplar şahslara hukuk kadalarynyň üsti bilen ýetirilýär. Döwlet talaplaryny özünde jemleýän hukugyň kadalary birnäçe ynsanperwer hem-de demokratik häsiýetli ýörelgelere eýerýär. Herki jemgyýetde bolşy ýaly, hukuk kadalarynyň halkyň milli aýratynlyklaryna esaslanýan öz ahlak ýüzi bolýar. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe kanunyň ahlak sypatlary hökmünde şulary aýratyn nygtasa bolar:

– hemmeler üçin deňligi we erkinligi üpjün etmegi;

– hemmäni hukugyň talaplaryny bar zatdan ýokarda tutmaga, onuň kadalaryna hormat goýmaga we olary gyşarnyksyz berjaý etmäge ündemegi;

– jemgyýetde hemmäni agzybirlige, jebislige çagyrmagy;

– döwlet dolandyryşynda ynsanperwerligi we adalatlylygy ileri tutmagy;

– jemgyýetiň ähli ugurlardaky ösüşlerine oňyn täsir etmegi;

– döwletiň syýasy we ykdysady garaşsyzlygyny, bitaraplyk hukuk ýagdaýyny üpjün etmegi;

– daşary ýurt döwletleri bilen deňhukukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ýola goýulmagyny kepillendirmegi;

– daşary ýurt kanunçylygynyň öňdebaryjy tejribesini milli kanunçylyga ornaşdyrylmagyny üpjün etmegi we beýlekiler.

Bularyň hemmesi-de Arkadag Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir!» diýip öňe sürýän we özüniň içeri-daşary syýasatynda gyşarnyksyz goldanýan taglymatyna esaslanýar. Ýöne ýerden döwletiň Esasy Kanunynda «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr» diýip berkidilmeýär *(3-nji mad.)*.

Belli bolşy ýaly, islendik döwletde hem «döwlet dolandyryşy» hukuk kadalarynyň, ýagny kada-kanunlaryň kömegi bilen amala aşyrylýar. Başgaça çemeleşilende ol döwleti hukuk döwleti diýip atlandyryp bolmaz. Türkmenistanyň hukuk döwletidigi baradaky kada ýurduň Konstitusiýasynda berkidilen *(1-nji mad.)*. Hukuk döwletini häsiýetlendirýän esasy alamatlar şulardan ybarat: Konstitusiýanyň beýleki kanunlara garanyňda hukuk güýjüniň ýokary bolmagy; döwlet häkimiýetiniň şahalara bölünmegi; kazylaryň garaşsyzlygy; halkara hukugynyň kadalarynyň ileri tutulmagy we beýlekiler.

Döwleti dolandyrmagyň talaplary kanunlarda diňe bir berkidilmän, eýsem döwlet olaryň berjaý edilmeginiň kepili hem bolup çykyş edýär. Özi-de döwletiň talaplarynyň bozulmazlygy mejbury, ýagny belli bir jeza çärelerini, temmileri ýa-da raýat jogapkärçiliginiň dürli görnüşlerini ulanmak bilen üpjün edilýär. Başgaça aýdylanda, döwlet talaplarynyň bozulmazlygy ýurduň kanunçylygynda administratiw,

düzgün-nyzam, raýat we jenaýat jogapkärçilik çäreleriniň göz öňünde tutulmagy bilen üpjün edilýär.

Aýratyn bir bellemeli zat hem eziz Diýarymyzda hukuk döwletini berkarar etmek hiç bir gaýry döwletiň konstitusion döwlet-jemgyýetçilik gurluşynyň ösüş ýoluny gaýtalamazdan alnyp barylýar. Beýle diýildigi hukuk döwletini gurmakda türkmeniň öz milli nusgasynyň bardygyndan habar berýär. Arkadag Prezidentimiziň öňdengörüjilikli we parasatly baştutanlygynda ýurtda hukuk döwletini berkarar etmek işi ewolýusion ýol bilen ynamly alnyp barylýar hem-de bu ugurda ýetilen sepgitleriň netijeleri durmuşa mäkäm ornaşdyrylýar. Muňa biz ýurduň Esasy Kanunyny kämilleşdirmek işiniň amala aşyrylmagynyň mysalynda hem doly göz ýetirip bilýäris. Milli Liderimiziň başlangyjy bilen konstitusion özgertmeler zerurlygyna görä tapgyrma-tapgyr amal edilýär. Jemläp aýdanymyzda Gahryman Arkadagymyzyň hukuk syýasatynyň maksady döwletiň kanunlaryny halkara ölçeglerine laýyklykda, şol bir wagtda hem milli aýratynlyklarymyzy saklap galmak bilen iň kämil derejä çykarmak bolup durýar.

## Jemgyýetçilik talaplarynyň durmuşa geçirilişi

Jemgyýetçilik talaplary, esasan, ahlak kadalarynyň kömegi bilen durmuşa geçirilýär. Maşgalada, okuwda, işde, jemgyýetçilik ýerlerinde, märekelerde döreýän ähli şahsy gatnaşyklarda özüňi alyp barmagyň tertibi, ondan gelip çykýan talaplar, hukukdyr borçlar ahlak kadalary bilen kesgitlenilýär. Şeýlelikde, jemgyýetçilik dolandyryşynyň agramly bölegi ahlak kadalarynyň paýyna düşýär. Megerem, onuň örüsi hukuk gatnaşyklarynyňkydan hem giň bolmaly.

Ahlak kadalarynyň gurluşy hem edil hukuk kadalarynda bolşy ýaly gipotezadan, dispozisiýadan we sanksiýadan ybarat. Belli bir ýagdaý-waka ýüze çykanda *(gipoteza)* şahsyýet özüni şeýle alyp barmaly, aýdalyň, awtobusda özüňden ululara ýer bermeli ýa-da käbir hereketlerden saklanmaly, mysal üçin, gybat etmekden *(dispozisiýa)*, ýogsam ahlak çäreleri ulanylýar *(sanksiýa)*. Ahlaksyz hereketler üçin

sanksiýalar *(oňlamazlyk, ýazgarmak, garşy çykmak, utandyrmak, tertibe çagyrmak, duýduryş bermek, düzelmek üçin möhlet bellemek we ş.m.)* toplumlaýyn häsiýetli hem ýüze çykyp biler, ýagny belli bir anyk ahlak etmişi üçin olaryň birnäçe görnüşiniň ulanylmagy mümkindir. Mysal üçin, ýazgarmak we düzelmek üçin möhlet bellemek ýa-da utandyrmak we duýduryş bermek.

Ahlak jogapkärçiligi ahlak kadalary meýletin ýerine ýetirilmedik halatynda döreýär. Ahlak etmişlerimiz üçin ahlak jogapkärçiliginiň ýüze çykmagy bilen ýazykly şahsyýet we onuň maşgala agzalary jemgyýetiň öňünde abraýdan düşýär, hormat-sylagdan galýar. Şeýle adamlar oňaýsyz halda jemgyýetçilikden çetleşdirilip-de bilner. Şu ýagdaýa düşmezlik ýa-da ondan abraýly baş alyp çykmak üçin her bir şahsyýet öz ahlak jogapkärçiligi barada çynlakaý oýlanmalydyr we öz ahlaksyz hereketlerinden saplanmak üçin üznüksiz göreşmelidir.

Jemgyýetde şu filosofiýa uýulmagynyň özi kämil ahlakly şahsyýetleriň sanynyň artmagyna getiräýmeli. Jemgyýetçilik islendik ahlaksyz hereket üçin jogapkärçiligiň gutulgysyzdygyny, ýagny ahlaksyz etmiş, ýaman gylyk-häsiýetli hereket üçin jemgyýetiň öňünde ahlak jogapkärçiliginiň hökmany ýagdaýda ýüze çykýandygyny her bir şahsyň aňyna ýetirjek bolmaly. Bu ugurda ýörite düzülen meýilnamalara laýyklykda maksada okgunly işler alnyp barylmaly. Ahlaksyz hereketleriň garşysyna jemgyýetçilikde parhly garaýşy oýarmak agzalan işiň oňyn netijesi hökmünde garalmalydyr.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe jemgyýetiň ahlak ýörelgeleri hökmünde, esasan, şulary agzap geçmek bolar:

– Watanyňa, iliňe-günüňe, dost-ýaryňa wepaly bolmak;

– içeri-daşary syýasatda ynsanperwerlige esaslanmak;

– ähli adamlara gyradeň garamak;

– herki çözgüdiňde adalatly bolmak;

– birek-birege hormat-sylag goýmak, mätäçlere ýardam bermek, ilkinji nobatda hem çagalara we ýaşulular;

– ähli meselede köpüň bähbidinden ugur almak;

– zenan maşgalanyň mertebesini ýokary saklamak we ony mynasyp halda goramak;

– geçirimli bolmak, her bir çylşyrymly meselede ylalaşyk gözlemek.

## Jemgyýet we döwlet talaplarynyň sazlaşygy

Hukuk kadalarynda berkidilen döwlet talaplarynyň ýerine ýetirilmändigi sebäpli, mejbury çäreleriň ulanylyşynyň tertibi kanunlarda aýdyň açylyp görkezilýär. Ahlak çäreleriniň görnüşleri welin häzirki wagtda tejribede anyk kesgitlenilmedik we ony ulanmagyň mehanizmi hem doly işlenip düzülmedik. Bu örän wajyp mesele, özi-de giňişleýin derňelmegini hem-de delillendirilmegini talap edýär.

Ahlak çäresini ulanmak guramaçylykly we guramaçylyksyz tertipde geçirilip bilner. Märekäniň ýygnanan ýerlerinde *(toýda, ýasda, awtobusda we ş.m.)* şahsyýete ahlak temmisiniň berilmegi, onuň guramaçylyksyz tertipde ulanylmagynyň mysalydyr. Ahlak çäresiniň guramaçylykly ulanylmagynyň mysaly hökmünde ahlak etmişliniň işleýän, okaýan, ýaşaýan ýerinde ýörite ýygnanyşygyň geçirilmegi esasynda oňa temmi çäresiniň berilmegini görkezse bolar.

Ahlak etmişleriň üçin jemgyýetçilik tarapyndan hiç hili çäre görülmese, adamda isläniňi edibermeli diýen pikir döreýär, onuň jogapkärçilik duýgusy ýitýär. Ahlak bozulmalarynyň jemgyýetde ýaýramagynyň esasy sebäpleriniň biri hem biziň töweregimizde bolup geçýän zatlara parhsyz garaýşymyz bolup durýar. Bu ýagdaý ahlak kadalaryny bozýan şahsyýeti geljekde hukuk ýa-da kanun bozulmalaryna-da iterip bilýär. Şonuň üçin hem jemgyýetçilik her bir şahsyýetiň kämil ahlak derejesine çykmagy ugrunda göreşmelidir.

Diňe kämil ahlakly jemgyýetde kämil kanunlar döräp bilýär, olara çynlakaý hormat goýulýar we onuň talaplary gyşarnyksyz berjaý edilýär. Şu filosofiýadan ugur alyp, türkmen jemgyýetiniň kämil ahlak keşbini kemala getirmegiň meseleleri barada has içgin hem-de şahsy jogapkärçiligimizi duýup oýlanmagymyz möhüm bolup durýar.

Şol bir wagtda ýokary hilli kanunlaryň öz gezeginde ahlak kadalarynyň kämilleşmegine ýetirýän täsiriniň uludygyny hem belläp geçmegimiz gerek. Türkmenistanyň milli hukuk ulgamy jemgyýetiň ahlak binýadynyň barha berkemeginiň möhüm esasy hökmünde çykyş edýär. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda jemgyýet, döwlet we adam utgaşykly hyzmatdaşlykda bolmak bilen türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda sünnälenip gelnen ahlak gymmatlyklarynyň has hem kämilleşmegi ugrunda hereket edýärler. Şunlukda ahlak kadalary has-da çuň many-mazmuna eýe bolýar we döwrebaplaşýar.

Kämil jemgyýeti we ygtybarly döwleti berkarar etmek köp derejede ahlak we hukuk kadalarynyň sazlaşygy gazanylanda mümkindir. Hakyky bagtyýar durmuş diňe şu şert bolanlygynda ýüze çykyp bilýär. Döwletiň öňünde duran wezipeler raýatlaryň kämil ahlak kadalarynyň goldanmadyk ýagdaýynda durmuşa kynlyk bilen geçýär. Edil şonuň ýaly-da jemgyýetiň öňünde duran wezipelere döwletiň hukuk kadalary doly güýjünde işlemese ýa-da kämil bolmasa ýetip bolmaýar.

Döwletiň we jemgyýetiň öňünde duran uly maksatlara ýetmek üçin ahlak we hukuk kadalarynyň sazlaşygynyň gazanylmagy zerurdyr. Şu sazlaşyk kämil jemgyýeti we döwleti emele getirmegiň serişdesi hem-de şol bir wagtda kepili bolup durýar.

**Ýurtda döwlet-jemgyýet talaplarynyň sazlaşygy emele gelende:**

– syýasy, ykdysady, medeni we beýleki ähli ugurlarda dowamly hem-de durnukly ösüşler gazanylmaly;

– döwlet, jemgyýetçilik we şahsy bähbitleriniň sazlaşygy üpjün edilmeli;

– şahsyýetiň döwletiň we jemgyýetiň öňündäki jogapkärçilik duýgulary güýçlenmeli;

– tertip-düzgüni üpjün etmeklige bolan garaýyş has-da berkemeli;

– adamlaryň birek-birege bolan hormat-sylagy artmaly;

– jemgyýet has-da agzybir hem jebis görnüşe eýe bolmaly we başgalar.

Netijede, jemgyýetde kämil ahlakly adamlar köpelip, hemmeler tarapyndan diýen ýaly döwletiň kanunlary gyşarnyksyz berjaý edilmeli, bagtyýar zamanamyzda asuda we abadan durmuş gaýnap joşmaly. Türkmenistan ýaly ahlak we hukuk kadalarynyň sazlaşygyna üns berilýän ýurtda ygtybarly döwlet we kämil jemgyýet berkarar bolýar.

## Öz-özüňe berk talap bildirmek

Kämil kanunlary kabul edeniň ýa-da kämil ahlak kadalaryny emele getireniň bilen, olary berjaý etmekligi irginsiz ündemeseň, talap etmeseň hiç bir kada-da netijeli işlemeýär, döwlete we jemgyýete isledigiňçe peýda getirmeýär.

Herki işde yhlas görkezmän, janyňa döz gelmän üstünlige ýetilmeýär. At näçe ýüwrük bolsa-da, çapyşykda has anygy atlar göni ýola düşenlerinde gamçy ulanman bolmaýar. Ýeňşe azapsyz, çapyp barýan atyňa zor salman ýetip bolmaýar. Adamyň durmuşynda hem edil şunuň ýaly. Der dökmän, çaý-naharyňy sowatman, ukusyz gijeleri geçirmän maksadyňa ýetip bolmaýar. Adam her bir işde özüne berkden-berk talap bildirmäni başarmaly, şu ýagdaýy endigine öwürjek bolmaly.

Munuň üçin adam öz ýaramaz endiklerinden *(ýaltalyk, parhsyzlyk, aňsat eklenje kowalaşmak we ş.m.)* saplanmaly, ýeňil-ýelpaý durmuşyň soňsuzlygyna düşünmeli. Maksadyňa ýetmek üçin kyn-da bolsa dogry ýoly, ýagny ahlagyň we kanunyň talaplaryna doly gabat gelýän ugry saýlap almaly.

Şeýlekin gujur-gaýratly, talapkär şahsyýeti kemala getirmek üçin, jemgyýetde dürli derejelerde ahlak terbiýesi döwrebap guralan bolmaly, meýilnamalaýyn esasda üznüksiz amala aşyrylmaly. Mysal üçin, türkmenlerde ir döwürlerden bäri maşgalada maşgalabaşy tarapyndan öwüt-ündew işleri geçirilip durlupdyr. «Men saňa öňem elli-ki sapar aýdypdym, ýene-de gaýtalaýaryn» – diýip, ata-babalarymyz oglan-uşaklaryny terbiýeläpdirler. Ýylyň dowamynda elli iki hepde bolup, şolaryň bir gününde maşgala agzalaryna edep öwredilýän eken. Türkmençilikde muňa hökmany berjaý edilmeli kada hökmünde garalypdyr. Şu oňyn tejribe häzirki günlerde hem döwrebap öz-

gerdilen görnüşlerde dowam etdirilmäge hem-de wagyz edilmäge mynasypdyr.

Görşümiz ýaly, kanunlarda berkidilýän kadalar jemgyýetiň ahlak kadalaryna esaslanyp düzülýär. Kada-kanunlar halkyň ahlagyna gabat gelende olar has-da netijeli işleýär, jemgyýetiň ösüşine oňyn täsir edýär. Kanunlar-da öz gezeginde ahlak kadalarynyň jemgyýetde çuňňur ornaşmagyna we kämilleşmegine zerur hukuk şertlerini döredýär. Şu aýrylmaz arabaglanyşyk we bitewilik ahlak hem hukuk kadalarynyň sazlaşygyny üpjün edýär. Häzirki döwürde ahlak we hukuk kadalarynyň sazlaşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak köp derejede ahlak kadalarynyň bir ýere jemlenilmegine, ulgamlaşdyrylmagyna, anyk we giňişleýin görnüşde beýan edilmegine hem-de resmileşdirilmegine bagly bolup durýar. Şu sazlaşygyň dereje ölçegininiň görkezijisi, ýurtda yzygiderli amala aşyrylýan köpugurly özgertmeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegine ähli babatda oňyn täsir etjek ygtybarly görkezijidir.

# II bap. «DÖWLET GUŞY» ROMANYNDA AHLAK KADALARY

## 2.1. Romanyň ahlak ähmiýeti

Hormatly Prezidentimiziň ylham çeşmesinden türkmen jemgyýetiniň dürli ugurlaryna bagyşlanan birnäçe ylmy-tejribe mazmunly eserler döredi. Arkadag Prezidentimiziň döredijiliginde «Döwlet guşy» romanyna aýratyn orun berilýär. Munuň özi ilki bilen eseriň ahlak-terbiýeçilik täsiriniň bimöçberligi bilen düşündirilýär.

Mähriban Prezidentimiziň «Döwlet guşy» atly romany türkmen halky tarapyndan örän gyzgyn garşylandy. Romanyň edebi, taryhy, filosofik we başga-da özüne çekiji ähmiýetli taraplary kän. Onuň esasy aýratynlygy hem türkmeniň ahlak dünýäsine bagyşlanan çuň manyly filosofik eser bolup durýanlygynda. Gahryman Arkadagymyz öz mähriban kyblasy bolan Mälikguly aganyň we onuň kyblasy Berdimuhamet aganyň, şeýle hem olaryň birnäçe obadaşlarynyň keşpleriniň üsti bilen türkmen halkynyň gadymyýetden gözbaşyny alyp gaýdýan özboluşly milli ahlak keşbini ýokary professional derejede ussatlyk bilen häsiýetlendirýär. Romanda uruş ýyllarynda ata-ene we perzendiň, ýaş hem ýaşuly nesliň, obadaşlaryň özara ahlak gatnaşyklary diýseň täsirli beýan edilýär.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýaşlaryň kämil ahlak keşbini kemala getirmekde bu eseriň goşjak goşandy hakykatdan hem ölçegsizdir. Ýaş Mälikgulynyň başdan geçiren kynçylykly döwründe onuň her bir işde Berdimuhamet agany ahlak-edep nusgasy edinendigini, oňa öýkünendigini, buýsanandygyny, guwanandygyny eseriň baş gahrymanynyň her bir hereketinden synlamak mümkin. Elbetde, milli Liderimiziň özüniň ýokary adamkärçilikli sypatlarynyň kemala gelmeginde onuň atasynyň we kakasynyň güýçli täsiriniň bolandygyny eseri okap, aýdyň duýup hem görüp bolýar.

Roman bilen içgin gyzyklanmak bilen biziň baş wezipämiz döwletimiziň ösüşiniň şu tapgyrynda milli aýratynlyklarymyza daýanyp, türkmen halkynyň özboluşlylygyny görkezip, ýaşlarymyzyň kämil ahlakly adamlar bolup ýetişmegi ugrunda jemgyýetiň öňünde durýan terbiýeçilik wezipelerini kesgitlemek bolup durýar. Ahlak terbiýesi çylşyrymly, köpugurly mesele bolmagynda galýar. Häzirki döwürde ahlak meselesi milli öwüşginde inçeden yzarlanmagyny hem wagyz edilmegini talap edýär.

Bilşimiz ýaly, roman türkmeniň taryhynyň dartgynly ýyllaryny öz içine alýar. Eserde, esasan, halkymyzyň zähmet meýdanynda görkezen gahrymançylyklary diýseň dogruçyl we adalatly beýan edilýär. Şu babyň ikinji bölüminde ahlak kadalarynyň many-mazmuny açylyp görkezilende, romandaky anyk durmuş wakalar aýdylanlary tassyklaýan ygtybarly subutnamalar hökmünde getirilýär.

«Hemme zat ýeňiş üçin!» diýlip ýaşalan şol ýyllarda halkymyzyň döz gelen kynçylyklaryny doly göz öňüne getirmek-de, olary hemmetaraplaýyn beýan etmek-de juda çetin mesele bolmaly. Adamyň kadaly durmuşy üçin adaty zerurlyklaryň ähli babatda diýen ýaly çäklendirilen şertlerinde türkmen halky hakyky şükranalygyny görkezip, uruş ýyllarynyň kynçylyklaryny ýeňip geçip, sabyr bilenem ýeňişden soňraky şatlykly günlere garaşyp, ahyrynda hem arzuwlan ýeňşine ýetýär. Şu pursatlar romanda döwlet Baştutanymyz tarapyndan diýseň ynandyryjy we täsirli suratlandyrylýar.

Uruş ýyllarynda halkyň ahlagy örän kämil derejede bolan bolmaly. Başgaça bolanda şol döwrüň kynçylyklaryna döz gelmek mümkin däl bolsa gerek. Uruş ýyllarynyň adamlarynyň watançylyk duýgusy, zähmetsöýerligi, çydamlylygy, iň esasanam ýeňşe bolan ynamy biziň günlerimizde ýaşlar tarapyndan ahlak kämilliginiň nusgasy hökmünde kabul edilmäge mynasypdyr. Romanda Mähriban Arkadagymyz öz baş gahrymanlarynyň keşpleriniň üsti bilen halkymyzyň adyl we ynsanperwer häsiýetli ahlak sypatlaryny aýdyň görnüşde beýan edip bilipdir. Romany okap, şol döwrüň adamlarynyň ahlagyna guwanmazlyk we buýsanmazlyk mümkin däl.

Süri agsaksyz bolmaz diýenleri. Romanda ahlagy pes ýa-da doly kämil bolmadyk adamlaryň keşpleri hem duş gelýär. Milli Liderimiz ýokary professional ussatlyk bilen okyjyda ahlagy pes adamlara ýigrenç döreder derejede olaryň keşplerini häsiýetlendirmäni başarypdyr.

Romandan görnüşi ýaly, Berdimuhamet Annaýew öz halkynyň taryhy bilen içgin gyzyklanýan adam hökmünde türkmeniň geçmişinden söz açýan birnäçe gymmatly kitaplary öz «kitaphanasynda» – iki sany sandygynda saklapdyr. Berdimuhamet aga bu taryhy çeşmeleri okap, olarda gozgalýan meseleler babatda öz garaýyşlaryny umumylaşdyryp, depderlerinde ýazmaça görnüşde beýan edýän eken. Şunda ol türkmeniň ahlak häsiýetlerini sypatlandyrmaga aýratyn ähmiýet beripdir. Ýaş Mälikguly bu täsin kitaplary, şeýle hem kakasynyň ýazmaça oýlanmalaryny, şol sanda onuň öz abraýly neberesi barada ýatlamalaryny ürç edip okamany gowy görüpdir, özi-de kitaplary we ýazgy ýatlamalaryny agşamlaryna maşgala bolup okamak endikleri bolupdyr. Bu maglumatlar maşgalanyň gözel ahlagynyň has-da nurlanmagyna, türkmençiligiň bekemegine hem kämilleşmegine özüniň oňyn täsirini ýetirendir diýip ynamly aýtmak bolar.

Elbetde, romanda ahlak meselesi giňişleýin hem çuňňur beýan edilýär, ony bir gollanmanyň çäginde doly we hemmetaraplaýyn açyp görkezmek mümkin däl. Romanda türkmen halkynyň şu gollanmada agzalmadyk başga-da birnäçe ahlak sypatlary diýseň kämil derejede işlenilen.

Umuman, ahlak kadalary jemgyýetçilik gatnaşyklarynda köpugurlylygy bilen häsiýetlendirilýär:

Çagalyk we mekdep ýyllarynyň ahlak kadalary;

Maşgala gatnaşyklarynyň ahlak kadalary;

Zähmet gatnaşyklarynyň ahlak kadalary;

Döwlet bilen raýatyň arasyndaky gatnaşyklaryň ahlak kadalary;

Jemgyýetçilik ýerlerinde özüňi alyp barmagyň ahlak kadalary;

Goňşy gatnaşyklarynyň ahlak kadalary;

Dostluk gatnaşyklarynyň ahlak kadalary;

Toý-ýas gatnaşyklarynyň ahlak kadalary;

Myhman kabul etmegiň ahlak kadalary;

Janly we jansyz tebigat bilen gatnaşyk saklamagyň ahlak kadalary.

Bulardan başga-da jemgyýetde umumy häsiýetli ahlak kadalary hem hereket edýär *(agzybirlik, pespällik, erklilik, dogruçyllyk, sözüň eýesi bolmaklyk we ş.m.)*. Şu babyň ikinji bölüminde ahlak kadalarynyň käbir aýratyn wajyplarynyň, esasan-da, umumy häsiýetlileriniň üstünde gysgajyk durlup geçilýär. Geljekde olar belli bir logiki yzygiderlikde beýan edilip, ahlak kadalarynyň bir bitewi ulgamy emele getiriler diýip umyt edýäris.

Ahlak kadalarynyň tapawutly aýratynlygy olaryň özara arabaglanyşykda bolmaklarydyr. Durmuşda ahlak kadalary biri-birinden gelip çykýar ýa-da biri beýlekisiniň üstüni doldurýar. Olaryň hemmesi bilelikde jemgyýetde ösüşi, sazlaşygy, bagtyýarlygy üpjün etmäge ýardam berýän kuwwatly güýç bolup durýar.

Ahlak gymmatlyklarymyzy halkymyzy bagtyýar durmuşa alyp barýan ýolgörkeziji hökmünde içgin öwrenmegi hem-de olary gyşarnyksyz berjaý etmegi türkmen jemgyýetinde adaty ýagdaýa öwürmäge ymtylmalydyrys. Türkmen halky Arkadag Prezidentimize öz halkyna bagyş eden ahlak öwüt-ündewleri üçin çuňňur minnetdar bolmalydyr. Döwlet Baştutanymyzyň öz ahlak kitabynda öwüt-ündew edýän parasatly sargytlaryndan ugur alyp, ahlaksyz hereketlerden daşda durmaga çalşalyň, kämil ahlakly adam bolmak üçin çynlakaý göreşeliň!

Şu bölümi Gahryman Arkadagymyzyň nesil daragtyndan bolan Gök baýyň şu sözleri bilen jemlemek isleýäris: «Gowy ogla has gowy bolmagy üçin taýak gerek». Taýaga edil sözüň göni manysynda düşünmeli däl. «Taýak» türkmen ýaşlaryny dogry ýola salmagy, ugrukdyrmagy, habardar etmegi, oňaýsyz ýagdaýlaryň öňüni almagy we başga-da birgiden bela-beterden goramagy, başgaça aýdylanda, terbiýe bermegi aňladýar.

## 2.2. Umumy häsiýetli we käbir beýleki ahlak kadalary

### 1) Watanyň söýmek

Bilşimiz ýaly, ynsanda söýgi birnäçe görnüşde ýüze çykýar. Watana bolan söýgi megerem her bir ynsanyň ömründe onuň başyndan geçirýän iň mertebeli hem lezzetli duýgusy bolmaly. Watana söýgi ene hüwdüsi bilen çaganyň gursagyna guýulýar we ömrüniň dowamynda ol has-da bekeýär. «Ýaryndan aýrylan ýedi ýyl aglar, Watandan aýrylan ölinçä aglar» diýilýär. Zemin ýaşaýşynda ynsan üçin Watandan mährem we beýik ölçeg ýok bolmaly.

Mähriban Prezidentimiziň kämil ahlakdan gözbaşyny alyp gaýdýan romanynda onuň esasy gahrymanlarynyň üsti bilen eziz Diýarymyza bolan çäksiz söýgi wasp edilýär, onuň ganymlaryna nälet okalýar. Eseri okap çykan her bir adam Watanyň seniň üçin iň ezizleýän ynsanlaryňdan-da, il-günüňden-de belent gymmatlykdygyna, başyň täjidigine aýdyň göz ýetirip bilýär. Şu ýerde söýgüli şahyrymyz G. Ezizowyň şeýle setirleri bialaç ýadyňa düşýär: «Biz näm bolsak şo bolaly, bolsa bolýar eziz Watan!» *(Göwnüm)*.

Watan goragynda türkmen halky diňe bir jeň meýdanynda däl, eýsem zähmet meýdanynda hem uly gahrymançylyk görkezýär. Munuň şeýledigini Berdimuhamet aganyň öz şirin janyny aýaman uruşda görkezen gaýduwsyzlygy, ýaş Mälikgulynyň we onuň obadaşlarynyň front üçin tylda tutanýerli çeken zähmeti aňryýany bilen subut edýär. Eserde uruş ýyllarynyň kynçylyklaryna aslynda her bir şahsyň öz eziz Watanyny goramak mukaddes borjuny ýerine ýetirmegi sebäpli döz gelnendigi anyk mysallara salgylanmak bilen suratlandyrylýar. Roman türkmen ýaşlarynda şu döwürde watançylyk duýgusyny oýarmak we ony has-da berkitmek babatda bahasyna ýetip bolmajak terbiýeçilik ähmiýetine eýedir.

### 2) Parhsyzlyga ýol bermezlik

Aslynda parhsyzlyk haýwanlara mahsus häsiýet. Adam tebigaty boýunça öz töwereginde bolup geçýän zatlara parhsyz bolup bilmeýär, bolmaly hem däl. Şu meselede biziň hemmämiziň ahlaksyz

hereketleriň jemgyýet üçin kada öwrülmek howpunyň bardygyna aň ýetirmegimiz möhüm. Her bir şahsyýet gerek ýerinde ýazykla «edýäniň näme?!» diýmäni başarsa, şony öz ahlak borjy hasaplasa, onda jemgyýetde kämil ahlagyň höküm sürjegi, adalatyň we kanunyň dabaralanjagy şühbesizdir.

«Ol eşekde ýüküm ýok, ýykylsa, habarym ýok» diýen garaýyş ynsan parhsyzlygynyň döreden filosofiýasy bolmaly. Jemgyýetde ýaman göreldäni ýaýratmak üçin parhsyzlykdan täsirli we netijeli serişde ýok bolsa gerek. Parhsyzlyk bilen aýgytly göreşilmese, onda jemgyýetçilik ahlagy peselýär.

Oýlanyp görsek, biziň parhsyzlygymyzy häsiýetlendirýän hereketlerimiz kändir. Olaryň hemmesiniň bilelikde jemgyýete ýetirýän zyýanyny hasaplasak, onda köp zada göz ýetirmegimiz we durmuşa başgaça garamagymyz hem mümkindir. Parhsyzlygyň iru-giç yzyna aýlanyp gelip *(bumerang)*, şarpyk kimin seni awundyrjagy şübhesizdir.

Gahryman Arkadagymyzyň nusgawy ahlagy bilen nurlanan eserinde parhly garaýşyň hem-de adam parhsyzlygynyň anyk mysallary kän. Romanda maşgala maslahatynda Allamyrat aganyň agtyklaryna hossarlyk etmek barada gelnen netije Berdimuhamet aganyň maşgala agzalarynyň adam ykbalyna nä derejede parh goýýandyklarynyň kesgitli subutnamasy bolup durýar.

Mody başlyk romanda elmydama ýüzünden-gözünden gar ýagyp duran adam hökmünde häsiýetlendirilýär. Şeýle seretseň, ol hemmelere parhsyz bolaýmaly ýaly, ýöne onuň oba ilatynyň gün-güzerany üçin jogapkärçiligi Mody aganyň uruş ýyllarynyň kyn şertlerinde şeýlekin gazaply adama öwrülmegine sebäp bolýar.

Eserden belli bolşy ýaly, Allaberdi uzyn obada ýaltaň ýaltasy. Maşgalada, hojalygam onuň aýalynyň hasabyna ýöreýär. Onuň dünýe bilen parhsyzlygy çagalaryna berk sapak, ömürahyr pent bolýar, has anygy, olarda ýalta adamlara ýigrenç duýgusyny döredýär. Şu pursatdan görnüşi ýaly, parhsyzlygyň bir tarapdan töweregindäkilere terbiýeçilik ähmiýetiniň bardygyna hem göz ýetirse bolýar.

Raýon wekili Han Geldiýewiç eserde parhsyzlygyň görnetin nusgasy bolup çykyş edýär. Onuň oba adamlarynyň durmuşyna, hal-ýagdaýlaryna şeýlekin parhsyz garamaklygy, ula-kiçä hormat goýmazlygy okyjyda bu şahsyýete çäksiz gahar-gazap emele getirýär. Eseriň ynsan parhsyzlygyny türkmen ýaşlarynyň aňyndan aýyrmakda terbiýeçilik täsiriniň uly boljakdygy jedelsiz kabul edilmeli hakykatdyr.

## 3) Pespäl bolmak

Megerem ynsana mahsus iň oňat gylyk-häsiýetler pespäl adamlarda jemlenen bolmaly. Päli pes adam herki işine yhlasly ýapyşýar, her bir işde özüni jogapkärli, parasatly hem adalatly alyp barýar. Islendik etjek işini «Ýedi ölçäp, bir kesýär», elmydama diýen ýaly il-günüň aladasy bilen gezýär. Şonuň üçin hem päli pes adam jemgyýetde elmydama ýokary hormatdan hem sylagdan peýdalanýar, özi-de durmuşda uly üstünliklere we derejelere ýetip bilýär.

Edil agajyň ir-iýmişiniň köp boldugyça şahalarynyň aşak bolşy ýaly, şahsyýetiň intelektual görkezijileri ýokary boldugyça, ol jemgyýetçilik gatnaşyklarynda özüni şonça-da pespäl alyp barýar. Pespällik beýiklikden, danalykdan, rowaçlykdan nyşandyr. Pespällik wezipede oturan adamlara aýratyn mahsus bolmalydyr. Çünki, ýolbaşçylar wezipe ygtyýarlyklarynyň çäklerinde birgiden adamlaryň ykballaryna görnetin täsir edip bilýärler. Herki ýolbaşçynyň turuwbaşdan wezipäň wagtlaýyn zatdygyna düşünmegi we şondan ugur alyp adam gatnaşyklaryny guramagy möhümdir.

Päli pes adam hiç bir işe onuň ähli inçe taraplaryny bilýän we düşünýän adam hökmünde girişmeýär. Özüňe aşa baha bermek bilen mesele çözülende şahsyýetiň hüşgärligi we seresaplylygy «uklaýar», gözleri garaňkyda kimin hiç zat görmeýär. Bu häsiýetler ulumsy adamlara mahsusdyr. Olar öz hünär derejelerini yzygiderli ýokarlandyrmak barada alada etmeýärler. Şu zeýilli adamlarda bilime-ylma ymtylyş hem juda çäkli bolýar. Elbetde, şeýle çemeleşmäniň netijesinde durmuşda hem önümçilikde gödek ýalňyşlyklara ýol berilýär, nädogry netijelere gelinýär. Pespäl adam bolsa islendik işe «Ýönekeý

iş ýok, her bir işiň özüne ýeterlik syrly taraplary bar, ýöne olary «äýnekli» görüp bolýar» diýip girişýär.

Men-men diýip döşüne kakýan kişiniň durmuş ýolunda üýtgeşik gazanýan üstünligi, jemgyýetde bolsa üýşüp ýatan abraý-mertebesi ýokdur. Onuň tötänden ýetýän derejeleri hem gysga wagtlykdyr, ýagny soňsuzdyr. Ulumsy hem tekepbir adamyň durmuşda bar aladasy bir özi bolýar, jemgyýete hem peýdasy ýetmeýär diýen ýaly. Çünki ol şahsy bähbitlerini elmydama jemgyýetçiligiňkiden ýokarda goýýar. Şu zeýilli adamlar köpbilmişlige ýol berýärler, eden işlerini hem göwünli-göwünsiz edýärler, adatça, özlerini medeniýetsiz alyp barýarlar, edepleri-de pes bolýar.

Arkadag Prezidentimiziň jöwher paýhasyndan dörän bu gymmatly romanyň şol bir wagtda pespäl hem ulumsy şahsyýetleriň keşplerini özünde jemlemek bilen, pespällik babatda türkmen ýaşlaryna ýetirýän terbiýeçilik täsiri bimöçberdir. Elbetde, eserde pespäl adamlar agdyklyk edýär. Olar köp bolmanda Watan goragynda hem-de zähmet meýdanynda üstünlik gazanyp bolmazdy.

Romandaky päli pes adamlar barada söz açylanda, ilki bilen ýaş Mälikgulynyň şahsyýetine ýüzlenesiň gelýär. Ol kiçem bolsa, sagdyn durmuş filosofiýasyna doly we dogry göz ýetiren ýetginjek bolupdyr. Iň bärkisi kakam mekdep direktory diýip, hiç bir meselede beýlekilerden özüni ýokary tutjak bolmandyr, tersine deň-duşlaryndan has yhlasly okapdyr, kolhoz meýdanlarynda bolsa artyk zähmet çekipdir.

Kolhoz başlygy Mody aga romanda Berdimuhamet aganyň adamkärçiligi barada öz ýatlamalarynda şeýle diýýär: «Berdimuhamet keremaralyk bilen obamyzyň adamlaryny özüne, bilime, edebiýata kökerdi goýaýdy». Hakykatdan hem Berdimuhamet Annaýew ilkinji nobatda özüniň pespäl häsiýeti bilen halkyň söýgüsini gazanmany başaran adam bolmaly. Onuň öz durmuşynda ýeten birgiden şahsy üstünlikleriniň açary hem şonda bolsa gerek.

Eserden görnüşi ýaly, Berkeli aganyň pespälliginiň ölçegi ýok bolarly, ol ähli adam bilen ýürekdeş hem dost. Ýaş Mälikgulam onuň ýokary adamkärçilikli sypatlaryna obadaşlarynyň içinde hiç taý tapyp bilmeýär.

Raýon wekili Han Geldiýewiçiň keşbi eserde Arkadag Prezidentimiz tarapyndan okyjyda çynlakaý ýazgarma duýgusyny emele getirer derejede ussatlyk bilen suratlandyrylýar. Ol gopbam, görip, bahyl, edepsiz, ulyny-kiçini sylamaýan, hereketleri ýasama hem namart adam bolan. Watan goragyna gitmejek bolup her hili sapalak atyp bilýän naýynsap.

## 4) Geçirimli bolmak

Geçirimlilik giň düşünje bolup, ol esasan ahlak gatnaşyklarynda ýüze çykýar. Bu ýagdaý türkmençilikde maşgala agzalarynyň, şeýle hem ýakyn garyndaşlaryň arasynda giňden ýaýrandyr. Aýdalyň, dogan bilen doganyň ýa-da gaýynene bilen gelniň arasynda döreýän käbir näsazlyklar bilen bagly özara geçirimlik edilmegi. Elbetde, geçirimlik etmek zähmet gatnaşyklarynda, şeýle-de jemgyýetçilik ýerlerinde hem duş gelip biler. Hukuk kadalaryny bozýanlar babatda geçirimlilik etmek, hukugyň dili bilen aýdylanda ýeňillikleriň berilmegi diňe kanunda bellenilen tertipde ýüze çykyp bilýär.

Kämil jemgyýetde adam gatnaşyklarynda özara geçirimlilik umumy häsiýetli alamat bolmaly. Haçanda beýik hytaý akyldary Konfusiden ömrüň dowamynda asuda we abadan durmuşy üpjün edip biljek güýji bir sözde aňlat diýenlerinde ol ýöne ýerden geçirimliligi agzan däldir. Elbetde, mundan-da başga düşünişmek, hasratly günleriňde bir-biriňe ýardam bermek, azaşany dogry ýola salmak, şeýle hem beýleki birnäçe ahlak kadalary agzybir jemgyýeti gurmagyň ygtybarly ýol-ýörelgeleri bolup durýar.

«Ýagşylyga ýagşylyk her kişiniň işidir, ýamanlyga ýagşylyk är kişiniň işidir» diýip, ata-babalarymyzdan gelýän çuň manyly pähim bar. Dogrudan hem eger-de ýamanlyga ýamanlyk bilen jogap berjek bolsaň, onda seniň şol etmişli bendeden tapawudyň nämede?! Mysal üçin, durmuşda ata-enesi garranyndan soň çagalarynyň: «Wagtynda biz barada ýeterlik derejede alada etmediler» diýip, olardan kanun esasynda ýüz öwürýän halatlaryna duş gelinýär. Türkmenistanyň Maşgala kodeksinde berkidilişine görä, «Eger ata-eneleriň öz ata-enelik borçlaryny ýerine ýetirmekden ýüz dönderendikleri kazyýet tara-

pyndan anyklanan bolsa, kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalar zähmete ukypsyz ata-enelerini ekläp-saklamak borçlaryndan boşadylyp bilner» *(152 mad., 5 böl.)*. Şeýle-de bolsa, ýokary ahlakly perzent ata-enesiniň kyn gününde özüni keseki adam ýaly alyp barmaly däldir. Şu hakykata anyk göz ýetirmegimiz gerek, her kim eden günäsi üçin täk özi jogap berýändir, ýagny geçinem, goýnam öz aýagyndan asýandyrlar. Ynsan adatdan daşary ýagdaýlar bolaýmasa, geçirimlilik etmäni başarmalydyr. Geçirimlilik beýiklikden, mähremlikden, danalykdan nyşandyr.

Döwlet Baştutanymyzyň ýokary ahlak häsiýetli romanynda Berdimuhamet aganyň öz şahsy ýatlamalarynda belläp geçişi ýaly, geçirimlilik türkmen halkyna ir döwürlerden bäri mahsus gylyk-häsiýet bolupdyr. Türkmenler hatda duşmany öýüne myhman bolup gaçyp gelen ýagdaýynda, onuň günäsini geçmäni başarypdyrlar. Başga bir nätanyş etmişli adam öýüne gaçyp gelende hem türkmenler ony kowgyçylaryň eline bermändirler. Türkmenler hiç bir döwürde hem ejize ganym bolmandyrlar, ony özlerine peslik hasaplapdyrlar. Berdimuhamet aganyň aýtmagyna görä, türkmenler şu ýagdaýlarda «Myhman atańdan uly» diýen pähime uýupdyrlar. Ýokarda beýan edilen halatlarda myhmana goýulýan hormat geçirimlilikden hem ynsanperwerlikden alamat bolup, türkmen myhmansöýerliginiň bir ýüze çykmasy hökmünde kabul edilýär. Türkmeniň gazanyna «myhman paýy» atylman nahar bişirilmeýändiginiň sebäbi-de şunda bolmaly. Berdimuhamet aganyň taryhy ýatlamalary türkmen ýaşlaryny geçirimli bolmaklyga çagyrýar. Geçirimlilik jemgyýeti agzybirlige we jebislige alyp barýan ygtybarly ýoldur.

## 5) Erkli bolmak

Sözüň doly manysynda erkli adam bolup ýetişmek durmuşda juda çylşyrymly mesele. Herki ynsanyň irili-ownukly kyn görýän, halamaýan, islemeýän zatlary bolýar *(irden turmak, eşikleriňi ütüklemek, öýüňi tämiz saklamak we ş.m.)*. Şeýle işleri ýerine ýetirmäge bu adamlaryň asla höwesi bolmaýar. Diýmek, aýdylan işleri seniň deregiňe biri etmeli bolýar. Şahsy kemçiliklerinden arany açmak isleýän her bir adam özünde erkliligi terbiýelemelidir. Başgaça aýdy-

landa, özüne zor salmany we özüni mejbur etmäni başarmalydyr. Bu işe näçe ir girişilse, şonça-da şahsyýetiň peýdasynadyr.

Erksizlik ahlak nukdaýnazaryndan ýazgarylmaga degişli. Jemgyýetde şahsy erksizligiň ýaýramagyna ýol berilmeli däl. Häzirki döwürde erksizligiň ahlak jogapkärçiligi has-da güýçlendirilmäge degişli. Jemgyýetçilik ýazgarmasy islendik şahsyýetiň öz hereketleri barada oýlanmagyna, dogry ýola düşmegine esas döredýär. Jemgyýetçiligiň täsiri netijesinde şahsyýetiň ahlak kadalaryna hormat goýup we olary üýtgewsiz berjaý edip başlamagy, onuň öz hereketlerine erk etmäge girişip ugramagynyň anyk subutnamasydyr.

Durmuşda şahsy erksizligiň oňlanylmaýan görnüşde ýüze çykmalarynyň mysallary kän: çilim çekmek, nas ulanmak, spirtli içgileri içmek we ş.m. Erksiz adam diňe bir özüne däl, eýsem maşgala agzalary hem-de jemgyýet üçin birgiden oňaýsyzlyklary döredýär. Mysal üçin, çilimkeşiň öz daş-töweregindäkileriň saglygyna ýetirýän zyýany barada hemmämiz bilýäris. Nas ulanmaklyk arassaçylygyň we şahsy gigiýenanyň talaplaryna garşy gelýär hem-de medeniýetsizligiň iň ýokary derejeleriniň biri hasaplanýar. Spirtli içgileri aşa içýän şahsyýetiň jemgyýete ýetirýän zyýany sanardan köp bolsa gerek, iň gynançly ýeri-de durmuşda serhoş haldaky adam dürli jenaýatlaryň sebäpkäri bolup bilýär.

Hormatly Prezidentimiziň halkyň söýgüsini gazanan romanyndan şahsy erkliligiň mysallaryny isledigiňçe tapyp bolýar. Eserdäki gahrymanlaryň ählisiniň keşpleri diýen ýaly türkmen ýaşlary üçin şahsy erkliligiň, gujur-gaýratlylygyň nusgasy bolup durýar. Romany okap çykan her bir adam ýaş Mälikgulynyň egsilmez erkine uly sarpa goýýan bolmaly. Ol ir «är» çykmaly bolýar, dürli durmuş kynçylyklarynda taplanýar, wagt geçdigiçe-de onuň bu häsiýeti has-da bekeýär. Güýçli erke ygtyýar etmezden ýaş Mälikgulynyň geçen ýoluny gaýtalap bolmazdy.

Eserden belli bolşy ýaly, Berkeli aganyň halypalyk etmeginde ýaş Mälikguly üç dosty bilen sürüm geçirmegiň ýeňil bolmadyk tärlerini öwrenýärler hem-de başda oglanlara boýun bolmajak bolan düýelere erk edip, sürüm işlerini göwnejaý ýola goýýarlar. Netijede, tiz wagtda dostlar daýhançylygyň inçe syrlaryny ele alýarlar.

Romanda kolhoz başlygy Mody aga kolhozçylaryň gowy işlemeklerini gazanmak üçin, ogluny birki gezek uly iliň içinde masgara edip gamçylaýar. Biçak erkli hem-de diňe il-ýurt bähbidinden ugur alýan adam halka göz edip, eziz balasyna döz gelip şeýle zalymlygy edip bilýän bolmaly. Hakykatynda welin Mody başlyk ganym bolan däl, döwür ganym bolan. Şonuň üçin hem ol ýolbaşçy hökmünde ýakynlaryna hem-de oba adamlaryna döwre görä öz berk talaplaryny bildiripdir. Başgaça çemeleşilende Watan goragyny üpjün etmek, halky horlukdan alyp çykmak mümkin däldi.

## 6) Kynçylyklara döz gelmek

Söýgüli şahyrymyz G. Ezizow:
– Kynçylyk ýok,
Ejizlik bar dünýäde. *(Seni söýdüm...)*

– diýip, örän ýerlikli belläp geçipdir. Kynçylygy ýeňip geçäýmek aňsat iş däl, ýöne kynçylyga uçran adamyň irginsiz nalany bilen hem onuň durmuşy gowulyga tarap özgerip baranok. Adam iň bir kyn gününde hem ruhdan düşmejek bolmaly. Her bir şahsyýetiň kynçylyga döz gelmegi we üstünlige ýetmegi diňe onuň özüne bagly. Kyn gündäki adam garaňky gijäniň ýagty güne ornuny berýändigini, gyş paslynyň yzyndan hökman kalbyňy heýjana getirýän baharyň gelýändigini unutmaly däl.

Kynçylyga düşen ejizlese, onuň perişan ýagdaýy has-da ýaramazlaşýar, durmuşy müdimilik gara buluda bürenýär. Şu ýagdaýdan bir çykalga, ol hem şükürana bolup, ýagşy zatlara umydyňy dikmekdir. Özi-de şu haldaky adam ýagtylyga çykmak, ýaz paslyna ýetmek üçin garaşmaly däl-de, göreşmeli. Çeper eserlerden we filmlerden belli bolşy ýaly, şahsyýetiň tutanýerliligi we bimöçber yhlasy netijesinde ertekiniň hakykata öwrülýän pursatlary kändir. Hatda lukmanlaryň nepi degmedik hassalaryň öz çäksiz ynanjy we gujur-gaýraty bilen agyr kesellerden saplanyp, dünýä täzeden gaýdyp gelip, mynasyp durmuşda ýaşaýandyklarynyň anyk mysallary ilçilikde duş gelýändir.

Diýmek, kynçylygyň çözgüdi ejizlikde, gaýgy-gussada, ahy-nalada, gözýaşda däl-de, eýsem seniň tutanýerliligiňde, ugurtapyjylygyňda, kynçylyga döz gelmegiňde, ýagny şüküriňde we sabryňda jemlenendir. Ynsan kynçylygyň garşysyna hökman göreşäýmeli, başgaça bolanda ýeňliş gutulgysyzdyr. Jemgyýet hem seniň ejizligiňi oňlamaz, adamlar senden daşlaşar, sen kyn gününde ýeke galarsyň, netijede bolsa durmuşyňy bimany ýaşarsyň.

Kynçylykda adam durmuşyň ajysyna-süýjüsine tiz göz ýetirýär, ir kämil çykýar, ýaşytdaşlaryna görä dünýägaraýşy giň bolýar, adamlar bilen has mährem gatnaşýar, onuň jogapkärçilik duýgusy hem saldamly gelýär. Şu garaýşyň dogrudygyna Gahryman Arkadagymyzyň ahlaga eýlenen romanyny okap, ýene-de bir ýola doly göz ýetirýärsiň. Megerem, Berkeli aganyň eserdäki keşbine kynçylylyklara döz gelmegiň aýratyn bir nusgasy hökmünde garap bolar. Ol ýetmiş ýaşyň içinde bolsa-da, öýünde iki maýyba seredýär, irdenden agşama çenli bir garny dok, bir garny aç ölerini-galaryny bilmän ýeňiş üçin zähmet çekýär. Berkeli aganyň, ýaş Mälikgulynyň we onuň deň-duşlarynyň zähmet meýdanynda görkezen gahrymançylyklary şu döwrüň ýaşlary üçin nusgalyk bolmalydyr. Halal-arassa zähmet adam durmuşynyň bezegidir, abraý-hormatynyň ölçegidir, rysgal-döwletiniň gözbaşydyr.

Her döwrüň özüne mahsus kynçylyklary bolýar. Kynçylyksyz bagtyýar durmuşa ýetilmeýär. Çünki adam arzuw-maksatsyz ýaşap bilmeýär, oňa ýetmek üçin bolsa ol hökman belli bir kynçylyklary ýeňip geçmeli bolýar. Maksat uly boldugyça, kynçylyklar hem şonçarak göwrümli bolýar. Aýdalyň, işiniň hakyky ussady hasaplanýan hünärmen çykmak üçin esli wagt çaý-naharyňy sowatmaly, gijäňi gündiz edip irginsiz zähmet çekmeli bolýar. Kynçylyklar her bir ynsanyň ýokary adamkärçilikli şahsyýet bolup ýetişmegine oňyn täsir edýär.

## 7) Sözüň eýesi bolmak

Türkmenler her döwürde hem ygrarly halk bolan. Ata-babalarymyz öz bähbitlerine göz-görtele ters gelýän-de bolsa, beren sözünden hiç bir ýagdaýda dänmän, aýdan sözüniň yzynda durar ekenler.

Sözüne jogap berýän adam dogruçyl, asylly, salykatly hem wepadar bolýar. Onuň bilen başlan işiň turuwbaşdan rowaç alýar, ahyry-da berekete, rysgal-döwlete ýazýar. Jemgyýetde sözüň eýesi bolmak abraý-mertebeden, sylag-hormatdan nyşandyr. Häzirki döwürde hem ygrarlylygyň jemgyýetçilik gatnaşyklarynda möhüm ähmiýeti bardyr.

Ygrarsyz adamy onuň ýakynlaram, jemgyýetem pisleýär. Her kim olary özünden daşda saklaýar, oňarsa iş salyşmaýar. Ähtine wepasyz adam ýalançy bolýar, iş bitirmegiň ýerine elmydama bahana gözleýär. Ýalançylyk häsiýetine geçen adamyň ady tutulanda yzyndan hökman «ýalançy» lakamy bilen aýdylýar. Ygrarsyz adamyň maşgalasynda terbiýelenýän çagalaryň geljekki ykbaly jemgyýetçilik üçin alada bolup durýar. Şonuň üçin hem jemgyýetde dogry sözlüligi wajyp ahlak kadalarynyň biri hökmünde çagalykdan terbiýelemäge aýratyn ähmiýet berilýär.

Mähriban Prezidentimiziň paýhas zehininden kemala gelen romanynda ygrarly adamyň häsiýetlerini ýaş Mälikgulynyň hereketlerinde çäksiz buýsanç bilen synlamak bolýar. Ýalan sözleýän adam onuň ýek ýigreneni bolupdyr. Ol ýalançy adam bilen ähli gatnaşyklaryny düýbünden kesýär eken. Dogry geplemek, ýalan sözlemezlik häsiýeti ýaş Mälikgulynyň mähriban kakasy Berdimuhamet agadan alan iň bir berk tutulýan pentleriniň biri bolupdyr. Munuň özi ýöne ýerden bolmaly däl, sebäbi musulman dünýäsinde ähtini ýuwdan adam Hakyň bendesiniň janyna kast edenden hem beter ýigrenilýär. Dogruçyllyk häsiýetiniň many-mazmunyna hem-de ähmiýetine türkmen ýaşlary romany okap, Gahryman Arkadagymyzyň kakasynyň hem atasynyň mysalynda doly we hemmetaraplaýyn düşünip bilerler.

## 8) Ýagşy umytda bolup ýaşamak

«Ýagşy niýet – ýarym döwlet» diýen pähimden ugur alynsa, ýagşy zatlary arzuw etmek rowaçlykdan hem bagtyýarlykdan nyşandyr. Ýokary ahlakly adam niýetini elmydama ýagşy zatlara gönükdirýär, başgaça aýdylanda pälini dogry tutup gezýär. Seniň azap çekip, der döküp ýetýän her bir ýagşy umyda alyp barýan üstünligiň şol bir wagtda jemgyýete-de peýda getirmelidir. Durmuşda diňe şeýle

ýol bilen şahsy we jemgyýetçilik bähbitleriniň sazlaşygy gazanylýar. Peýdaly işiň hökman niýetlenişi ýaly hasylam bolýar, ýagny hemmäni rysgal-döwlete, arzuwly durmuşa ýetirýär. Mysal üçin, kämil ahlakly çagalary terbiýeläp ýetişdiren ata-eneler perzentlerine diňe bir özleri däl, eýsem il bolup guwanýarlar. Bu çagalar maşgalasyna-da, jemgyýete-de diňe abraý-üstünlik getirýärler, özleri-de erkana durmuşyň hözirini görüp ýaşaýarlar.

Ýaman zatlary ýüregiňe düwmek göriplikden hem bahyllykdan nyşandyr. Bu häsiýetler ynsany adamkärçilikden aýyrýar. Jemgyýet şu zeýilli adamlara durky bilen garşy çykmalydyr. Şeýlekin adamlara «Niýetiňiz-päliňiz ýoldaşyňyz bolsun!» diýmek ýeterlik däldir. Olar ýazgarylmaga degişlidir. Bir çelek baly bir damja awynyň zäherläp bilşi ýaly, ýaramaz niýetli adam birnäçe adama bir pursatda zyýan ýetirip bilýär. Durmuşda päli ýamanlaň ýary-ýardan, dosty-dostdan jyda düşürýän, oňyn çözülen meseläni tersine öwürýän halatlary az däldir. Pis pälli adamlar jemgyýetde köp bolanda ol ýurtdan rysgal-bereket, rowaçlyk gidýär, il arasynda agzybirlik ýitýär. Şoňa görä-de, türkmen jemgyýetinde ýaşlykdan çagalara diňe ýagşy zatlary arzuw etmek ündelýär, oňa terbiýeçilik işiniň möhüm wezipeleriniň biri hökmünde garalýar.

Arkadag Prezidentimiziň nusgawy ahlak häsiýetli eserinden görnüşi ýaly, türkmen halky uruş ýyllarynyň iň bir ýowuz günlerinde hem ruhdan düşmän ýaşapdyr, kynçylyklary ýeňip geçmäni başarypdyr. Munuň şeýle bolandygyna romanda bolup geçýän wakalary yzarlap, aýdyň göz ýetirse bolýar. Berdimuhamet mugallymyň maşgalasynda hem-de onuň obadaşlarynda ýeňşe bolan ynam urşuň ilkinji gününden tä onuň ahyrky pursadyna çenli ýitmändir. Türkmen halky, şol sanda Harjagaz obasynyň ýaşaýjylary durmuşyň agyr synaglaryna mertlik bilen döz gelip, kyn hem bolsa her bir gününe şükür edip, ýagşy umytlara meýil berip, ýagty geljege ynamly garapdyrlar.

Eserde ýaş Mälikgulynyň Berkeli aganyň ogly Hangulynyň kalbynda sagalmagyna ynam döretmegi, onuň hem göwnüçökgünlige ýol bermän lukmanyň hem kömegi ýetmezden öz güýç-gaýraty bi-

len sagalmagy hem-de söýýän zenanyna gowuşmagy her bir okyjyda ýaşaýşa hem göreşe egsilmez hyjuw, geljege bolsa uly umyt döredýär.

Elbetde, romanda ahlagy doly kämil däl adamlaryň keşpleri hem duşýar. Mysal üçin, ýaş Mälikgula onuň özünden sähel uly Şirmämmet her bir işde basdaşlyk edýär. Bolsa-da basdaşlygyň soňy göriplikdir bahyllyga ýazmaýar, tersine ýaş Mälikgulynyň paýhasly hereketleriniň netijesinde ýetginjekler dostlaşýarlar. Romanyň ähli gahrymanlarynyň diýen ýaly keşpleri türkmen ýaşlarynda süýji arzuwlara köňül berip bilim almaga, zähmet çekmäge, ynamly ýaşamaga çäksiz höwes döredýär.

## 9) Il-günüňe peýdaly bolmak

Il-günüňe peýdaly bolmak diýmek her bir işde halkyň sagbolsunyny hem berekellasyny almagy, sogap gazanmagy aňladýar. Türkmeniň köne pähimleriniň birinde: «Ilim-günüm bolmasa, Aýym-Günüm dogmasyn» diýilýär. Şu jähetden biziň her birimiziň aýratynlykda jemgyýete, jemgyýetiň bolsa öz gezeginde biziň her birimize peýda getirmegi möhümdir. Durmuşyň many-mazmuny il-günüň üçin sogap işleri köp etmekdedir. Jemgyýetçilik bähbitleri hasyl bolanda şahsy bähbitler hem durmuşa geçýändir, ýagny jemgyýet özüne peýdaly şahsyýetiň gadyryny hem mynasyp ornuny bilýändir.

Döwlet Baştutanymyzyň nusgawy ahlagy wagyz edýän romanynda il-gün üçin edilýän sogap işleriň mysallary sanardan kän. Okyjylara eserden belli bolşy ýaly, Berdimuhamet aga her gününi il-günüň aladasy bilen ötürýär. Ol uly iliň maslahat soraýan adamsy, syrdaşy bolan. Esasan hem Berdimuhamet aga boş wagtlarynda oba adamlaryna hat-sowat öwredýär, olaryň arza-şikaýatlaryny talap edilişi ýaly taýýarlap berýär, hatda zerurlyk ýüze çykanda etrap merkezine ýa-da paýtagta baryp-gelmäge-de ýaýdanmaýar. Wagtynyň her bir pursadyny bähbitli işlere ulanmagy endik edinen Berdimuhamet aga hatda oba ilatynyň meýlislerinde hem obadaşlaryna köne dessanlary okap berip, türkmeniň taryhyndan gyzykly gürrüňleri aýdyp berip, olaryň bilim-sowadynyň artmagyna ýardam edýär.

Eseriň baş gahrymanlarynyň biri Berdimuhamet aganyň aýaly Ogulbäbek ejäniň keşbi hem il-günüň bähbidini ileri tutup ýaşan adam hökmünde türkmen zenanlary üçin häzirki günlerde-de göreldelikdir. Onuň oba gelin-gyzlary bilen bir hatarda Goranmak fonduna iki ýarym kilograma golaý öz şahsy altyn-kümüşlerini urşa kömek bolsun diýip tabşyrmagy Watan, halk aladasynyň edilmeginiň aýdyň subutnamasydyr.

Hormatly Prezidentimiziň neberesinden Gök Serdaryň ogly Annamuhammet baýyň ýurduň ýaş nesilleri baradaky aladasy türkmen halkynyň ägirt uly minnetdarlygyna mynasypdyr. Ol Gökdepäniň altmyş üç sany zehinli ýigitlerini ähli harajatlaryny çekip, daşary ýurda okuwa ugradýar, şeýlelikde, öz şahsy baýlygyny türkmeniň ýagty geljegini üpjün etjek ýaşlaryň bilimine gaýgyrman harçlaýar. Görşümiz ýaly, Berdimuhamet aganyň ýakynlarynyň üsti bilen türkmen ýaşlary il-günüňe peýdaly bolmagyň asylly nusgalaryny guwanmak bilen synlap bilýärler.

## 10) Tertipli bolmak

Şahsy durmuşynda, şol sanda töweregindäkiler bilen gatnaşyklarynda şahsyýetiň özüne bildirýän aýratyn talaplaryna tertiplilik diýlip düşünilýär. Özi-de tertiplilik ähli zatda ýüze çykýar, onuň kiçisi-ulusy bolmaýar. Aýdalyň, salamlaşmak edebiniň durmuşa geçirilmeginiň dürli tertibi bolup biler. Gahryman Arkadagymyzyň ilhalar romanyndan görnüşi ýaly, Berdimuhamet aganyň maşgala agzalarynyň irden örenlerinde bir-biri bilen salamlaşmaklarynyň we hal-ahwal soraşmaklarynyň özboluşly tertibi bolupdyr. Şu salamlaşykda aýratyn mähremlik, mylaýymlyk, sylag-hormat, hakyky maşgala söýgüsi duýulýar. Munuň özi okyjyda «salamlaşmak» parzyny ýerine ýetirende öz hereketleriniň dürslügi babatda oýlanmagyna esas döredýär.

Eserde tertiplilik ahlak kadasy hökmünde başga-da birnäçe durmuş ýagdaýlarynyň üsti bilen diýseň täsirli görnüşde, göreldelik derejede häsiýetlendirilýär. Mysal üçin, Mähriban Prezidentimiz atasynyň ýaşan mellegini şeýlekin buýsanç bilen janly suratlandyrýar

welin, okyja hamala şol gözelligiň içinde hut özi seýil edip ýören ýaly duýgy aralaşýar. Obadaky kän hojalyklardan tapawutlylykda Berdimuhamet aganyň howlusy dürli ir-iýmişli baglardan doly. Mellegiň çilleriniň endiganlygy, odun-çöpüň we beýleki hojalyk zerurlyklarynyň rejelenip goýluşy okyjyny estetiki gözellikler barada çynlakaý pikirlendirýär. Tertipli howly gözel görünýär, özüne çekýär, adam durmuşyna üýtgeşik bir many-mazmun berýär.

Romanda tertipli bolmak häsiýetini aýdyň görkezýän ýene-de bir mysala ýüzleneliň. Berdimuhamet aganyň öýünde nahara elmydama «bismilla», soňam «omyn» maşgalabaşy tarapyndan edilýär. Berdimuhamet aga işinde gijä galjak bolsa, ol çagalaryna öňünden hökman habar iberýär. Kakasy urşa gidenden soň bu hukuk ýaş Mälikgula geçýär. Ýaş maşgalabaşy işi çykyp, bir ýerlerde az-owlak saklanaýsa hem onsuz nahara oturylmaýar. Gahryman Arkadagymyzyň atasy we kakasy türkmen ýaşlary tarapyndan tertipliligiň kämil nusgasy hökmünde kabul edilmelidir.

## 11) Yhlasly bolmak

Her bir oňyn netijäniň aňyrsynda şahsyýetiň taýsyz tagallary, ýagny tükeniksiz yhlasy ýatandyr. «Yhlasa myrat» diýenleri. Yhlasly adam durmuşda köp üstünliklere ýetip bilýär. «Yhlas bilen aglasaň, sokur gözden ýaş çykar» diýen ýörgünli pähim ýöne ýerden dörän däl bolmaly. Yhlasly adam zähmetsöýer, ýadamany-ýaltanmany bilmeýän, gaýratly, gaýduwsyz, edenli, iş bitiren ynsan bolýar. Adamyň özüne, edýän işine ynamy bolanda, ol şol işe has-da yhlasly ýapyşýar. Arkadag Prezidentimiz özüniň halk tarapyndan ýan kitap hökmünde garalýan eserinde: «Ynam bilen yhlas adamyň goşa ganatydyr» – diýip, biçak jaýdar belläp geçýär.

Döwlet Baştutanymyzyň päk yhlasy siňen romanynda türkmen ýaşlary üçin sapak alarlyk derejede ynsan yhlaslylygynyň öwgä mynasyp mysallary näçe diýseň duş gelýär, özi-de olaryň her biri aýratynlykda örän gyzykly beýan edilýär.

Eserde ýaş Mälikgulynyň hereketlerinde onuň yhlaslylygyna buýsanmak bilen guwanýarsyň, okyjy hökmünde ýaş oglanyň jepakeşligine gözüň gidýär. Ol entek birinji synpa barmanka ähli

harplary tanaýar hem ýazyp bilýär. Ýaş Mälikguly dördünji synpda okaýan halyna eýýäm ýedinji synpyň okuw kitaplaryny özleşdirip çykýar. Güýçli zehini we ýatkeşligi bilen ol köp bilmäge ymtylýar, yhlas edýär. Berdimuhamet aga ogluna okuw derslerini özleşdirmekde hemmetaraplaýyn ýardam berýär, oňa halypalyk edýär. Mekdep mugallymlary ýöne ýerden ýaş Mälikgula ikinji synpyň okuwçylaryny okatmaklygy ynanmaýarlar.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, Berdimuhamet aga urşa gidende maşgalabaşy hökmünde yzynda ýaş Mälikgulyny goýup gidýär. Öýüň ýeňil bolmadyk keştini çekmek, onuň üstüne mugallymçylyk işini hem ýöretmek ýetginjegi hopukdyrmaýar, tersine yhlasa, gaýrata çagyrýar. Onuň üçin çagalyk gutarýar, oglanlar bilen oýnalýan oýunlar ýatdan çykýar. Ýaş Mälikguly ähli çagalyk döwrüniň lezzetlerini görmegi kakasynyň uruşdan dolanyp gelerine goýýar. Hatda ol mal bakmaga gidende hem hojalyga ýaramly iýmitleri çöplemek, ot-çöpleri ýygnamak bilen gümra bolýar. Ejesiniň minnetdarlyk sözleri onuň ýadawlygyny aýyrýar, täzeden göreşe galmaga ýaş gerçege güýç-gaýrat berýär.

Romanda ýene-de bir keşbiň görkezýän yhlaslylygyny hormat bilen ýatlap geçmezlik mümkin däl. Elbetde, gürrüň Berkeli aga hakynda barýar. Ýetmiş ýaşdan geçen, özi yraň-dyraň bolup ýören gojanyň ýarawsyz aýaly we ogly üçin çekýän yhlasyna ynsan çagasy baha bererden ejiz gelýän bolsa gerek. Hakykatdan hem bu ýaşula yhlaslylygyň, erkliligiň nusgasy diýesiň gelýär. Yhlasy bolsa diňe çäksiz erki bolan ynsan görkezip bilýär.

## 12) Şahsy jogapkärçiligiňi duýup ýaşamak

Her bir ynsanyň durmuşyny onuň täk özi ýaşap bilýär. Jemgyýetde ýeten üstünlikleriňem, goýberen ýalňyşlyklaryňam diňe seniňki. Şonuň ýaly-da ahlaksyz we bikanun hereketleriňe senden başga jogap berjek ýok. Çaga döwrüňde seniň hereketleriňe ata-eneň ýa-da olaryň ornuny tutýan adam jogap berýär, ýöne munuň özi çykgynsyzlykdan edilýär. Görşümiz ýaly, çagalygyňa garamazdan seniň ahlaksyz ýa-da bikanun hereketiň jogapsyz galdyrylmaýar.

Eýýäm on dört ýaşdan ýetginjekler agyr jenaýatlar üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilýär, özi-de kanunyň kadalaryny bilmezlik seni jogapkärçilikden boşatmaýar. Wah, bilen bolsam etmezdim diýeniň indi giç, saňa nepi degenok. Ahlak kadalary babatda hem şu zeýilli garaýşyň döredilmegi örän möhüm bolup durýar. Ahlak etmişlerimiz üçin jemgyýetiň seni ýazgarjakdygyna, maşgalaň abraýdan düşjekdigine her birimiziň anyk göz ýetirmegimiz gerek. Şeýle garaýyş durmuşa mäkäm ornaşanda her bir ynsanyň öz şahsy jogapkärçiligi barada çynlakaý oýlanjakdygy ykrar ediläýmeli hakykatdyr.

Bu ugurda terbiýeçilik bilen meşgullanýan şahslar tarapyndan maksada okgunly işler alnyp barylmaly. Magtymguly atamyz: «Ýaman gylyk dosty duşman kyladyr, guryp galsyn, il derkary bolmasa» *(Bary bolmasa)* diýip belläpdir. Dosty duşmana öwürýän, adamy adama ýagy edýän, iliň-günüň *(jemgyýetiň, döwletiň)* derdine ýaramajak, hiç kime gerek bolmajak biderek häsiýetleriň, zyýanly etmişleriň ählisiniň «gurap galmagy» üçin göreşmegi tutuş jemgyýet üçin bitewilikde we her bir adam üçin aýratynlykda janyň-teniň bilen uýulýan ýörelge derejesine çykarmak, ony jemgyýetiň durmuşy-pelsepewi garaýşyna öwürmek häzirki döwrüň derwaýys meseleleriniň biri bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň hamyrmaýasy ahlaga ýugrulan romanynyň ýaş nesilde jemgyýetiň öňünde şahsy jogapkärçilik duýgusyny terbiýelemekde aýratyn orny, elýetmez bahasy bar. Mysal üçin, Mody başlygyň oba ilatynyň öňündäki jogapkärçilik duýgusy, il-ýurt hem halkyň gün-güzerany baradaky aladasy ony hatda öz ýakynlaryna-da yzgytsyz bolmaga mejbur edýär. Hakykat ýüzünde ol ýaş Mälikgulynyň belleýşi ýaly, diýseň göwni açyk, rehimdar adam bolan.

Eseriň baş gahrymanlarynyň biri Berdimuhamet aganyň her bir hereketinde onuň şahsy jogapkärçilige garaýşyny duýmak bolýar. Berdimuhamet Annaýew urşuň ilkinji günlerinden Watan goragyna gitmegiň aladasynda bolýar. Ýöne ol mugallymçyk kärini eýesiz taşlap gidibermeýär, obaň çagalarynyň körzehin galmazlygyny üpjün etmek maksady bilen urşa gitmegiň akylly-başly, parasatly

çözgüdini tapýar. Ol çynlakaý yhlas görkezip, ýedi gyzy mugallymçylyk hünärine taýýarlaýar hem-de ýaş mugallymlaryň paýtagtda ýörite synaglardan geçmeklerini gazanýar. Urşa gitmeziniň öň ýanynda hem Berdimuhamet aga oba kethudalaryna ýaşlara talaba laýyk bilim bermeklerini sargyt edip gidýär. Şeýle çemeleşmäniň özi her bir okyjynyň özüne ynanylan işine şahsy jogapkärçiliginiň artmagyna getirýär. Berdimuhamet aganyň ýagty ömür beýany ähli ýaşdaky watandaşlarymyz üçin şahsy jogapkärçiligiň nusgasy bolup hyzmat edýär.

## 13) Wagty tygşytly ulanmak

Adam ömründe iň tygşytly ulanylmaly zat wagtdyr. Dört müň dört ýüz ýyl ýaşan lukman Hekimden ömrüniň nähili geçendigini soranlarynda, ol: «Ylgap barýan keýigiň kölegesinde kölegelän ýaly» – diýip jogap beripdir.

Adamyň durmuşy birnäçe döwürlere bölünýär we olaryň hersinde onuň şol pursatda anyk etmeli işleri bolýar. Şu pursatda etmeli işleriňi başga bir döwre geçirip, ýagny wagty yza ýa-da öňe çekmek mümkin däl.

Mekdep ýyllaryňda seniň esasy wezipäň kämil bilim we ahlak terbiýesini almak bolup durýar. Alan kämil sowat-terbiýäň täsiri seniň durmuşyň soňky tapgyrlarynda mese-mälim duýulýar. Wagty tygşytly ulanan adam aladasyz-gaýgysyz erkana ömür sürýär, jemgyýete hem diňe peýda getirýär. Wagty tygşytly ulanmazlyk ömrüňi bimany ýaşamakdyr. Onsoňam bu ýagdaý seniň durmuş ýoluňda birgiden şowsuzlyklaryň we betbagtçylyklaryň gözbaşy hem bolup biler.

Gahryman Arkadagymyzyň nusgawy ahlak eserinde ýaşlara wagtyň tygşytly ulanylmalydygy barada wagyz edilýär. Ýaş Mälikguly şu hakykata aňryýany bilen düşünen eken. Çünki, şol döwürde onuň durmuşynyň ýekeje minudy-da bisarpa ulanylmandyr. Günüň birinji ýarymyny ol mekdepde geçirýär, ikinji ýarymyny bolsa kolhozyň meýdanynda zähmet çekýär, agşamlaryna-da bilimini artdyrýar ýa-da obadaşlarynyň haýyşy boýunça olara kömege barýar. Hakyky bilim-

li-sowatly hem-de hünäriniň ezber ussady bolup ýetişmekleri üçin türkmen ýaşlary ýaş Mälikgula öýkünseler, bu meselede oňa özleriniň halypasy hökmünde garasalar dogry bolardy.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýaşlaryň esasy wezipesi kämil bilim we ahlak terbiýesini almak maksady bilen wagtlaryny tygşytly ulanmak bolup durýar. Wagtyňy rejeli ulanyp alan kämil sowat-terbiýäň seniň geljekki üstünlikleriň kepili bolup hyzmat edýär. Munuň özi bilimiňi artdyryp, halal zähmet ýoluna düşmekde-de, berk maşgala gurmakda-da, nesil terbiýeläp ýetişdirmekde-de saňa örän ygtybarly binýat bolup, durmuşyňa güýçli itergi berýär.

## 14) Agzybir ýaşamak

Türkmenler ähli döwürlerde özara we goňşular bilen gatnaşyklarynda agzybirligi ýol-ýörelge edinip gelipdirler. Häzirki döwürde hem agzybirlik taglymaty biziň döwletimiziň içeri-daşary syýasatynyň binýatlaýyn esaslarynyň biri hökmünde ykrar edilýär. Agzybirlik islendik jemgyýetde özgerişiň we ösüşiň hereketlendirijisi hasaplanýar.

«Agzybire Taňry biýr, agzalany gaňrybiýr» diýen gadymdan gelýän atalar sözüniň durmuşylygy Mähriban Prezidentimiziň söýgüli romanynda birnäçe mysallaryň üsti bilen örän ynandyryjy görnüşde açylyp görkezilýär. Berdimuhamet aganyň maşgalasynyň hem-de onuň obadaşlarynyň agzybirlik ýörelgesine eýerişleri obada ýüze çykýan her bir meseläniň çözgüdinde göze ilýär. Onuň aýdyň subutnamasy hökmünde Allamyrat pälwana we onuň ýetim galan agtyklaryna bütin oba ilatynyň hossarlyk etmek ugrundaky tagallalaryny ýa-da Berdimuhamet aganyň ýolbaşçylygynda il bolup mekdebiň binasynyň salnyşyny görkezmek bolýar. Romany doly okap çykyp, urşy ýeňen esasy güýç halkyň çydamlylygy hem agzybirligi bolmaly diýen netijä gelýärsiň.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hem Arkadag Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda agzybir halkymyz eziz Diýarymyzy tanalmaz derejede özgerdýär we ösdürýär. Bu eser türkmen halkyny agzybirlige hem jebislige ruhlandyrýan ägirt uly güýç bolup durýar.

## 15) Arassa-halal zähmetden eklenmek

Türkmenler gadymyýetden bäri arassa zähmete, halal gazanja uly hormat goýupdyrlar, bagtyýar durmuşyň halal zähmetdedigine düşünipdirler, aňsat gazançdan hem ýeňil eklençden gaça durupdyrlar, çagalaryny hem şu ýörelgelerden ugur alyp terbiýeläpdirler. Şonuň üçinem türkmen jemgyýetinde raýatlarymyzy, ilki bilen hem ýaşlary arassa-halal okamaga we zähmet çekmäge ugrukdyrmaga aýratyn möhüm ähmiýet berilýär.

Aýdylanlar döwlet Baştutanymyzyň nusgawy ahlak häsiýetli romanynyň wakalarynyň beýanynda hem doly tassyk bolýar. Berdimuhamet mugallymyň, ýaş Mälikgulynyň, olaryň obadaşlarynyň urşa gidenleriň yzynda görkezen hakyky zähmet gahrymançylyklary türkmen ýaşlary üçin ebedi nusgalykdyr. Şu jähetden romanyň terbiýeçilik gymmaty hem-de ähmiýeti elýetmezdir. Ahlaksyz ýa-da bikanun ýol bilen ýetilen üstünlikleriň howply-hatarlydygyna, soňsuzdygyna, aňsat gazanjyň höziriniň ýokdugyna ýaşlaryň mekdep ýyllaryndan başlap düşünmekleri ähli babatda wajyp bolup durýar.

Ýaşlykdan halal bilim almaga we zähmet çekmäge uýgunlaşan adam durmuşda horluk çekmeýär, rysgal-döwletem hiç kimiňkiden kem bolmaýar. Iň esasy zat hem ahlaksyz we bikanun hereketlerden daş bolandygy üçin, onuň durmuş ýoly elmydama aýdyň hem şowly bolýar, garaşylmaýan harasatlar ýa-da kynçylyklar hem onuň duşundan sowulyp geçýär, jemgyýete-de ol diňe peýda getirýär. Şoňa görä-de, ýaşlary mekdep ýyllaryndan başlap arassa-halal okamaga we zähmet çekmäge endik etdirmek we bu endigi olaryň häsiýetine geçirjek bolmak zamanamyzyň terbiýeçilik işiniň baş wezipeleriniň biri hasaplanylýar.

## 16) Sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek

Türkmen jemgyýetinde sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek we ony wagyz etmek döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu işiň baş maksady hem ýokary derejeli tanymal türgenleri taýýarlamak däl-de, ilaty, esasan-da ýaşlary sport çärelerine köpçülikleýin çekmek, netijede hem sagdyn bedenli we ruhly adam-

Sargyt 4. № 749

lary ösdürip ýetişdirmek bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň sagdyn jemgyýeti kemala getirmek babatda yglan eden başlangyçlary halkymyzda gyzgyn goldaw tapýar. Onda ilatyň saglyk ýagdaýyny üpjün etmekde sportyň ösdürilmegine we ýaşlaryň sagdyn ruhda terbiýe almaklaryna möhüm ähmiýet berilýär. Bilşimiz ýaly, ýurdumyzyň welaýat we etrap merkezlerinde birnäçe döwrebap sport toplumlary guruldy we bu işler gitdigiçe-de ýaýbaňlandyrylýar.

Ýaşlary sporta köpçülikleýin çekmegiň özi olaryň ýaramaz, ýagny ahlaksyz we bikanun işlere ýüz urmaklarynyň öňüni almakda ýardam berýär. Şeýlelikde, sport çäreleri şol bir wagtda sagdyn ahlakly ýaşlaryň kemala gelmeginde hem görnetin oňyn täsirini ýetirýär. Sagdyn bedenli we ruhubelent adam ahlaksyz hem-de bikanun hereketleri etmeýär, tersine durmuşda olaryň garşysyna erjel göreşýär, şeýtmek bilen hem jemgyýete uly peýda getirýär.

## 17) Söýüp-söýlüp ýaşamak

Türkmen halkynda gadym döwürlerden bäri ýaşlar arasyndaky söýgi duýgusy pynhan hasaplanypdyr. Söýginiň öz aýratyn gizlin häsiýetli ahlagy bolupdyr. Halkyň şu milli özboluşlylygy häzirki döwürde-de hormatlanmaga hem-de wagyz edilmäge mynasypdyr. Türkmençilikde söýgi duýgusynyň käbir daşary ýurt filmlerindäki ýa-da çeper edebiýatlaryndaky ýaly aç-açan görnüşde ýüze çykmagy känbir dogry hasaplanmaýar.

Gahryman Arkadagymyzyň tanymal eserinde şu garaýyş Zybagül bilen Suhanberdiniň söýgüleriniň mysalynda aýdyň beýan edilýär. Zybagül hatda ýaryny urşa ugradýan-da bolsa, özi-de onuň jeňden gaýdyp geljegini-gelmejegini bilmeýän halyna zenan edebini saklap, «wekiliň», ýagny ýaş Mälikgulynyň üsti bilen söýgülisi bilen gaýybana hoşlaşýar. Eserde gyzyň ýarym açyk görnüşde iberen habaryny alan Suhanberdi hem öz içki duýgularyny ýarym açyk halda Mälikgula düşnükli bolar ýaly äheňde aýdyp, söýgülisine öz hoşlaşyk jogabyny iberýär. Görşümiz ýaly, türkmeniň aňyrdan gelýän öz «söýgi nusgasy» bar, şoňa-da biz hormat-sylag goýmany, ony milli

aýratynlygymyz hökmünde abraýly saklamany we geljekki nesillere miras galdyrmany başarmalydyrys.

## 18) Ugurtapyjy bolmak

Jemgyýetçilik gatnaşyklaryna girmek edil küşt oýnundaky ýaly, her bir göçümiňde senden seresaplylygy, hüşgärligi, paýhaslylygy, ugurtapyjylygy we öňdengörüjiligi talap edýär. Bu häsiýetler seni durmuşyňda dogry ýola ugrukdyrýar hem-de birnäçe göze görünýän-görünmeýän betbagtçylyklardan goranmagyňda saňa ýardam edýär.

Ugurtapyjylyk – tutanýerli yhlasyň bilen çylşyrymly ýagdaýdan amatly çykalgany tapmagyň hötdesinden gelmekdir. Bu iş ýiti zehine we akyl-paýhasa daýanýar, özi-de sözüň gowy manysynda mekirlikden nyşandyr. Ugurtapyjy bolmak üçin durmuşda döreýän her hili bulaşyk wakalary inçeden seljermäge we dogry çözgüde çykýan ýollary agtarmaga ukyply bolmaly hem-de bu endigi öz häsiýetiňe geçirmek barada irginsiz alada etmeli.

Mähriban Prezidentimiziň nusgawy ahlagy wagyz edýän kitabynda ugurtapyjylygyň birnäçe aýdyň subutnamalary bar. Olaryň käbirine örän ýerlikli tejribe hökmünde türkmen ýaşlaryna sapak bolsun diýip ýüzleneliň. Mysal üçin, Şirmämmediň basdaşlyk etmegi sebäpli, Mälikguly ikisiniň arasynda mekdep okuwçylarynyň köpçüliginiň gatnaşmagynda matematikadan ýaryş guralýar. Mälikguly ýaşynyň kiçiligine garamazdan, öz ugurtapyjylygy bilen Şirmämmediň hile duzaklaryndan aman sypyp, biliminiň hem yhlasynyň hasabyna onuň bilen bäsleşikde deňeçer bolmany başarýar.

Romanda ugurtapyjylygyň ýene-de bir anyk mysaly hökmünde Berdimuhamet aganyň öz ýürek emrini hasyl etmek, ýagny Watan goragyna gitmek arzuwyna ýetmegi üçin tapan çykalgasyny görkezmek bolýar. Ol «ätiýäçlyk rugsatnamasyndan» *(brondan)* boşamak maksady bilen mekdebiň ýokary synpda okaýan gyzlarynyň içinden ýedisini mugallymçylyk işine yhlasly taýýarlaýar hem-de olaryň paýtagtda synaglardan üstünlikli geçmeklerini gazanýar.

## 19) Öňdengörüji bolmak

Öňdengörüjilik – soňraky ädimleriňi ýalňyşman ätmek, özüňi garaşylmadyk näsazlyklardan we säwliklerden goramagy üpjün etmek üçin oýlanyşykly hem-de seresap hereket etmekdir. Munuň üçin çylşyrymly durmuş pursatlarynda özüňe gerek maglumatlary almak maksady bilen garşydaşyň «derisine» girip, seniň gyzyklanýan meseläň bilen bagly saňa berläýjek soraglary öňünden aňlap, olaryň köpugurly esaslandyrylan jogaplaryny taýýarlap goýmana başarnyklaryň bolmaly. Şonuň ýaly-da sen öz soraglaryňa berläýjek jogaplary deslapdan seljerip, soňraky etmeli hereketleriňi kesgitlemegi oňarmaly. Iki ýagdaýda hem wakalaryň özgerişini sen bolmanda üç göçüm öňünden görjek bolmaly.

Türkmen ýaşlary üçin öňdengörüjiligiň parasastly ýüze çykmasy hökmünde Arkadag Prezidentimiziň ylham çeşmesinden kemala gelen eserinden Berdimuhamet aganyň oba ilatyna tabşyryp giden şu sargydyny ýatlamak isleýäris: «Ýurtda uruş gidýär diýip, çagalaryňyzy okuwdan alyp galyjy bolaýmaň. Çagalar okasyn. Bir zady anyk biliň: biz hökman ýeňeris. Biz, nesip bolsa, ýeňiş bilen geleris. Uly toý tutarys. Gowy günlerde ýaşarys.» Obadaşlary mekdep direktorynyň pendini berk tutup, uruş ýyllarynda diňe horluk çekmän ýaşamagyň aladasy bilen bolman, çagalara bilim bermek işini olaryň kolhoz meýdanynda zähmet terbiýesi bilen utgaşdyryp alyp gidýärler. Elbetde, ýaş Mälikguly we onuň deň-duşlary agyr günleri başdan geçirýärler, ýöne olar gerek bolsa mähriban eziz topragy üçin öz şirin janlaryny hem aýajak däldiler. Hawa, terbiýe şeýledi, ahlak şeýledi, türkmençilik şeýledi hem şonlugynda galýar, ebedi galaram.

Eserden belli bolşy ýaly, Berkeli aga öz öňdengörüjiligi bilen oba ýaşlaryna kynçylyklarda taplanmagy nesihat edýär, bu hakykaty günibirin olaryň aňyna salyp durýar. Kynçylyklarda taplanan adam durmuşyň inçeden syrly pirimlerine ir düşünýär, her bir işde paýhasly hereket etmäge çalyşýar, ýalňyşlyklara ýol bermeýär. Bular bolsa öz gezeginde herki şahsyýetiň soňraky ykbalyna oňyn täsirini ýetirýär.

## 20) Her bir meseläni maslahatlaşyp çözmek

Türkmeniň taryhy ösüş ýolundan görnüşi ýaly, biziň jemgyýetimiz elmydama ewolýusion ýol bilen özgerdilipdir. Ata-babalarymyz jemgyýetçilik ähmiýetli çözgütleri durmuşa ornaşdyrmazdan ozal, olary hemmetaraplaýyn öwrenipdirler, synagdan geçiripdirler, diňe şondan soňra olara ak pata beripdirler. Bu ýol türkmenlere göz öňünde tutulmadyk jemgyýetçilik dartgynlygyny, adaty däl ýagdaýlary, heläkçilikli hadysalary aradan aýyrmaga we ýeňip geçmäge ýardam beripdir. Halkymyzyň mentalitetine düýpli ornaşan «Maslahatly biçilen don gysga bolmaz», «Ýedi ölçäp bir kes» we beýleki türkmen pähimleri ewolýusion ösüş ýolunyň gadymylygyny hem-de netijeliligini subut edýärler.

Milli Liderimiziň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatlary her ýyl ýurduň dürli welaýatlarynda ýöne ýerden geçirilmeýär. Beýleki halklaryňkydan tapawutlylykda Ýaşulularyň maslahaty türkmen halkynyň döwlet-jemgyýetçilik gurluşynda özboluşly milli institut bolup durýar. Taryhyň sahypalaryndan aýandyr, haçanda maddy gymmatlyklaryň we harby güýçleriň çözüp oňarmadyk işlerini akyl-paýhas meýdançasy bolan maslahatlarda netijeli çözülenliginden.

Danalaryň durmuş-iş tejribesiniň hem akyl-paýhasynyň utgaşmagy il-ýurt bähbitli oňyn çözgütleriň kabul edilmegine ýardam edýär. Maslahatlaşmak dogry we ygtybarly çözgüt çykarmaga esas döredýär. «Diňe jedelde hakykat anyklanýar» diýip, örän ýerlikli aýdylýan pähim bar. Seniň maslahatçylaryň seljerilýän mesele babatda ýeterlik ýörite nazary bilimleri hem-de baý tejribesi bolmaly. Bulardan başga-da, maslahatçylar ýokary ahlakly, ilçilikde hormat-sylagdan peýdalanýan adamlar bolmaly.

Döwlet Baştutanymyzyň gymmatly ahlak eserinde uruş ýyllarynda halkymyzyň şu ýörelgä giňden eýerenliginiň subutnamalary kän. Mysal üçin, Allamyrat pälwana we onuň ýetim galan agtyklaryna hossarlyk etmek boýunça oba kethudalary ýörite maslahat çagyrýarlar, oňa ýaş Mälikgulam gatnaşýar hem-de maşgala maslahatynda Allamyrat aganyň maşgalasynyň garamatyny öz üstlerine almaly

diýen netijä gelnendigini habar berýär. Oba ýaşululary Berdimuhamet mugallymyň maşgalasyna minnetdarlyk bildirip, köpüň oňlamagy bilen bu işi Allamyrat pälwanyň duldegşir goňşularyna – ýakynlaryna tabşyrýarlar.

## 21) Edepli bolmak

Türkmen jemgyýetiniň irki döwürlerinde hem edep kadalaryna möhüm ähmiýet berlipdir. Edep kadalary hem edil ahlak kadalary ýaly halkyň mentalitetine esaslanýar hem-de şondan gelip çykýar. Şoňa görä-de, türkmen edebi beýleki halklaryň edep kadalaryndan düýpli tapawutlanýar. Öz gezeginde edepliligiň ahlakdan gaýdýandygyny, ahlaklylygyň durmuşda ýüze çykmasynyň dereje görkezijisi bolup durýandygyny ýokarda beýan edilen ahlak kadalaryndan hem görmek bolýar. Hakykatdan-da erkli, çydamly, utanç-haýaly, ygrarly, pespäl, geçirimli, ugurtapyjy, öňdengörüji bolmak hem-de beýleki ahlak kadalarynyň talaba laýyk berjaý edilmegi aslynda edeplilikden nyşandyr. Edep kadalarynyň talaplary doly we dogry berjaý edilende, herki adam ýokary ahlakly hem medeniýetli şahsyýet hökmünde jemgyýetde uly abraý-mertebä eýe bolýar.

Durmuşda edep kadalarynyň berjaý edilişi şahsyýetiň her bir hereketinden ýa-da edepsiz hereketden saklanmagyndan aýdyň görünýär. Özi-de erkek kişiniň we aýal maşgalanyň edebiniň öz tapawutly taraplary bolýar, şeýle hem şahsyýetiň ýaşyna baglylykda edebiň ýüze çykmasynyň öz häsiýetli aýratynlyklary bardyr. Aýdalyň, salamlaşmakda, märekede özüňi alyp barmakda, özüňden uly-kiçiler bilen gatnaşyklarda we ş.m. Görşümiz ýaly, durmuşda edeplilik adamyň hereketleriniň ýa-da olardan saklanmagynyň netijesinde ýüze çykýar.

Hormatly Prezidentimiziň kämil ahlaklylygy wasp edýän romanynyň gahrymanlarynyň ählisiniň diýen ýaly keşpleri türkmen edebiniň özboluşly milli aýratynlyklaryny özünde jemleýär. Bu gymmatly eser ata-enä, gyz-gelinlere, ýaşululara hem kiçilere, ýakynlaryňa hem obadaşlaryňa sylag-hormat goýmagyň, ýagny edepliligiň nusgasy bolup hyzmat edýär.

Gahryman Arkadagymyzyň kyblasynyň şol döwürlerde on bir-on iki ýaşyndadygyna garamazdan, onuň hereketlerinde edepsizligiň ýekeje-de alamatyny görjek gümanyň ýok. Ýaş Mälikguly gadym eýýamlardan bäri kämil derejä ýetirilen türkmen edebiniň ähli kadalaryny gyşarnyksyz berjaý edip, özüni ulular bilen uly ýaly, kiçiler bilen kiçi ýaly alyp barmagy, gyz-gelinleriň namysyny goramagy, sarpasyny saklamagy başarypdyr. Umuman, bu kitabyň ähli mazmuny edebe ýugrulan. Ondaky käbir edep öwüt-ündewler guwanmaga, buýsanmaga, öýkünmäge has-da mynasyp bolup görünýär. Mysal üçin, ýaş Mälikgulynyň öz käbesine ýüzleniş edebi, onuň aýdanlaryny aňryýany bilen gyşarnyksyz ýerine ýetirişi ýa-da Berkeli aganyň öz ýarawsyz aýaly hem ogly bilen gürleşmek edebi okyjylarda aýratyn täsir galdyrýan bolmaly. Elbetde, türkmen ýaşlary üçin bu şahsyýetlerden edeplilik babatda öwrenmäge, häsiýetiňe siňdirmäge zat kän.

## 22) Ahlak we hukuk kadalaryny berjaý etmek

Ahlak we hukuk kadalaryny ileri tutmagyň, şeýle hem olary üýtgewsiz berjaý etmegiň her bir şahsyň mukaddes borjudygyna hemmämiz düşünýäris. Ahlak we hukuk kadalarynyň her bir raýat tarapyndan bilinmegi hem-de dogry berjaý edilmegi olaryň özleri we jemgyýet üçin örän bähbitlidir. Bu ýagdaý her bir şahsyýetiň jemgyýetde özüni talaba laýyk alyp barmagyny, esasan hem ähli borçlaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirmegini üpjün edýär. Ilat tarapyndan döwletiň kanunlaryny we ahlak kadalaryny bilmekleri we olary berjaý etmekleri islendik döwürde hem jemgyýetiň öňünde durýan möhüm wezipe hasaplanypdyr. Çünki, ahlak-hukuk kadalaryndan doly we hemmetaraplaýyn habarly adamlar olaryň talaplaryny bozmakdan saklanýarlar. Şeýlelikde, şu häsiýetli adamlar jemgyýetiň öňünde durýan maksatnamalaryň netijeli durmuşa geçmegine we döwletiň ygtybarly ösüşlerine ýardam berýärler.

Gahryman Arkadagymyzyň nusgawy ahlak kitabynda beýan edilen çylşyrymly durmuş pursatlarynyň birinden belli bolşy ýaly, urşuň aldym-berdimli gidýän günleriniň birinde eseriň gahrymanlarynyň

biri Käkilik edýän işiniň jenaýatdygyna hem doly düşünmän, kolhozyň bugdaý dänesinden ýarym kile çemesi alýar. Ýöne kanunyň talaplaryny bilmezligiň özi günälini jenaýat jogapkärçiliginden boşatmaýar. Ýaş Mälikguly obadaş gyzyny ahlaksyz hem bikanun hereketinden saklajak bolýar, gynansak-da ol oňa başartmaýar. Ýaş Mälikgulam, onuň obadaşlaram Käkiligiň bu etmişini oňlamaýarlar, başga bir tarapdan bolsa zenan maşgalanyň düşen gününe ýürekden gynanýarlar. Ýaşlaryň arasynda şular ýaly oňaýsyz ýagdaýlaryň öňüni almak maksady bilen häzirki döwürde-de hukuk sowatlylygymyzy yzygiderli artdyryp durmak hem-de ahlak-hukuk terbiýesine aýratyn ähmiýet bermek jemgyýetimiziň gaýragoýulmasyz wezipeleriniň biri bolup durýar.

## 23) Ahlaksyz hereketleriňden utanmak

Türkmen jemgyýetinde ýaşlara ýalňyşlaryna düşünip puşman etmäni, utanç-haýaly bolmany çagalykdan öwredýärler. Bu ýerde esasy talap hem şahsyýetiň öz ahlaksyz hereketlerine diňe bir düşüneni we utanany ýeterlik däl, mesele şol hereketleriň mundan buýana gaýtalanmagyna ýol berilmezliginde. Her bir şahsyýet özbaşdak, şeýle hem bütin jemgyýet bilen bilelikde ýokary ahlaklylygy, ahlak etmişleriňden utanmaklygy halkyň döwrebap mentalitetine öwürmek üçin ähli zerur tagallary etmelidir. Şu ýerde biziň her birimiziň «Ýalňyşyňa düşünmek – zeleliň ýarysyndan gaýtmak» diýen pähime uýmagymyz öte wajyp bolup durýar. Jemgyýetde utanç-haýaly adamlar köp boldugyça ýurtda halk tarapyndan oňlanylmaýan ahlaksyz hereketler gürrüňsiz azalaýmaly.

Mähriban Prezidentimiziň ahlak parasatyna ýugrulan romanynda ahlaksyz hereketlerden utanylýan pursatlary seýrek-de bolsa bar. Mälikgulydan sähelçe ýaşy uly Şirmämmet onuň bilen köp meselede basdaşlyk edýär. Şirmämmet Mälikgulynyň öňünde onuň garşysyna eden ahlaksyz hereketlerini birin-birin sanap geçýär. Mälikguly hem olardan habarlydygyny oňa aýdýar. Şirmämmet özüniň adamkärçilik sypatlarynyň Mälikgulynyňkydan taýly gezek pesdigine ýene-de bir ýola göz ýetirýär hem-de onuň öňünde özüni juda müýnli duýup,

goýberen ýalňyşlyklaryndan utanýar. Şu ýerde Şirmämmediň toba gelmegine hem-de dogry ýola düşmegine ýaş Mälikgulynyň ýokary ahlaklylygy sebäp bolýar.

Eserde ýaş Mälikgulynyň Berkeli aganyň öýünde oňaýsyz bir hakykatyň tötänden şaýady bolandygy barada gürrüň berilýär, ýagny ol ýaşuly ýarawsyz maşgalasynyň kellesini dyzynyň üstüne goýup, ony naharlap durka olaryň üstünden barýar. Ýetginjegiň utanjyndan ýaňa ýer ýarylmaýar, ol hem oňa girmeýär. Diýseň owunjak, ýöne ahlaksyzlyga azda-kände ýakyn bir ýagdaý bolansoň, ýaş Mälikguly öz hereketlerinden ökünmek derejesinde utanýar. Şu pursat türkmen ýaşlary üçin kämil ahlaklylykdan beýik nyşan bolup hyzmat etmelidir.

Romanda ahlaksyz hereketlerinden utanmagyň deregine, tersine olara buýsanýan şahsyýet hem bar. Aýyt aga Han Geldiýewiç diýilýän näkese ol entäk on ýaşly ýetimkä hossar çykýar, ekläp-saklaýar, ýokary mekdebi gutarmagyna we işe durmagyna ýardam edýär. Ol bolsa sagbolsun aýtmaly halatynda ony nähak ýerden ýamanlap, işinden pensiýa ugratdyrýar.

## 24) Jemgyýetçilik bähbitlerini ileri tutmak

Her bir şahsyýetiň maksady elmydama jemgyýete peýda getirmeklige gönükdirilen bolmaly. Ýokary ahlakly adam her bir amalyny öz şahsy bähbidini nazara almazdan, ilkinji nobatda jemgyýete peýda getirmek üçin etmelidir. Şeýle edilende ol öz ýagşy arzuwly şahsy bähbitlerine hem ýetäýmeli. Ýagşy niýete gönükdirilen şahsy bähbit jemgyýetçilik bähbidine ters gelip bilmez. Jemgyýet üçin edilen peýdaly iş şahsy bähbit bilen utgaşyp gitmelidir, ýagny olar elmydama sazlaşykly hereket etmelidirler.

Adam jemgyýetçilik bähbitlerine ters gelýän şahsy bähbitlerinden saklanmany başarmaly. Aýdalyň, ýaşaýan ýeriňde awtoulag bejerýän kiçiräk ussahana açsaň, bejergi işleri bilen bagly onuň her hili ýakymsyz yslarynyň we sesleriniň goňşularyň üçin birgiden amatsyzlyklary döretjegi düşnüklidir. Seniň üçin girdejili telekeçilik işiniň töweregiňdäkilere näsazlyklary döredýän bolsa, onda onuň laýyk

ýerleşmeli ýerini tapmagyň gerek. Diňe nebsiňe haý diýip, şahsy bähbitleriň jemgyýetçilik bähbitleri bilen sazlaşygyny gazanyp bolýar.

Jemgyýetiň her bir şahsyýeti şu garaýyşdan ugur alanda, adamlaryň arasynda bir-birine bolan hormat-sylagy we gadyr-gymmaty artýar. Jemgyýete sarpa goýmasaň, ol hem saňa şol äheňde jogap berýär, netijede adam gatnaşyklarynda mähremlik ýitýär we dartgynlyk emele gelýär. Bu bolsa ösen kämil jemgyýetde ýol berilmeli ýagdaý däldir, sebäbi jemgyýetiň jebisligini gowşadýar hem-de ýurtda amala aşyrylýan özgertmeleriň kadaly dowam etmeginde bökdençlikleri döredýär. Aýdylanlardan şahsy bähbidiňden galmaly diýen pikir gelip çykmaýar, ýöne ol hiç bir ýagdaýda jemgyýetçiligiň bähbitlerine çapraz gelmeli däl, mesele iki bähbidiň sazlaşygyny tapmakdadyr.

Arkadag Prezidentimiziň jöwher zehininden dörän ahlak eserinde jemgyýetçilik bähbitlerini öňde goýmak meselesine juda akylly-paýhasly çemeleşilýär. Onda her halatda il-ýurt bähbidi elmydama öňde tutulýar. Munuň anyk subutnamalary eserde köp duş gelýär. Mysal üçin, Berdimuhamet aga özi kümede diýen ýaly ýaşap, şol döwürde üýtgeşik görülýän bişen kerpiçden polly-potolokly mekdebiň jaýyny obadaşlarynyň kömegi bilen salýar ýa-da ynha ýaş Mälikguly öz dostlary bilen obanyň gyşyň sowuk gelmeginden kösenýän adamlary üçin ýakmaga odun, mallary üçin meýdandan ot daşaýarlar. Bilşimiz ýaly, durmuşyň asyl manysy hem jemgyýete peýdaly işleri köp etmekde bolup durýar.

## 25) Ata-enä hormat goýmak

Beýik Ýaradandan soňra ataň-eneň gullugynda bolmak şerigatyň hökmany talaplarynyň esasysy bolup durýar. Bu ahlak kadasy asyrlaryň dowamynda türkmenleriň kalbyna günibirin siňdirilip gelinýär. Türkmen halkynyň ahlak kadalarynyň ulgamynda ogul-gyzyň ata-enesine bolan hormat-sylagynyň derejesi durmuşda her bir ynsanyň adamkärçiligine, ahlak keşbine baha bermegiň esasy ölçegleriniň biri hökmünde garalýar.

Çagalaryndan nägile bolup ýaşap, ahyrynda hem kösenip dünýeden ötüp gidýän ata-enelerem ilçilikde ýekde-ýarymda duş gelýär. Ata-enesine ideg etmeýän perzentleriň halkyň içinde dili gysga, abraýy hem pes bolýar. Iň gyzykly ýeri-de şu keç ykbalyň soňlugynda şu zeýilli ynsanlaryň özlerine-de miýesser bolmagy gaty ahmaldyr. Atañ-eneň barada edýän aladalaryň çyn ýürekdenmi ýa-da göz üçinmi, ony il-gün dessine kesgitleýär, ýüzüňe hakykaty aýdýanlaram tapylýar.

Ata-enä hormat goýmagyň, olary ezizlemegiň ahlak nusgasyny seljerilýän eserden döwlet Baştutanymyzyň kyblasynyň mysalynda aýdyň görmek we bu hakykata ýürekden guwanmak bolýar. Ata-enesiniň aýdanlaryny wagtynda göwnejaý berjaý etmekden ötri, ýaş Mälikguly olaryň isleglerini diýdirmezden aňlap, ata-enesiniň göwnünden turmaga çalyşýar. Ýaş Mälikgulynyň hereketlerindäki edeplilik, tutanýerlilik, töwekgellik, wepalylyk, mähremlik, mylaýymlyk ýaly päk ynsan duýgularynyň her bir okyjynyň öz ata-enesine bolan garaýyşlaryna oňyn täsirini ýetirýändigi şübhesizdir. Şu jähetden hem romanyň möhüm terbiýeçilik ähmiýeti bardyr.

# III bap. YNSAN ÖMRÜNIŇ MEÝILNAMASY

## 3.1. Ömür manysyndan bir kelam

### Ömür otlusy

Adamyň ömri Günüň dogýan ýerinden onuň ýaşýan ýerine barýan otla çalym edýär. Ynsan durmuş otlusyna münüp *(dünýä inip)*, ýagty jahana seýil edip, ahyrynda hem ondan bialaç düşürilýär *(dünýeden ötýär)*. Adaty otludan tapawutlylykda bu otla müneňde-düşeňde ýanyňda goş-golamyň bolmaýar. Şeýle-de bolsa gezelenç döwrüni haku-nähak ýollar bilen diňe maddy gymmatlyklary toplamaga sarp edýän adamlar bar. Otlyň «gözegçisiniň» bardygyna ol adamlar kän-bir parham edenoklar. Bu bendeler döwletiň kanunlarynda bellenen jogapkärçilikden, soňraky hasaplardan gorkmaýan bolarly.

Ömür otlusy dürli begençli hem gynançly wakalara baý. Ynsan çagasy munda ýeňýärem, ýeňilýärem, birgiden haýru-şer işlere-de başyny goşýar. Umuman, durmuş ýoly kyn hem çylşyrymly. Ol başgaça bolup-da bilmez, sebäbi ynsan ömrüniň baş wezipesi durmuşyň göze görünýän-görünmeýän synaglaryna döz gelmek, olary üstünlikli ýeňip geçmek bolup durýar. Zemin ýaşaýşynyň özüne bakna ediji duzaklary kän. Şoňa görä-de, adam ömür otlusynda aldawa düşmezlik üçin, durmuş synaglaryna hemmetaraplaýyn taýýarlykly bolmaly. Ol her bir ynsandan aýratyn tutanýerliligi, başarjaňlygy, paýhaslylygy talap edýär.

### Ahlagyň mizemez sütünleri

Ömrüňi many-mazmunly ýaşamak üçin durmuş ýoluňy dogry saýlap almagyň örän möhüm bolup durýar. Munuň üçin ilki bilen her bir şahsyýetiň ykbalynyň özenini düzýän köňül arzuwlaryny, ýagny durmuş maksatlaryny dogry kesgitlemegi gerek. «Guş ganatsyz, adam arzuwsyz ýaşap bilmez» diýilýär. Ýagşy arzuwlary hyýalynda beslemeýän adam hem edil ganatsyz guş kimindir, «uçup bilmän»

ýöne towsaklap ýörendir. Arzuwsyz ýaşamak ýa-da ýaman oý-hyýallara ymtylmak ömrüňi bimany geçirmekdir, özi-de kemakyllykdan nyşandyr. Türkmen nakyllarynda «Bahylyň bagy gögermez, gögerse-de, miwe bermez» ýa-da «Bir özüňi bilmek nadanlykdyr» diýlip aýdylýar. Elbetde, erbet niýet-päl bilen oňyn netijelere ýetilmeýär. Türkmençilikde telek iş edýän adama «Niýetiňi-päliňi düzüw tut!» diýip, ony dogry ýola salmaga çalyşýarlar.

Aslynda ynsan çagasy ýagşy arzuwlar bilen dünýä inýär. Ýagşy arzuwda ýaşamak, umuman, adamyň tebigatyna mahsus. Ýöne ýerden «Ýagşy niýet – ýarym döwlet» diýilmeýär. Adam ömrüniň dowamynda edep alýar, okaýar, zähmet çekýär, maşgala gurýar, çagalaryny terbiýeleýär we olary durmuşa ugrukdyrýar. Ýokary ahlakly adam şu durmuş «duralgalarynyň» ählisinde hem ýagşy arzuwlara köňül berip ýaşaýar, diňe jemgyýete peýdaly işlere özüni bagyşlaýar, mümkingadar köp sogaplary gazanmagy maksat edinýär. Sogaplaryň bolsa seniň geljekki üstünlikleriň, bagtyýar durmuşyň buşlukçylary bolup durýar. Şu ýörelgä eýerýän her bir ynsan şu pursatdaky öz islendik kynu-ýeňil gününden hoşal bolup, öňünde täze ýagşy belentliklere ýetmegiň hyýalynda bolup ýaşamalydyr.

Ýagşy arzuwlar hem amallar aýrylmaz bitewilikdir, olaryň biri beýlekisinden gelip çykýar, ýagny amallar niýetlere görä diýlenidir. Işjeňlik görkezmän, ýöne ýatan ýeriňden ýagşy niýet edeniň bilen arzuwyňa ýetmersiň. Ýagşy arzuwdyr hyýallar çuňňur akyl-paýhasa eýerýän yhlasly zähmetiň netijesinde hasyl bolýandyr. Onsoňam durmuşyň süýjüsi hem höziri arzuwlaryňa kynçylyk bilen ýetilende has-da aýdyň duýulýandyr. Çünki bu ýerde seniň gündelik gaýgy-aladalaryň, irginsiz der döküp ýeten zähmetiň miweleri ýatandyr. Kynçylyklar adamyny ähli babatda özgerdýär, ynsanda durnukly häsiýetleri terbiýeleýär, oňa geljekde öňünde döräp biläýjek oňaýsyz ýagdaýlardan üstünlikli baş alyp çykmagyna ýardam berýär. Şoňa görä-de, kynçylyklaryň soňy ösüşe, kämillige alyp barýan ýagty ýoldur diýip, ynamly aýdyp bolar. Kynçylyga sezewar bolmadyk, ýagny elmydama ata-enesiniň ýa-da ýakynlarynyň ganatynyň astynda bolan adam üçin ýönekeýje durmuş synagy-da çykgynsyz ýagdaý bolup görünýär, ony ejiz güne salýar.

Edil şu gün seniň gün-güzeranyň, saglygyň ýa-da başga bir ýagdaýyň pes bolmagy ähtimal. Şonda-da biziň hemmämiziň ýokarda beýan edilen durmuş ýörelgesine eýermegimiz öte wajypdyr. Görüp otursaň ilçilikde seniňkiden-de beter kyn günde ýaşaýanlar, has çökderräk güzerany başdan geçirýänler bardyr. Onda bu bendeler näme etmeli?! Barybir ykbalyňdan nägile bolanyň bilen hem oňyn tarapa üýtgeýän zat ýokdur. Mümkin ahlaksyz, bikanun ýollar bilen ýaşaýyş şertleriňi gowulandyryp bolar, ýöne munuň özi binýatsyz jaý galdyran ýalydyr, ygyň ugruna çala şemala hem gaýdyberer. Umuman, ahlaksyz hem bikanun ýollar bilen ýetilen üstünlikler gorkulydyr, soňunyň nireden çykjagy we näme bilen gutarjagy belli däldir. Arassa-halal ýol bilen gazanylmadyk netijeleriň ygtybarsyzdygy, wagt babatda çäklidigi hakdyr, özi-de adamzat taryhynda nijeme gezek subut bolandyr.

Durmuşda ýagşy arzuwlar hem amallar seni eşretli günlere ýetirýändir, ýaman niýetler hem amallar bolsa päliňe görä «hasyl» berýändir. Ýere haşal otuň tohumy taşlanyp bugdaý dänesi alynýan däldir. Kalbyňda ýagşy hyýallara atlanyp, peýdaly amallar bilen bolmaly, maksadyňa ýetmek üçin ýürekden dalaş etmeli. Seniň diýeniň çykmadymy, ruhdan düşmän, ýagşy arzuwlar ugrunda göreşi dowam etmeli. Onda-da bolmadymy, lapykeçlige ýol bermän, başga bir tarapa sowulmaly, durmuş giňişliginde ýagşy arzuw-hyýally ýoldur ýodalar kändir, ykbalyň yzyna sabyrly düşübermeli. Ýagşy niýet hem dogry amallar ahyrynda seni garaşýan bagtyýar durmuşyňa ýetirer.

Durmuş ýoluňda emeli päsgelçilikleriň döredilýän wagtlary-da bolýar. Has beterem garaşmaýan adamlaryňdan saňa biwepalyk edilýän pursatlaryna duşýarsyň. Şu ýagdaýda sen özüňi nähili alyp barmaly? Ýeňleriňi çermäp, aldym-berdimli urşa girmelimi, şeýle bolanda seniň gazanjagyň näme? Uruşda iki tarapam ýepbeklenýär, şikes alýar, mümkin netijede bir tarap ýeňýändirem. Ýöne şu pidalar gerekmikä, ýeňiş gazanan hakykatdan hem ýeňijimikä ýa-da ol hem uruşdan jebir çekenmikä? Ýagşy niýetler bilen dünýä inderilen adam üçin şu çemeleşme jemgyýet tarapyndan makullanjak hereketmikä? Onda näme etmeli? Bu ýönekeý bolmadyk soraglaryň hemmesine bir jogap – «It üýrer, kerwen geçer» etmeli hem-de bolgusyz aladalara, gep-gürrüňlere gyzyldan gymmatly wagtyňy sarp etmeli däl. Hiç

kimden göwünem etmeli däl, nägile-de boljak bolmaly däl. Sen öz ýagşy arzuwlardyr amallaryň bilen ýaşamaly. Her günüňi, durmuşyň her bir minutyny şady-horramlyga öwürjek bolmaly. Şu ýagdaýda seniň isleýän sapaly durmuşyň hökman gapyňdan geler, alnyňdan nur bolup dogar.

## Uçuş zolagy

Dikuçar bilen ýokary tizlikli harby uçarynyň uçuş zolaklary tapawutlydyr. Edil şonuň ýaly durmuşda hem her bir şahsyýetiň öz «uçuş belentligi, ýagny zolagy» bolýar. Şol uçuş zolagyňda sen özüňi bagtyýar duýmany hem manyly ömür sürmäni başarmaly. Kanagatly durmuşa ýetmek üçin elde baryňy edip, kämil terbiýe almaly, arassa-halal okamaly hem-de yhlasly zähmet çekmeli. Tebigatyň saňa beren zehinine we ukybyna görä durmuşda öz mynasyp ornuňy tapjak bolmaly. Tutanýerli we irginsiz zähmetiň bilen köp üstünliklere ýetip bolýar. Ýöne her bir adamyň öz şahsy mümkinçilikleriniň çägini ölçerip bilmegi gerek. Göterip bilmejek agramyňy galdyrjak bolmaly däl. Biliňi oňurmagyň mümkin, gülkä galjagyň-a asla gürrüňsizdir. Hemme adam alym, kosmonawt ýa-da sportda dünýäniň çempiony bolup bilmez. Gara zähmetiňden-de ötri bu ugurda tebigatyň diňe seniň üçin eçilen aýratyn başarnyklaryň bolmalydyr. Öz «uçuş zolagyndan» esassyz ýokary galjak bolýan adam hökman heläkçilige uçraýandyr.

Eždatlarymyzyň dana pähiminde «Özüni tanan weli» diýilýär. Gynansak-da durmuşda şu filosofiýa känbir pitiwa edilmeýär. Ýaşlykdan hemmäniň arzuwy başarsyn-başarmasyn ýokary bilim almak, jogapkär wezipelerde işlemek. Elbetde, kämil bilimden hem ylymdan, ýokary medeniýetden zyýan çeken ýok. Şu maksatlara ýetmek üçin dalaş etmegiň özi hökman oňlanylmaly hem goldanylmaly arzuw-hyýallar. Şeýle-de bolsa herki şahsyýet durmuş maksatlaryny ukypdyr başarnyklaryna görä meýilleşdirmeli. Onsoňam isläniň bolmagy seniň şüküriňe hem-de sabryňa bagly. Ýöne ynsan hiç bir ýagdaýda hem ruhdan düşmeli däl, «Ýykylan göreşden doýmaz» etmeli. Ata-babalarymyz şu durmuş hakykatlaryny göz öňünde tutup, «Yhlas bilen aglasaň, sokur gözden ýaş çykar» diýen bolmaly. Şu ýörelgä

eýerilende durmuşda haçanda bolsa belli bir ugurda sen hökman oňyn netijelere ýetäýmeli.

Adam ömrüniň agramly bölegi zähmet meýdanynda geçýär. Durmuşda öz arzuwlan zähmet ýoluny tapan we höwes edýän işi bilen meşgul bolýan ynsan iň bagtly adamdyr. Ynsan öz edýän işinden hökman lezzet alaýmaly *(alym ylmy açyşyndan, daýhan ýetişdiren bol hasylyndan, telekeçi öndüren geçginli harydyndan)*, ýogsam onuň durmuşy ikuçsyz azapdyr güzaba, bimany wagt geçirmä öwrülýär. Zähmetiň eklenç çeşmesi bolmagy ikinji derejeli meseledir. Uly aýlyk-gazançly, girdejili, ýöne işine sowuk-sala çemeleşýän bagtsyz adamlar ilçilikde duş gelýändir. Şonuň üçin her bir şahsyýet ukypdyr başarnyklaryna görä durmuşda öz zähmet ýoluny tapmaga çalyşmaly.

Adatça, ýetginjegiň geljekki ykbalyny, ýagny onuň nirede we haýsy hünär boýunça zähmet çekmelidigini onuň ata-enesi we beýleki ýakynlary kesgitleýär. Köplenç halatlarda bu adamlar seniň durmuş islegleriňi, esasan-da şahsy mümkinçilikleriňi, olaryň hödürleýän ugry boýunça işläp biljegiňi-bilmejegiňi göz öňünde tutmaýarlar. Çeper eserlerden hem filmlerden paşmadyk ykballaryň mysallaryny näçe getirseň-de yzy egsiler ýaly däl. Sen hökman maşgala kesbini dowam etdirip, beýik sazanda, hudožnik ýa-da lukman bolaýmaly. Sen saza ýa-da çeper sungata düşünýäňmi, gana gözüň düşende özüňi ýitirmän saklanyp bilýäňmi... Her bir ynsanyň öz durmuşyny diňe onuň täk özi ýaşamalydygyna bu adamlar düşünmeýän bolarly. Her bir şahsyýet tebigatyň indi gaýtalanmajak «sungat eseri» bolup durýar. Şonuň üçin hem seniň durmuşyň başga bir şahsyýetiň ömür ýoluna dolulygyna meňzäp bilmez, ony gaýtalajak hem bolmaly däl. Sen öz ukyplaryňa hem başarnyklaryňa görä ýaşamaly, özüňçe durmuşyň hözirini görmeli.

Ata-babalarymyz «Boljak oglan ýaşlygyndan bellidir» diýip, örän ýerlikli aýdypdyrlar. Şu pähimden ugur alyp, ýetginjekleriň köňül arzuwlaryny ölçerip-döküp, ata-eneler ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar ýaşlara durmuş ýoluny dogry saýlap almakda tejribeli adamlar hökmünde degerli maslahatlary berip bilerler. Şeýle-de bolsa her halatda bu ykbal kesgitleýji meselede gutarnykly netijäni

ýaşlaryň özleri çykarmalydyrlar. Seniň içki arzuw-hyýallaryňy, şahsy mümkinçilikleriňi özüňden gowy ölçerip biljek ýokdur.

Ýetginjegiň şahsyýet hökmünde kemala gelmeginde «jemgyýetçilik gurşawynyň» täsiri hem örän uludyr. Jemgyýetçiligiň ösüp barýan adama täsiri köpugurly ýüze çykýar. Mysal üçin, seniň saýlap alýan ýol-ýörelgäň köp derejede tirkeşýän adamlaryňa hem bagly. «Ýigidi dostundan tana» diýen köneden gelýän dana pähim bar. Durmuşda gatnaşýan adamlaryňy saýlamany başarmaly. Dostlaryň (joralaryň) her bir işde ýagşy arzuwlara hyýallanýan, il bähbidi üçin özüni gaýgyrmaýan, gep-gürrüňden daşda gezýän, göriplikdir bahyllyk häsiýetinde ýok adamlardan bolmaly. Şeýlekin adamlar seniň durmuş ýoluňda duşmadymy, onda ýekeräk gezeniň kän ýagşydyr. Dostuň garga bolsa, iýmitiň näme boljagy bellidir. Spirtli içgilere we neşe serişdelerine ýykgyn edýän, nas ulanýan we beýleki pes häsiýetli hereketlere ýol berýän adamlar bilen gatnaşykda bolmak şahsyýetiň ýokary ahlakly adam hökmünde kemala gelmeginde ýaramaz täsirini ýetirýär.

## Şu gün – ertiriň binýady

Ýapon halky gadymy medeniýeti, baý däp-dessurlary bilen tanalýar. Bu halkyň ýörgünli pähimleriniň birinde «Ertir ýok, şu gün bar» diýip aýdylýar. Musulman dünýäsinde hem şerigatyň kadalaryna görä şu günüň aladalary bilen ýaşamalydygy ündelýär, sebäbi ertiriň boljagy entek gümana hasaplanylýar. Ynsan tebigatyň her bir eçilen gününi ýagşy arzuw-hyýallar bilen garşylap, haýyrly işler bilen meşgul bolmaly, ýagny ruhubelentlik bilen ýagşy niýetlerini durmuşa geçirmäge ýürekden dalaş etmeli. Özüň, maşgalaň, jemgyýet üçin gündelik etmeli işleriňi meýilleşdirmeli. Ýalta adam iş etmegiň deregine elmydama bahana gözläp gününi geçirýär ýa-da ugruny tapsa şol işi başgalaň üstüne atmaga çalyşýar. Tabşyrylan işi ertä goýýan adam jogapkärsizdir, durnuksyzdyr, oňa çynlakaý meselede bil baglap bolmaýar.

Her bir ynsan diňe öz edýän hereketleri barada oýlanmalydyr, olar üçin täk özi jogap bermelidigine düşünmelidir. Başgalaň etme-

li işleri seni alada goýmaly däldir. Borç hem jogapkärçilik diýen düşünjeler ynsanyň abraý-mertebesi bilen baglanyşdyrylýar. Şoňa görä-de, jemgyýetde esasy zat hukuklaryňdan peýdalanmak däl-de, borçlaryňy ýerine ýetirmekdir, ýagny ahlagyň hem-de kanunyň kadalarynyň öňündäki jogapkärçiligi duýup ýaşamakdyr, özgeler (jemgyýet, döwlet, şahsyýet) üçin her gün peýdaly işleri bitirip, olaryň alkyşlaryny almakdyr we egsilmez sogaplary gazanmakdyr.

Ýalňyşlyklaryň, goýberilen mümkinçilikler we bisarpa ulanylan wagt babatda ahmyr çekeniň bilen üýtgejek zat ýokdur. Wah, şeýitmeli däldim, ýalňyşdym, bu pursat indi mende gaýtalanmaz... Geçeni geçdi bilmeli we geçmişi geljegiň üçin sapak edinmeli, ýagny mundan buýana wagty tygşytly ulanmanyň hötdesinden geljek bolmaly. Esasy mesele-de şu günki etmeli işleriňi birkemsiz ýerine ýetirmekdir, başarsaň ertir üçin meýilleşdiren işleriňi hem şu gün amal etmekdir. Çünki türkmençilikde «Galan işe gar ýagar» diýip örän ýerlikli aýdylýar. Şu günki çeken yhlasly zähmetiň seniň ertiriň ygtybarly binýadydyr.

Umuman, ýaşaýşy mekdep hökmünde kabul etmeli we her bir durmuş meselesinden özüň üçin degerli sapak almaly. Ýöne hiç bir ýagdaýda hem ah çekip bikar alada galmaly däl. «Müň gaýgy bir iş bitirmez» diýen nakyly ata-babalarymyz ýöne ýerden oýlap tapan däldirler. Aladalar seni bulaşdyrýar, dogry ýoldan sowýar, ýagşy arzuwlar barada pikir etmäge goýmaýar. Sen bir kelebiň ujuny ýitiren adama meňzeýärsiň. Aladalar seniň garşyňa işleýän alamatdyr. Olar bilen tiz hoşlaşmasaň «hassalykdan» açylmarsyň, hiç bir işiňde ugrukmaz. «Ederini bilmeze ýagy ne hajat» diýlenidir. Aladalar seniň duşmanyň, özi-de iň bir ganym duşmanyňdyr. Olar saňa hiç bir duşmanyň ýetirip bilmejek zyýanyny ýetirip bilýändir, sebäbi olar adamynyň beýnisini iýýär, ony guradýar, maksada okgunly hereket etmäge bermeýär. Bolgusyz aladalar köp boldugyça, adamyň beýnisi şonçada zor görüp bisarpa işleýär. Netijesiz aladalary unudyp gündelik özüň, maşgalaň we jemgyýet üçin görnetin peýdaly zatlaryň pikirini etmeli. Ýagşy umytda bolmak bilen şol ugurda göreş alyp barmaly, anyk işleri ýola goýmaly.

Ynsan arzuwly durmuşa ýetmek üçin bilim alýar, zähmet çekýär, maşgala gurýar. Elbetde, bagtyýar döwür sürmeklik maddy bolelinligi hem göz öňünde tutýar. Umuman, baýlyga ymtylmak hemmä mahsus bolsa gerek, özi-de ol jemgyýetçilik tarapyndan adaty bolmaly garaýyş hökmünde kabul edilýär. Şeýlede bolsa, hiç bir jemgyýetde, hiç bir döwürde maddy gymmatlyklar adamzat ýaşaýşynyň asyl many-mazmunyny kesgitlemändir, durmuşyň baş maksady hasaplanmandyr.

Ynsan üçin esasy zat ömrüňi at-abraýa dalaş edip, jemgyýete peýdaly adam bolup ötürmekdir. Adam dünýeden gaýdandan soňra ýatlanyljak zat diňe onuň ýagşy amallarydyr. Şu filosofiýadan ugur alyp, her bir ynsan herki ýaşan gününi jemgyýet üçin peýdaly işlere bagyş etjek bolmaly. Şu mesele bilen bagly garaýyşlarymyzy gündogaryň belli alymy Robin S. Şarmanyň şu jaýdar aýdan pikiri bilen jemläsimiz gelýär: «Biz dünýä inenimizde aglaýarys, dünýä bolsa ýene bir ynsanyň doglanyna begenýär. Ýagty jahany terk edenimizde biz begenip gider ýaly, dünýä bolsa biziň ölümimize gynanar ýaly derejede ýaşalyň!» Dogrudan hem arassa-halal ýagdaýda il-günüňe peýdaly adam bolup ýaşap, Jennet sary ýola rowana bolan adam üçin gynanmaga esas ýokdur.

Size Arkadag Prezidentimiziň saýasynda tebigatyň eçilýän, özi-de öwezi dolunmaýan her bir indi gaýtalanmajak gününi ýagşy arzuw-hyýallar hem amallar bilen garşylap, mümkinçilikleriňiziň çäginde manyly ömür sürmegiňizi ak ýürekden arzuw edýäris!

## 3.2. Wagt seniň iň gymmatly baýlygyň

Adamyň ömri juda gysga. Turuwbaşdan etjegiňi bilmän ýaşasaň-a, ol has-da gysga görünýär. Çünki sen ömür wagtyňy bisarpa ulanan, ony ýele sowuran adam bolýaň. Düşnükli hakykat, «ýalňyşaýdym» diýeniň bilen bimany geçiren ömür pursatlaryňy yzyna dolap, durmuşy täzeden, ýagny ak kagyzdan başlap bolmaýar. Ömür kerweni gidip otyr, ol hiç ýerde dyzyny-da epmeýär, ýatyp dynjyny hem almaýar. Bu ýörişde alanyň özüňki, indi gazanjagyňam diňe saňa bagly. «Ederini bilmeze ýagy ne hajat» diýip, ata-baba-

larymyz diýseň, ýerlikli aýdypdyrlar. Hawa, etjegiňi-goýjagyňy bilmeli. Onda-da ömrüň bütin dowamynda, onuň ululy-kiçili her bir duralgasynda, herki täze başlanýan gününde, hepdesinde, aýynda, ýylynda amal etmeli işleriňi deslapdan meýilleşdirmäni başarmaly.

Adatça, adamyň ömrüni, esasanda onuň zähmet ýoluny meýilleşdirmek mekdep ýyllaryndan başlanýar. Durmuşda her bir ýaş oglan ýa gyz islegi bolan ýagdaýynda ýokary ýa-da orta mekdebe okuwa girmek üçin, orta mekdepde bilim alýan döwründen şahsy mümkinçiliklerinden ugur alyp, geljekde öz höwes edip zähmet çekip biläýjek ugruny kesgitlemäni başarmaly. Maksadyna ýetmek üçinem degişli okuw mekdebiniň synag tabşyrylýan dersleri boýunça ýörite taýýarlanan şahsy meýilnamasy esasynda bilimini ýyllaryň dowamynda üznüksiz artdyryp gezmeli.

Geljekde okuwyny dowam etdirmäge höwesi bolmadyk ýaşlar öz ukyplaryna we başarnyklaryna laýyklykda bütin ömrüne yhlasly işläp biläýjek hünärini saýlamanyň aladasyny etmeli. Bu topara degişli ýaşlaryň arasynda öz zähmetiniň netijeliligini ýokarlandyrmak isleýänleriniň ýörite hünär okuw mekdeplerinde ýa-da gysga möhletli okuwlarda bilimlerini artdyrmak zerurlygy hem ýüze çykyp biler.

Ýokarda beýan edilenlerden ugur alynsa, wagtyň adam üçin örän wajyp ähmiýetiniň bardygyna aňsat göz ýetirse bolýar. Wagt ynsan üçin maddy baýlyklardan hem ýokarda durýan iň gymmatly hazynadyr. Islendik baýlyk ýaly, ol özüniň tygşytly harçlanmagyny talap edýär. Wagty rejeli ulanmagyň syrlary nämedekä?! Elbetde, bu sowal bilen bagly onlarça filosofik garaýyşlar bolup biler. Biz hem şu ýerde käbir gysgajyk pikirleri aýtmakçy hem-de ýaşlara degerli maslahatlary bermekçi bolýarys.

Zemin ýaşaýşynyň aýratynlykda biziň her birimize ömür sürmek üçin ölçenip berlen wagty ynsanyň wagt baýlygydyr. Adam ömrüniň her bir döwründe diňe şol pursatda etmeli işleri bolýar, olary amal etmegiň wagtyny öňe-yza çekip bolmaýar. Adam ömri ýyldyrym çaltlygynda geçýär, wagtyň yzyndan kowalap ýetjek ýa-da öwezini doljak gümanyň ýok. Wagty agyzdyryklamagyň diňe bir ýoly bar, ol hem ony rejeli ulanmany başarmak, ugruna düşse, tygşytlamak, ýagny er-

tir etmeli işleriňi şu gün berjaý kylmak. Wagtyň netijeli we tygşytly ulanylmalydygy barada şerigatyň kadalarynda hem nygtalyp geçilýär.

Wagty rejeli ulanmagyň ilkinji ädimleri zemin ýaşaýşynyň her döwrüniň özboluşly durmuş maksatlaryny dogry kesgitlemekden başlanýar. Soňra şol maksatlardan gelip çykýan wezipeler anyklanylyp, olaryň her haýsy bilen bagly hökmany amal edilmeli işler meýilleşdirilýär. Şu ýerde baş mesele hem her döwrüň öz ululy-kiçili maksatlaryny wajyplygyna görä belli bir logiki yzygiderlilikde aýdyň görnüşde anyklaşdyrmak bolup durýar.

## Kämillik ýaşa çenli döwür

Çagalykda hem mekdep ýyllaryňda sen öz wagt baýlygyňy nämä harçlamaly?! Elbetde, ilkinji nobatda seniň maksadyň kämil ahlakly adam bolup ýetişmek, ygtybarly bilim almak hem-de sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek bolup durýar. Bu maksatlar, olardan gelip çykýan wezipelerdir işler özara arabaglanyşykda bolup, biri beýlekisiniň üstüni doldurýar hem-de baýlaşdyrýar.

**Kämil ahlakly şahsyýeti kemala getirmek maksady bilen bu ugurda türkmen jemgyýetinde, esasan, şu wezipeler hökmany ýagdaýda göz öňünde tutulýar:**

halkyň däp-dessurlaryny, urp-adatlaryny, edim-gylymlaryny, ýagny halkyň mentalitetini (milli aýratynlyklaryny) ösüp gelýän ýaş nesilleriň arasynda wagyz etmek;

ahlak-hukuk kadalaryna sarpa goýmany hem-de olary gyşarnyksyz berjaý etmäni ýaşlaryň aňyna guýmak;

ata-eneňe, ýakynlaryňa hem-de jemgyýetiň islendik agzasyna we bütin jemgyýete her bir meselede ýardam bermäni geljekki nesillere öwretmek;

hiç bir ýagdaýda durmuşda sussupeslige we göwnüçökgünlige ýol bermezlik häsiýetini ýaşlarda terbiýelemek.

**Agzalan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek üçin ýaşlar arasynda umumylaşdyrylan görnüşde, ilkinji nobatda, şu işler yzygiderli amala aşyrylýar:**

türkmen halkynyň mentaliteti ýaş nesle onuň taryhy köklerini inçeden yzarlamak bilen beýan edilýär;

türkmen halkynyň mentaliteti beýleki halklaryň mentaliteti bilen deňeşdirilip, onuň tapawutly aýratynlyklary ýaşlara açylyp görkezilýär;

öz halkyň mentalitetine sarpa goýmak, ony gorap saklamak we geljekki nesillere ýetirmek ýaşlara nesihat edilýär;

ahlak-hukuk kadalarynyň berjaý edilmeginiň her bir şahsyýet hem-de bütin jemgyýet üçin bähbitlidigi ýaşlara düşündirilýär;

ahlak-hukuk kadalaryny berjaý etmezden ösen döwleti, raýat jemgyýetini gurup bolmaýandygyny anyk mysallaryň üsti bilen ýaş nesliň aňyna guýulýar;

ata-eneňe hem-de ýakyn garyndaşlaryňa ýardam etmegiň, esasan-da maddy taýdan kömek bermegiň raýatlaryň ahlak we käbir halatlarda kanuny borjudygy ýaşlara öwredilýär;

jemgyýetçilik bähbitleriniň şahsy bähbitlerden ileri tutulmagynyň soňlugynda her bir şahsyýetiň öz maksatlaryna ýetmegine getirýändigini ösüp gelýän ýaş nesle aýdyň görnüşde aýan edilýär;

ýaşlara her bir işde ruhubelent, tutanýerli, başarjaň, gaýduwsyz bolmaklary ündelýär.

**Kämil bilimli şahsyýeti kemala getirmek maksady bilen terbiýeçilik işinde bu ugurda, esasan, şu wezipeleriň amala aşyrylmagyna möhüm ähmiýet berilýär:**

ýurtda bilim bermegiň ýokary hilini we derejesini üpjün etmek;

bilim bermegi halkara standartlarynyň talaplaryna laýyk getirmek;

adam ömründe bilimiň ykbal kesgitleýji güýçdigini ýaş nesillere düşündirmek.

**Bellenilip geçilen wezipeleri durmuşa geçirmek üçin şu ugurdaş işler häzirki döwürde degişli döwlet edaralary tarapyndan netijeli ýerine ýetirilýär:**

orta mekdebiň, şol sanda çagalar bagynyň okuw meýilnamalary, kitaplary, gollanmalary döwrüň talaplaryna doly gabat getirilip taýýarlanylýar;

çagalar baglary we mekdepler işiniň ussady bolan pedagoglar bilen üpjün edilýär hem-de olaryň hünär derejeleri yzygiderli ýokarlandyrylýar;

daşary ýurtlaryň bilim ulgamynyň baý tejribesi önümçilige üznüksiz ornaşdyrylyp durulýar;

ýaşlaryň ýer ýüzüniň maglumat giňişliginden erkin peýdalanmaklary üçin zerur şertler döredilýär;

ýaş nesliň bilim almaga bolan hyjuw-höwesini, işjeňligini, jogapkärçiligini artdyrýan çäreler durmuşa geçirilýär;

ýaşlaryň dünýägaraýşynyň we gözýetiminiň giňelmegine täsir edýän okuwdan daşary çäreler işlenip düzülýär;

ýaşlara daşary ýurt dillerini öwrenmekleri üçin ähli mümkinçilikler döredilýär we beýlekiler.

**Sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek maksady bilen jemgyýetimizde bu ugurda, esasan, şu wezipeler amal edilýär:**

ýurtda döwrebap sport toplumlaryny döretmek işini ýaýbaňlandyrmak;

sagdyn durmuş ýörelgesini ýaşlaryň arasynda giňişleýin wagyz etmek;

türgenlerimiziň halkara sport çärelerine işjeň we netijeli gatnaşmaklaryny üpjün etmek.

**Ýokarda agzalan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek üçin bu ugurda, ilkinji nobatda, şu işler giňişleýin amala aşyrylýar:**

ýurdumyzyň ähli künjeklerinde sport desgalaryny gurmak işi dowam etdirilýär;

sport çärelerine ilatymyz, esasan hem ýaşlar köpçülikleýin çekilýär;

halkara derejesinde geçirilýän dürli sport çärelerine türkmen ýaşlary işjeň gatnaşdyrylýar;

halkara sport çäreleriniň ýeňijilerini yzygiderli sylaglap durmak meselesine aýratyn üns berilýär;

baýramçylyk çärelerine bagyşlanyp ýaşlaryň arasynda dürli sport ýaryşlary guralýar;

ýaşlaryň içinde ýaramaz endik-gylyklaryň ýaýramazlygy üçin köpugurly öňüni alyş çäreleri geçirilýär hem-de sagdyn durmuş ýörelgesi wagyz edilýär we ş.m.

## Ýetginjeklik döwri

Kämillik ýaşyna ýeten, ýagny on sekiz ýaşan ýetginjekler harby gulluga gidýärler, gyzlar bolsa, özlerine mynasyp hünär edinmäniň aladasynda bolýarlar. Umuman, ýetginjeklik döwründe hem ýokarda bellenilip geçilen durmuş maksatly ýörelgelerden ugur alynýar, esasan-da okuwuny dowam etdirýän ýaşlar üçin olar aýratyn mahsusdyr. Elbetde, ýokarda bellenip geçilen meýilnamalar many-mazmun babatda ösdürilýär, täze maksatlar we olardan gelip çykýan döwrebap wezipedir işler bilen üsti ýetirilýär.

Esger döwrüniň maksatlarynyň we olardan gelip çykýan wezipedir işleriň özboluşly aýratynlyklary bardyr. Ýagşy arzuw-hyýally esger maksatlary ululy-kiçilidir. Esger üçin olaryň ýakynda hem-de durmuş ýolunyň soňraky duralgalarynda amala aşmalylary bolýar. Esgerlik ýyllarynyň arzuw-hyýallarynyň üstünlikli amal edilmegi seniň geljekde meýilleşdirýän maksatlaryň hem şowly hasyl bolmagyna oňyn täsirini ýetirýär. Geljekde sen zähmet ýoluňy kesgitlemeli, öýlenmeli, çaga terbiýelemeli, bilimiňi artdyrmaly. Esgerlik mekdebini geçen ýetginjek şu arzuwly maksatlara ýetmek üçin örän jogarkärli çemeleşýär.

Häzirki döwürde sen hakyky watançy bolmanyň, özi-de harby tehnikalardan hem tälimlerden ezber baş çykarmanyň pikirleri bilen ýaşamaly. Başgaça aýdylanda duralgaňa görä hereket etmeli. Herki işiň öz wagty hem ýeri bar. Uly maksatlara ýetmek üçin onuň bilen bagly bir giden kiçi zatlaryň aladasyny şu günden etmeli. Harby tälimlerden boş wagtlaryň bilim derejäňi artdyrmagyň, dünýägaraýşyňy hem gözýetimiňi giňeltmegiň aladasyny etmeli. Munuň üçin bolsa yzygiderli okamaly we dünýäde bolup geçýän zatlardan döwrebap maglumat çeşmeleriniň üsti bilen habarly boljak bolmaly, serkerdeleriň bilen bilmeýän ýa-da doly düşünmeýän zatlaryň barada söhbetdeşlige

girmeli. Umuman, sen özüňi meýilleşdirýän uly maksatlaryňa taýýarlamaly. Bu bolsa senden irginsiz zähmeti, gujur-gaýraty talap edýär.

Ýokarda agzalanlaryň hötdesinden üstünlikli gelmek üçin sen özüňe erk etmäni hem buýurmany başarmaly. «Şu pursatdan men özümi erkli adam hasaplaýaryn» – diýeniň bilen, sen şeýlekin adama öwrülmeýärsiň. Bu kyn wezipe, özi-de senden dowamly çydamlylygy, başarjaňlygy hem tutanýerliligi talap edýär. Merdiwanyň iň soňky basgançagyna ýetmek üçin ilki aşakdan ýokarlygyna onuň beýleki basgançaklaryny geçmeli. Diňe şeýdip beýge çykylýar, üstünlige ýetilýär.

Şahsy erki terbiýelemek meselesinde hem edil şonuň ýaly, başda sen kiçi kynçylyklara özbaşdak hötde gelmäni oňarmaly. Hiç kimiň täsiri bolmazdan wagtynda ýatyp-turmany, özüňe serenjam bermäni, sport maşyklaryny göwnejaý ýerine ýetirmäni endik edinmeli hem-de bu başarnyklaryňy yzygigerli kämilleşdirmeli. Serkedeleriň buýruklaryny wagtynda hem-de gyşarnyksyz berjaý etmäni, harby tehnikalardan kämil baş alyp çykmany, giň dünýägaraýyşly şahsyýet hökmünde özüňi tanatmany başarmaly. Şu endikler esger häsiýetine öwrülende sen ilhalar, ýokary ahlakly adam bolup ýetişýärsiň. Munuň özi seniň ähli geljekki üstünlikleriň hem bagtyýar durmuşyň kepili bolup hyzmat etjekdir.

Esgerlik kyn döwür däl-de kynçylykly döwür, ýagny mert ýigit çykmak üçin synag döwrüdir. Kynçylyklar adam durmuşynda edil howa ýaly zerur zat. Çünki kynçylyklarda adam ähli babatda taplanýar, kämilleşýär, durmuşyň many-mazmunyna has-da aýdyň göz ýetirýär. Aýdalyň, gullukdan soň ýokary ýa-da orta hünär mekdebinde okuwyňy dowam etdirmekçi bolýan bolsaň, sen indi synaglara has taýýarlykly barmalydygyny bilýärsiň, boş wagtlaryňy bilimiňi artdyrmaga sarp etmäge çalyşýarsyň. Elbetde, wagtyny tygşytlap, beýnisine zor salyp okuwa giren adamyň bilim almaga garaýşy we jogapkärçilik duýşy üýtgeşik gelýär. Durmuşda her bir ýeňşiň, üstünligiň zähmetdedigine, ýagny kynçylyklary ýeňip geçmek netijesinde ýetilýändigine doly düşünýär, şoňa laýyklykda hem wagtyny rejeli ulanyp ýaşaýar. Okuwa giren halatynda esger durmuşyny gören ýigit bilimiň gadyryny has gowy bilýär, sebäbi bu maksada ýetmek üçin ol giden

wagtyny hem zähmetini sarp etdi, kynçylyklara döz geldi. Bu bolsa öz gezeginde seniň üçin maksada okgunly bilim almaga, mekdebiň sport hem beýleki jemgyýetçilik çärelerine işjeň gatnaşmaga, başgaça aýdylanda jemgyýete peýdaly adam bolup ýetişmegiňde zerur şertleri döredýär.

Esgerlik ýyllarynda ýaşlaryň türkmen jemgyýetiniň kämil şahsyýetleri hökmünde kemala gelmekleri üçin eziz Diýarymyzda ähli mümkinçilikler döredilýär. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda esgerlere niýetlenip dünýä standartlarynyň iň ýokary talaplaryna laýyklykda döwrebap ýatak jaýlary, naharhanalar, sport desgalary we dynç alyş merkezleri gurulýar, olara ýeterlik mukdarda ýokary hilli tagamlar berilýär. Şu şertlerde ýaşlarymyzyň edermen ýigit çykmaklary hem-de ýokary ahlakly adamlar bolup ýetişmekleri üçin öz wagtynda esgerlik mekdebini geçmekleri zerurdyr.

Okuwyny dowam etdirmejek gyzlaryň öňünde geljekde ygtybarly eklenç çeşmesini  edinmek hem-de berk maşgala gurmak maksatlary durýar. Eklenç çeşmesini edinmegiň aladasyny gyzlar hem-de olaryň ata-eneleri maşgala gurmazdan öňünçä etmeli. Güzeranyny özbaşdak aýlamaga mümkinçiligi bolmadyk aýalyň özüne ynamy çäkli bolýar. Şeýle aýal  maşgala öz gününi özbaşdak çaramaga ukypsyz bolýar. Maşgala durmuşy ugrukman, nika bozulan halatynda, şu zeýilli aýallar kyn günde galýarlar, ata-enesine ýakynlaryna çagalary bilen alada bolýarlar.

Durmuşa çykjak gyzyň öňünde deslapdan maşgala ahlak kadalaryny özleşdirmek wezipesi durýar. Gyzlaryň ilkinji nobatda şu maşgala ahlak kadalaryna düşünmekleri we geljekde olary talap edilşi ýaly berjaý etmekleri möhümdir:

maşgalada erkek kişiniň maşgalabaşydygyny ykrar etmek bilen, onuň jebisligini hem agzybirligini saklamakda, umuman maşgalany talaba laýyk dolandyrmakda adamsyna hemmetaraplaýyn ýardam etmek;

täze maşgalasynyň içki tertip-düzgünine boýun bolmak;

ýanýoldaşynyň ata-enesini öz ata-eneňi sylaýşyň ýaly sylamak;

ähli adamlar bilen mähirli gatnaşyk saklamak;

aýalyň maşgaladaky borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmek hem-de çagalaryňa göreldeli ideg etmek we mynasyp terbiýe bermek we ş.m.

Elbetde, aýal maşgalanyň tagallalary bilen berk maşgalany döretmegiň inçe syrlary başgada bardyr, biz olaryň diňe has wajyplaryny agzap geçdik.

Ýaşlyk döwrüniň maksatlary adamyň soňraky ömür dowamynyň maksatlarynyň binýadyny düzýär. Eger-de adam durmuş arzuwlaryny turuwbaşdan dogry kesgitlemäni başaranda, onda onuň ömür ýoly, adatça, şol terzde hem dowam edýär. Ýaşlykdan wagtyny rejeli ulanmaga uýgunlaşan adam soň hem wagtyň gadyr-gymmatyny bilip, oňa sarpa goýup ýaşaýar. Wagty tygşytly ulanmany endik eden adam hiç bir işini soňa goýmaýar. Ýene bir gün ederinle, howlukmajy ýokla, ýetişerinle, gijä galmarynla – bu garaýyşlar ýalta adamlara häsiýetlidir. Ýalta adam bolsa islendik meselede hem iş etmegiň deregine bahana gözleýär. Ata-babalarymyz «Galan işe gar ýagar» diýip örän jaýdar belläpdirler. Gijikdirilen iş soňam paşmaýar ýa-da isledigiňçe netije bermeýär, şeýle hem onuň bilen bagly beýleki işleriň öňüne böwet bolýar, peýdaly işleri togtadýar. «Soň» bilen ýaşaýan adamyň ömri bimany geçýär. Durmuşda ol her bir işde diýen ýaly öz deň-duşyndan yza galýar. Berk maşgala gurup göreldeli çagalary ýetişdirmek we durmuşda öz mynasyp ornunyny tapmak oňa kyn düşýär. Adatça, şeýle adamyň il arasynda abraý-mertebesi hem öwerlikli däl. Mähriban ýaşlar, ömrüňizi many-mazmunly ýaşamak üçin söz baýlygyňyzdan «soň» diýen düşünjäni aýryp taşlaň, Arkadag Prezidentimiziň size bildirýän ynamyny ödemek üçin wagtyň gadyryny bilip ýaşalyň!

## 3.3. Ata-ene – çaganyň ahlak kämilliginiň gözbaşy

Geljekki nesliň kämil sowatly we ýokary ahlakly bolmagy köp derejede olaryň ata-enelerine bagly. Çaga dünýä inenden soňra onuň «ilkinji terbiýeçisi» we adatça, iň ygtybarly «maslahatçysy» ata-enesi bolýar. Çaga psihologiýasynyň aýratynlyklaryna baglylykda ata-

-enesiniň «aýdýanlary» hem-de «edýänleri» ogul-gyz tarapyndan hakykatyň hem adalatyň soňky we iň kämil derejesi hökmünde kabul edilýär. Özgeler çagaň ata-enesiniň ýalňyşyny tapaýsalar, bu olara ýaramaýar. Näme üçindir çaga islendik ýagdaýda başardygyndan ata-enesini aklamaga we goramaga çalyşýar. Munuň özi çaganyň her bir durmuş pursatynda öz ata-enesiniň garaýyşlaryny ýa-da hereketlerini dogry hasaplaýanlygy üçin däl-de, ýöne ata-enesi bolanlygy sebäpli şeýle edilýär.

Görşümiz ýaly, ata-enäniň çagasynyň geljekde Watanyna wepaly, il-gününe mynasyp şahsyýet bolup ýetişmeginde oňa edýän täsiri diýseň güýçli. Ata-eneň saňa beren ahlak terbiýesi, soňra jemgyýetden öz alan ahlak sapaklaryň seniň geljekde nä derejede jemgyýete peýdaly adam boljakdygyňy kesgitleýär. Diňe kämil ahlakly adam nusgawy maşgalany döredip bilýär, jemgyýetede ähli babatda hemişe peýda getirýär. Şoňa görä-de, her bir ata-ene çagasynyň ykbalynyň öňündäki ahlak borçlaryna we jogapkärçiligine aýdyň düşünip ýaşamaly.

Ýaş nesliň kämil ahlakly bolup ýetişmegi türkmen jemgyýetiniň öňünde durýan baş wezipeleriň biri bolup durýar. Çaga terbiýesini talaba laýyk üpjün etmekde çagalar baglaryndan başlap orta, ýörite we ýokary okuw mekdeblerinde köpugurly işler netijeli durmuşa geçirilýär. Bu ugurda döwletiň başga edara-guramalary hem utgaşykly terbiýeçilik işlerini alyp barýarlar. Şeýlede bolsa, islendik jemgyýetde çaganyň ahlak terbiýesi babatda aýratyn jogapkärli orun ata-enä degişlidir.

Çagalary barada gündelik alada etmek, ilkinji nobatda hem olara döwrebap terbiýe bermek ata-enäniň borjy hasaplanýar. Ýurduň esasy Kanunynda ata-eneler çagalaryny terbiýelemäge, olaryň saglygy, ösüşi, okuwy barada alada etmäge, olary zähmete taýýarlamaga, kanunlara, taryhy we milli däp-dessurlara hormat goýmak medeniýetini olaryň aňyna ornaşdyrmaga hukuklydyrlar we şol bir wagtda hem borçludyrlar diýip kesgitlenen (*27 mad.*). Döwletiň maşgala kanunçylygynyň degişli maddalarynda ýokarda beýan edilen talaplar has-da aýdyňlaşdyrylan görnüşde berkidilýär. Olar bozulan halatynda

ata-eneleriň ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilmegi ýa-da çäklendirilmegi we beýleki zerur çäreler kanunda anyk bellenilen.

Ata-eneler jemgyýetiň öňünde çagalaryny kämil ahlakly şahsyýetler hökmünde ösdürip ýetişdirmäge hem borçludyrlar. Ýokary ahlakly adamyň kanunyň kadalaryny bozmaýanlygy hemmä mälim. Şonuň üçin hem ata-enäniň çagalary babatda öz ahlak borçlarynyň ýerine ýetirilmegine aýratyn üns bermelidikleri düşnüklidir. Ata-ene çagasynyň «durmuş halypasy» hasaplanýar. Ata-enäniň ömür ýoly çagalaryna ýagşy-ýaramaz täsirini hökman ýetirýär. Ýagşy ahlakly ata-eneden çagasyna mynasyp, ahlaksyzyndan bolsa, ýaman gylyk-häsiýetler geçýär.

Ýaş çaga ata-enesiniň nädogry hereketlerine-de adaty bolmaly zat hökmünde garaýar we geljekki durmuş tejribesinde olary peýdalanmaga çalyşýar. Ata-ene çagalarynda halk köpçüligi tarapyndan oňlanylmaýan ahlak häsiýetlerini terbiýelänligi üçin jemgyýetçilik tarapyndan ýazgarylmaga mynasypdyr. Şeýle ata-eneler jemgyýetiň agzybirligine, jebisligine, kadaly ösüşine ýaramaz täsir edýärler. Ahlaksyz ata-eneleriň çagalary öz gezeginde diňe bir ahlagyň däl, eýsem, hukugyň kadalaryny hem başarsa bozýarlar, töweregindäki çagalara bolsa, ýaramaz görelde görkezýärler. Şu zeýilli çagalary jemgyýete kämil ahlakly şahsyýetler hökmünde terbiýeläp täzeden goşmak üçin jemgyýetçilik birgiden işleri geçirmeli, döwlet bolsa, çykdajylary çekmeli bolýar.

**Ýokarda beýan edilen ahlak säwlikleriniň öňüni almak we olaryň garşysyna netijeli göreşmek maksady bilen ata-eneler tarapyndan alnyp barylmaly terbiýeçilik işleriniň has möhüm ugurlaryny belläp geçeliň, şeýle hem olaryň çagalaryna öwretmeli ahlak häsiýetlerini kesgitlemäge synanyşalyň.**

**Ynsana şahsyýet hökmünde bildirilýän esasy talaplar we oňa öwredilmeli ahlak häsiýetleri:**

Watanyny ýürekden söýmäni, ony ygtybarly goramany, mähriban topragyň duzuna-nanyna gadyr goýmany;

wagty tygşytly we netijeli ulanmany, şu gün edip biljek işlerini ertire goýmazlygy, tebigatyň eçilýän her bir gününde täze üstünliklere ýetmäni;

ýaşlykdan durmuş ýoluny dogry saýlap almany, başarnykdyr ukyplaryna görä ömrüni aňly-başly meýilleşdirmäni;

durmuş pursatlaryny özbaşdak seljermäni, umumylaşdyrmany, olardan degerli netijeleri çykarmany we başgalaryň säwliklerinden özi üçin sapak almany;

durmuş synaglarynda paýhasly hereket etmäni, ruhubelent, başarjaň, tutanýerli, ugurtapyjy, öňdengörüji bolmany;

kalbynda diňe ýagşy arzuwlary beslemäni we olara ýetmäge çynlakaý dalaş etmäni;

ömrüniň dowamynda baýlyga we wezipä kowalaşman, diňe abraý-mertebe diýip ýaşamany;

öz bähbitlerine göz-görtele ters gelýän-de bolsa, elmydama diňe dogrusyny geplemäni we sözüniň eýesi bolmany;

arly-namysly, utanç-haýaly bolmany;

töwereginde bolup geçýän näsazlyklara parhly garamany;

gep-gürrüňden we gybatdan daşda durmany;

egsilmez şahsy erke eýe bolup, her bir işde taýsyz yhlas görkezmäni;

geçirimli bolmany we hiç kimden ar almazlyga çalyşmany;

ynsan gatnaşyklarynda pespäl bolmany, ulumsylyga we tekepbirlige ýol bermezligi;

islendik çözgüdinde adalatly bolmany.

**Şahsyýete saglygy babatda bildirilýän esasy talaplar we oňa öwredilmeli ahlak häsiýetleri:**

saglygyň gadyryny bilmäni we ol barada gündelik alada edip ýaşamany;

sagdyn durmuş ýörelgesine (spirtli içgilerden we narkotik serişdelerden daşda durmak, köpçülikleýin sportuň dürli görnüşleri bilen meşgul bolmak) eýermäni;

bedenini, egin-eşigini, ýaşaýan jaýyny we işleýän ýerindäki otagyny elmydama arassa-tämiz ýagdaýda saklamany;

wagtynda we dogry naharlanmany;

nahar iýmekde aşgazanyna agram salmazlyk üçin iýmitiň çägini bilmäni;

nahary howlukman iýmäni we ony ýagşy çeýnemäni.

**Şahsyýete maşgala gatnaşyklarynda bildirilýän esasy talaplar we oňa öwredilmeli ahlak häsiýetleri:**

agzybir (kiçini sylamak we ula hormat goýmak, asuda ýaşamak we halal zähmet çekmek, garyndaşlaryňa ýardam bermek we goldamak, olar bilen geçirimli bolmak, jedelli meselelerde ylalaşyk gözlemek we ş.m.) ýaşamany;

ata-enesi we ýakynlary barada gündelik alada etmäni we maşgala bolup jemgyýete peýda getirmäni;

maşgala gurmak üçin häsiýeti boýunça mynasyp ahlakly gyzy ýa-da ýigidi saýlamany, söýgisine wepaly bolmany;

maşgalada erkek kişiniň (maşgalabaşynyň), aýalyň (ojakbaşynyň), onuň beýleki agzalarynyň ornuny we wezipelerini dogry kesgitlemäni.

**Şahsyýete zähmet gatnaşyklarynda bildirilýän esasy talaplar we oňa öwredilmeli ahlak häsiýetleri:**

durmuşda her bir ýeňşiň, üstünligiň zähmetdedigini bilmegini;

arassa-halal, jemgyýete peýdaly zähmet bilen meşgul bolmany;

kynçylyklardan gaçman, gaýtam olara döz gelmäni, ýeňip geçmäni, oňyn netijä ýetmäni;

her bir işde jogapkärçilik duýmany, ygtyýarlygyndaky meseleleri dogry we adalatly çözmäni;

işdeş ýoldaşlaryny sylamany we halypalaryna hormat goýmany, jemgyýetçilik çärelerine işjeň gatnaşmany;

ynanylan işi, üstüne alan borçnamalaryny talaba laýyk ýerine ýetirmäni.

**Şahsyýete jemgyýetçilik gatnaşyklarynda bildirilýän esasy talaplar we oňa öwredilmeli ahlak häsiýetleri:**

her bir işde il-ýurt bähbitlerini ileri tutmany;

ahlagyň we kanunyň kadalaryna hormat goýmany hem-de olary herki durmuş pursatlarynda gyşarnyksyz berjaý etmäni;

jemgyýetde her bir meselede şahsy ahlak-hukuk jogapkärçiligini duýup ýaşamany, ahlak-hukuk bozulmalarynyň öňüni almany;

halkyň däp-dessurlaryny, urp-adatlaryny, edim-gylymlaryny, taryhyny, dinini bilmäni we olara hormat goýmany, milliligini, ýagny türkmençiligi saklamany;

il üçin ýaşamany, haýyrly işleri köp etmäni, mümkingadar kän sogaplary gazanmany;

adamlar, ilkinji nobatda hem goňşular bilen agzybir-asuda ýaşamany, sylaşykly bolmany we hemmä bähbitli gatnaşyk etmäni;

hemmelere ýagşylyk etmäni we hiç kimiň göwnüne degmezligi;

diňe ýokary ahlakly adamlar bilen gatnaşykda bolmany.

Elbetde, ahlak terbiýesiniň ugurlary we ondan gelip çykýan wezipeler has-da aýdyňlaşdyrylmaga degişlidir. Durmuşda salamlaşmany, gepleşmäni, dost (jora) tutunmany, naharlanmany, umuman, ynsan gatnaşyklarynda ýüze çykýan her bir hereketi düzgünleşdirýän ahlak kadalary bar. Geljekki nesillere ahlak terbiýesini göwnejaý bermek üçin, ata-eneler tarapyndan, şonuň ýaly-da çagalar baglarynda we ähli derejedäki mekdeplerde ahlak kadalarynyň çagalara hem ýaşlara giňişleýin we düýpli öwredilmegi zerur bolup durýar.

Ýokarda beýan edilen ahlak gylyk-häsiýetleri ata-eneler tarapyndan çagalaryna talaba laýyk derejede öwredilende, jemgyýet üçin ähli babatda peýdaly ýaşlar ösüp ýetişýär. Ata-eneler ahlak terbiýesinde kemçiliklere ýol berenlerinde bu ýagdaý jemgyýetiň agzybirligine, jebisligine, asudalygyna, özgertmeleriň kadaly dowam etdirilmegine ýaramaz täsirini ýetirýär.

Şu ýerde ýaşlaryň ýagşy-ýaman ahlak keşbini häsiýetlendirýän esasy häsiýetlerine ünsüňizi çekmek isleýäris.

| **Ýagşy ahlak häsiýetli adam** | **Ýaman ahlak häsiýetli adam** |
|---|---|
| Zähmetkeş, jepakeş | Ýalta, aňsat eklenjiň gözleginde gezýän |
| Dogruçyl, sözüniň eýesi | Ýalançy, lebzinden dänýän |
| Adalatyň tarapdary | Meseläni öz bähbidine görä çözýän |
| Agzybirlik ugrunda göreşýän | Başbozarlyk edýän |

| | |
|---|---|
| Il-günüň bähbidini ileri tutýan | Diňe özüni bilýän |
| Bidüzgünçilikleriň deňinden geçmeýän | Hiç zada parh goýmaýan |
| Pespäl | Tekepbir, ulumsy |
| Batyr, merdana | Gorkak, kişiniň arkasyna bukulýan |
| Geçirimli | Goltugy daşly, ar almaga çalyşýan |
| Ruhubelent | Göwnüçökgün, dünýeden doýgun |
| Edepli | Edepsiz, medeniýetsiz |
| Ýakyn-u-daşlara mährem | Hemmelere rehimsiz, yzgytsyz |
| Kynçylyklardan gorkmaýan | Ejiz, namart |
| Her bir işde jogapkärçilik duýýan | Näme bolsa şol bolsun edýän |
| Başganyň pikirini diňläp bilýän | Öz diýenini gögerdýän |
| Wagtyň gadyryny bilýän | Ömrüni bimany geçirýän |
| Ahlak-hukuk kadalaryny berjaý edýän | Ahlak-hukuk kadalaryny başarsa bozýan |

Ýokarda hödürlenen deňeşdirmeden iki topardaky ýaşlaryň arasynda ahlak gylyk-häsiýetleriniň gapma-garşylykly ýagdaýda ýüze çykýandygyny synlasa bolýar. Şu deňeşdirmeden ahlagy pes adamdan ýagşylyga garaşmagyň manysynyň ýokdygyna göz ýetirýärsiň. Bu hakykata, ilkinji nobatda, şeýle häsiýetli ýaşlaryň özleriniň düşünmekleri hem-de niýeti-pälini düzüw tutup ýaşamaklary ugrunda göreşmekleri gerek. Galyberse-de, ýagşy ahlak häsiýetli adamlaryň ahlagy pes ynsanlaryň dogry ýola ugrukmaklaryna ýardam bermekleri ähli babatda möhüm wezipe bolup durýar. Şeýlekin adamlaryň durmuş ýoly ahlak kämilligine ymtylýanlar üçin görelde mekdebi bolup hyzmat etmelidir.

Sargyt 6. № 749

Elbetde, her bir ynsan çagasy ýagşy arzuwlar we amallar bilen ömür sürmäge çalyşmaly. Şeýle adam jemgyýete diňe peýda getirýär, ýagny ähli ugurlarda ýurduň gülläp ösmegine oňyn täsirini ýetirýär. Görşümiz ýaly, jemgyýetiň ygtybarly we sazlaşykly özgermegi biziň ahlak kämilligimize, herki meýilleşdirýän oňyn arzuw-hyýallarymyza hem-de olara ýetmek üçin durmuşa geçirýän amallarymyza bagly bolup durýar. Bu wezipeleriň durmuşda üstünlikli amala aşyrylmagy bolsa, köp derejede çagalaryň ata-eneleriniň yhlasyna we jogapkärçiligine baglydyr.

Gadyrly ata-eneler, döwlet Baştutanymyzyň ýaş nesiller barada edýän aladalaryna jogap edip, geliň, çagalarymyza talaba laýyk terbiýe bereliň!

## 3.4. Dogry ýaşaýan ynsan bagtly ýaşaýar

### Dogry ýaşamak

*Ömür geçip barýar irmän-ýadaman, säginmän, dynman. «Ömür aga, saklansana, az pursadam bolsa aýak çeksene, pikirlenmäge bir maý bersene! Men orta mekdebi tamamlap barýan, emma ýaşaýşyň manysyna düşünip ýetişip bilemok. Sen bolsa meniň perişan ýagdaýyma pisindem edeňok» – diýip ýetginjek zeýrenýär. Ol «Wah, nädeýin, men tebigatyň kadalaryna boýun, ynsan bilen işim ýok. Mende gije-gündizem, dynç günlerem, arakesme-de ýok. Men soňky pursata çenli hereketde bolmaly, hereketde...» diýip, şol gidip barýar.*

*Birdenem Ömür aga ýürekden alada galyp: «Sen, görýän welin, gapyl galana, kän wagtyny bihuda ötürene meňzeýärsiň. Häzirem bir pelle, gijä galman seni ýagşy arzuwlara atarjak kynçylyklara döz gelmäniň, olary ýeňip geçmäniň parasatly hem amatly ýollarynyň gözlegine giriş. Kynçylyk diýmek, hökman bir çökder betbagytçylygy ýa-da döz gelip bolmajak işi aňlatmaýar. Irili-ownukly ýaman häsiýetleriňden saplanmak hem kynçylyklary ýeňmäniň bir ýoludyr. Adam elmydama kynçylyklaryň, ýagny ynsany täze üstünliklere alyp barýan ýagşy arzuw-hyýallaryň gözleginde bolmaly. Diňe şolar seni dogry ýola iterip biler, bikär geçiren günleriň, aýlaryň, ýyllaryň bel-*

*li bir derejede öwezini dolmaga mümkinçilik berer, goýan soragyňa aýdyň düşünmäge kömek eder. Kynçylyklar ösüşiň hem kämilligiň, bagtyýar durmuşyň gapysynyň açarydyr» – diýip, ýetginjege sargyt edýär.*

Ömür diýeniň wagt bilen bagly. Wagt bolsa suw ýaly akyp duran zat. Suwuň öňüne böwet goýup bolýar, ýöne wagty böwetläp bolmaýar. Şonuň üçin hem onuň rejeli ulanylmagyna ynsan durmuşynda iň wajyp meseleleriň biri hökmünde garalýar. Wagty netijeli we tygşytly ulanmak her bir ynsan üçin esasy durmuş kynçylyklarynyň biridir. Şu kynçylygy üstünlikli ýeňip bilen, şeýle hem göreşmäge ýeterlik erki hem gujur-gaýraty bolan şahsyýet köp mynasyp derejelere ýetip bilýär.

Parh edene durmuşyň manysy dogry ýaşamakdadyr. «Dogry ýaşamak» diýmek ahlagyň hem kanunyň kadalaryna laýyklykda ömür sürmek diýmekdir. Gözlenmeli kynçylyklar bolsa, seni şol dogry ýaşamak ýoluna alyp barýan tiz bitirilmeli täze sepgitler bolmaly.

**Durmuş ýagdaýlary içgin seljerilende, dogry ýaşamak diýmek ilki bilen:**

Watanyňy janyňdan-da eziz görmek, ony seriňden geçip goramak, mähriban topragyň duzuna-nanyna minnetdar bolmak diýmekdir;

halkyň däp-dessurlaryna, urp-adatlaryna, edim-gylymlaryna, taryhyna, dinine hormat goýmak diýmekdir;

ýakyn-u-daş goňşular bilen agzybir-asuda ýaşamak, ikitaraplaýyn sylaşykly hem peýdaly hyzmatdaşlyk etmek diýmekdir;

il üçin ýaşamak, köpçüligiň bähbitlerini nazara alyp haýyrly işleri köp etmek, ýagny mümkingadar kän sogaplary gazanmak diýmekdir;

islendik çözgüdiňde özüňi adalatly hem-de ýokary ahlakly alyp barmak diýmekdir.

Hawa, dogry ýaşamanyň inçe syrlary we ýollary kän. Olaryň biri beýlekisinden gelip çykýar ýa-da onuň üstüni doldurýar. Elbetde, bir söhbetdeşligiň çäginde olaryň hemmesini ýöne sanap geçmek-de mümkin däl. Bu uzak gürrüňdeşlik bolup, özi-de birnäçe garaýyşlary

özünde jemleýän bolmaly. Bagtyýar durmuşa alyp barýan ak ýoluň üstünde olaryň käbirine siziň ünsüňizi çekmäge synanyşalyň.

Diňe bilim hem ahlak baýlyklaryndan ýüküni mazalyja tutan ýetginjek, «ömür bedewiňi» mäkäm eýerläp durmuş ýoluna ynamly gadam basyp biler. Arzuwly ýaşaýşa ýetmek üçin ilkinji ädimlerini ädýän ýetginjek şu üç zada kowalaşmaly däldir: mynasyp däl dost-ýara, wezipä we baýlyga.

Atalar pähiminde «Suw akar, daş galar» diýilýär. Hakyky, ygtybarly dostlar hem şol kimindir. Olar şat günüňde-de, gamgyn pursatlaryňda-da seniň ýaranlaryňdyr. Ýetişiň diýip, çagyrmak gerek däldir. Dogry, bu bagtyň hemmä ýetdirmeýän bolmagy-da ähtimal. Hamrak dost (jora) tapylmadymy, gynanmaga esas ýokdur. Maşgala agzalarynyň we ýakyn garyndaşlaryň içinde olaryň ýerini kemsiz doldurjaklar bardyr. Onsoňam saňa ata-eneňden zyýada hem mährem dost (jora) boljak ymmatda tapylmaz.

Umuman, wezipä höwes etmeklige ýaramaz gylyk diýip aýdyp bolmaz. Mesele oňa mynasyp halda ýetmekde, ýagny, bilim-tejribe we ahlaklylyk babatda bildirilýän talaplara gabat gelmekde. Mynasyp bolsaň wezipäniň özi seni tapýandyr. Bu meselede hiç alňasamak gerek däl. Arassa-halal ýol bilen wezipä ýetilende, jemgyýetçilik hem şahsy bähbitleriň sazlaşygy bolup geçýär. Bu meselede iň esasy zat hem il-günüňe, ýurduňa peýdaly şahsyýet bolmagyňdyr.

Edebi we taryhy çeşmelerden belli bolşy ýaly, owal-ahyr ýer ýüzüniň iň tanymal tütjar baýlarynyň hem bakyýet dünýesine mal-baýlygyny, zer-hazynasyny äkidenleri, ol ýeriň «banklaryna» pullaryny geçirenleri ýokdur. Ynsan arassa-halal zähmetiňe berlenine şükür edip ýaşamany başarjak bolmaly. Rysgalyňa goýberilenden artyk alyp bilmeresiň. Nädogry, ýagny ahlaksyz-bikanun ýollar bilen gazananlaryň üçin bolsa, iki dünýäde hem soragy bardyr.

Wezipä-baýlyga kowalaşmaly däl bolsa, onda durmuşyň gyzygy nämedekä?! Bu soraga ýeke-täk anyk jogap – abraý-mertebede. Şondan gymmat hem beýik zat ýalançyda ýokdur. Her bir ynsan çagasy diňe abraý-mertebäniň gözleginde bolmalydyr, onuň ugrunda çynlakaý göreşmelidir. Ýol sökmelem bolsa, der dökmelem bolsa, kynçylyklara döz gelmelem bolsa, hiç ýaýdanmaly däldir. Zemine «myhmançylyk döwrüň» tamamlanandan soň, seni ötegçi hökmün-

de diňe abraý-mertebäň, görnükli eden işleriň boýunça ýatlarlar, doga-dilegler ederler. Şu filosofiýadan ugur alynsa, onda abraý-mertebe ömrüňi bagyş etmeli gymmatlykdyr. Sogabam kändir, delalatam.

Türkmeniň ahlagynda abraý-mertebä aýratyn orun we ähmiýet berilýär. Türkmenleriň ata-baba taryhyny yzarlasaň, olar abraý-mertebe üçin barça zatdan geçýän ekenler, hatda ýakynyndanam, söýgüsindenem, lezzetli durmuşyndanam. Taryhymyzyň pajygaly ýyllarynda türkmenler ar-namys, abraý-mertebe üçin şirin janlaryny orta goýmandyrlarmy?! Diňe abraýa dalaş edýän adam ar-namysly bolup bilýändir. Şoňa görä-de, häzirki günlerde hem şu ahlak gymmatlyklarynyň ýaşlaryň aňyna yzygiderli guýlup durulmagyna terbiýeçilik işinde aýratyn orun berilýär.

Gep ugruna aýdylanda, türkmen ahlagyny saklamak üçin öz milliligiňi goramany başarmak derwaýys. Şu mesele jemgyýetde ünsden düşürilen ýagdaýynda dünýä halklaryny reňkleri boýunça tapawutlandyraýmasaň, olaryň hemmesi inkubatordan çykan jüýjeler ýaly, känbir biri-biriniňkiden parh etmeýän ahlak kadalary bilen ýaşarlar. Dürli halklaryň mental aýratynlyklarynyň bir nusga getirilmegi (unifisirlenmegi) üçin şu döwürde örän oňaýly şertler bar. Ilki bilen hem giň maglumat giňişliginiň bolmagy (*telewideniýe, Internet, mobil aragatnaşyk ulgamy we beýlekiler*) ýaşlaryň dünýägaraýşynyň kemala gelmeginde güýçli täsirini ýetirýär. Ýaşlar özlerine mahsus bolan bilesigelijilik bilen ähli hödürlenýän maglumatlary, seljermän diýen ýaly, beýnisine siňdirýärler. Herki maglumat özleri üçin peýdalymy, zyýanlymy, soňlugynda nähili netijelere eltjek, onuň pikirini etmäge ýaşlaryň aňy doly ýetmeýär. Biz öz türkmençiligimizi, ýagny milli aýratynlygymyzy ähli terbiýeçilik-wagyz ediş serişdelerini ulanmak bilen goramalydyrys.

## Ynsanyň bagt öýi

Her bir zemin ýaşaýjysy bagtly durmuşyň gözleginde. Ony idäp ynsan çagasy düzde, dagda, çölde, suwda, asmanda elewräp ýör. Biri bagty baýlykda, beýlekisi wezipede, üçünjisi agzybirlikde görýär. Elbetde, bu babatda başga-da onlarça, mümkin, ýüzlerçe garaýyşlar bolup biler. Megerem, ynsan bagtyny bir sözde aňlatmak kyn bol-

sa gerek. Bagty düzýän birnäçe alamatlar bolup, olar adam ömrüniň dowamynda döwrebap üýtgäp bilýän bolmaly, ýöne bu düşünjäni düzýän esasy alamatlar welin şonlugyna ynsan ömri bilen aýakdaş gidýän bolsa gerek.

Bu garaýşy «dogry ýaşamak» filosofiýasy bilen baglap, «ynsanyň bagt öýi» diýen oýlanmalarymyzyň üsti bilen açyp görkezmäge synanyşalyň. Türkmençilikde «dokuzy düzüw» diýen köneden gelýän durmuşy garaýyş bar. Biz hem şu ýerde dokuz sany başga aňlatmalaryň üsti bilen ulanmakçy bolýarys. Biziň pikirimizçe, ynsanyň bagt öýüni aşakda hödürlenýän 9 (4 + 4 + 1) zat düzýär.

**Bagt öýüniň binýadynyň ganatlary şulardan ybarat bolmaly: baş bitinlik, saglyk, agzybirlik hem rysgal-döwlet.**

**1.** Bilşimiz ýaly, baky dünýä gelýän ýok, şonuň üçin hem baş bitinlik ilki bilen ynsanlaryň öz nobatlaryna görä dünýeden gaýtmaklaryny, şeýle hem mümkin boldugyça uzak ömür sürmeklerini aňladýar. Perzendiňi ýitirmek ýa-da ýakynlaryň biriniň biwagt ölüminiň şaýady bolmak ynsany agyr derde goýýar. Ýaňky bende ömrüniň soňky pursadyna çenli şol gutulmaz ýaranyň yzasyny çekip gezýär.

**2.** Saglyk ynsanyň ähli üstünlikleriniň seresidir. Ýöne ýerden «Saglygym – baş baýlygym» diýilmeýär. Elbetde, kesellemez adam bolmaz, esasy mesele her bir derdiň dermanynyň bolmagyndadyr. Gündogaryň medeniýetinde dogry nygtaýyşlary ýaly, saglygyň gadyryny hassa bolmazdan öňünçä bilmegiň zerur. Munuň üçin bolsa adam öz saglygy barada gündelik alada edip gezmeli, ynsanyň saglygynyň onuň uzak ömür sürmekliginiň kepili bolup durýandygyna düşünmeli.

**3.** Agzybirlik irili-ownukly birnäçe (düşünişip ýaşamak we işlemek, gerek ýerinde birek-birege ýardam bermek we goldamak, özara geçirimli bolmak hem islendik meselede ylalaşyk gözlemek, ýakynlaryňa degerli maslahatlary bermek we ş.m.) kadalary özünde jemläp, ynsan bagtynyň sarsmaz ganatlarynyň biri bolup hyzmat edýär. «Agzybire Taňry biýr, agzalany gaňrybiýr» diýen nakylda diýseň çuň many ýatyr. Agzybirlik ösüşiň hem kämilligiň ygtybarly binýadydyr.

**4.** Rysgal-döwletiň gözbaşy arassa-halal zähmetden başlanýar. Azap çekip, der döküp gazananyň beýik Biribaryň seniň rysgyňa

eçilen nygmatlarydyr. Bikanun hem ahlaksyz ýollar bilen toplan mal-mülküň seniň öz gara nebsiň «gazanjydyr», onuň bolsa bilşimiz ýaly hasaby kän. Haram gazanjyň «hözüriniň» seniň başyňa ne günleri salýandygyny durmuş hakykaty nijeme gezek görkezip gelýär.

Şeýlelikde, baş bitinlik, saglyk, agzybirlik hem rysgal-döwlet jemlikde bagtyýar durmuş öýüniň sütünleriniň mizemez binýatlary bolup durýar.

**Bagt öýüniň biri-birine söýgetli sütünlerini şular düzýän bolmaly: ýagşy zenan, höwes bilen zähmet çekilýän iş, gelim-gidimli öý (howly), wepadar dost (jora).**

**5.** Her bir ýigit çykan oglan häsiýeti (ahlagy, edep-ekramy) boýunça özüne kybapdaş abraý-mertebeli gyzyň gözleginde parasatly hereket etmeli, ýagny diňe bir duýgusyna esaslanyp maşgala gurmaly däl-de, bu ykbal kesgitleýji meselede müň kerem ölçerip-döküp gutarnykly netije çykarmaly. Abraýly ýerden çykan aýal maşgalanyň ahlagy, edep-ekramy, medeniýeti, hyzmaty erkek kişini öz maşgalasyna bakna edýär. Şeýle zenanasy bolan erkek adamlar durmuşyndan göwünleri hoş bolup agzybir döwran sürýärler, olardan dünýä inýän çagalar hem mynasyp terbiýe alýarlar, göreldeli ýaşlar bolup ýetişýärler, geljekki berk maşgalalaryň dowamaty bolup durýarlar. Elbetde, gyz maşgala hem mynasyp ýanýoldaşynyň bolmagynyň arzuwynda bolmaly. Ýöne gyzyň sözüň doly manysynda ýigidi saýlamaga haky ýokda, ýigit tarapyndan saýlanmaga haky bardyr. Şoňa görä-de, ýetişen gyzyň «saýlanşykda» ýeňiji bolmagy üçin, onuň gözel keşpden-de ötri gözel ahlaga eýe bolmagy wajypdyr.

**6.** Adam öýünde esasan ýatyp dynjyny alýan bolaýmasa, gije-gündiziň galan ýarty bölegini iş ýerinde geçirýär diýen ýalydyr. Şoňa görä-de, işine höwesli gidip-gelip, ýene-de ertir işe gitmegine howlugýan adam dünýäde iň bagtly ynsanlardandyr. Zähmet ýoluňy turuwbaşdan dogry kesgitlemäni başarmak geljekki bagtyýar durmuşyň ygtybarly kepili hasaplanýar. Şu ýerde aýratyn bir bellemeli zat, ol hem maşgaladaky we iş ýeriňdäki näsazlyklaryň biri-birine ýaramaz täsir edýänligi. Şonuň üçin hem agzybir maşgala durmuşynyň we höwesli gatnalýan işiň özara sazlaşygyny gazanmak ynsan bagtynyň derwaýys şertleriniň biri bolup durýar.

**7.** Howly (öý) maşgala galasy hökmünde garalýar. Her maşgala galasynyň öz aýratyn içki düzgün-tertibi bolýar. Maşgalabaşynyň

ýolbaşçylygynda bu ýerde ertirki nesil terbiýelenýär, öý bikesiniň (ojakbaşynyň) ýardamçy tagallalary bilen maşgala we jemgyýet üçin bähbitli işler amala aşyrylýar. Mellek ýeri bar bolan hojalyklarda maşgala agzalary işden boş wagtlary gök-önüm, miwe ýetişdirýärler, mal-gara, guş idedýärler. Munuň özi şol bir wagtda ýaşlar üçin zähmet terbiýesi we hojalyga goşmaça gazanç çeşmesi, şeýle hem agzybir maşgala durmuşyny ýola goýmagyň ýörelgesi bolup hyzmat edýär. Islegiň bolanda şäher ýerlerinde hem maşgala bolup, wagtyňy peýdaly geçirmek üçin güýmenje tapylýar.

**8.** Durmuşda wepadar dostuň dogan-garyndaşyňdan hem golaý durýan wagtlary kän duşýar. Adama garyndaşam, dost-ýaram elmydama gerek, ýöne kyn gününde olar has hem beter gerek. Özi-de bu ýerde mesele diňe bir maddy kömek bermek barada gidenok. Ruhy goldaw gaýgy-hasratdaky adamyň dyzyna daýanmagy, aýak üstüne galmagy, geljege ynamly garamagy üçin juda möhümdir.

**9.** Başy bitin, jany sag we agzybir ýaşaýan, rysgal-döwleti, söwer zenany, arzuwly işi, maşgala galasy, wepadar dost-ýary bolan ynsanyň bagtyýar ömür sürmegi üçin ýurduň parahat, asmanyň dury bolmagy gerek. **Asuda asman ynsanyň bagt öýüniň üçegidir.**

Megerem, ynsana onuň bagtyýar durmuş sürmegi üçin ýokarda beýan edilen dokuzdan gaýrysy artyk geler. Oýuňda-hyýalyňda hem düýşüňde şundan belent lezzetli durmuşa höwes etmek dogry däl bolsa gerek. Ahlagyň we şerigatyň kadalaryna laýyklykda hem herki haýyrly işiň çäginiň bolmalydygy ündelýär. Çäkden geçmegiň özi betnebislikden nyşan bolup, ynsany betbagtçylyklara iterýär. Arzuwly dokuzlyga ýeten her bir ynsan şu dünýede gaýgy-gamsyz ömür sürýär. Eger-de bagty gysga görnüşde aňlatmaly bolanda, bu düşünjäni «gaýgy-gamsyz ýaşamak» diýip ynamly aýdyp bolar.

Geliň, Arkadag Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen eşretli döwran sürmek üçin ähli mümkinçilikler döredilen eziz Diýarymyzda ýagşy umytda bolup, şu islegli dokuzlyga alyp barýan ýagty ýolda akylly-başly hereket edip, her bir günümize şükür edip, bagt öýlerimizde dogry ýaşalyň!

## IV bap. AHLAK-DURMUŞ PURSATLARY

### 4.1. Parhsyzlyk ýagşy ynsana mahsus däl häsiýet

*Daş-töweregiňde bolup geçýän zatlara parh etmek ynsany haýwandan düýpli tapawutlandyrýan alamatlaryň biridir. Megerem, bu ýagdaý haýwanat dünýäsinde hem belli bir derejede ýüze çykyp bilýän bolmaly. Afrikanyň sawannalarynda dürli jandarlaryň ýolbarslardyr gaplaňlardan diňe özlerini halas edenleri bilen oňman, ýyrtyjylaryň garşysyna bileleşip garşylyk görkezip, goranjak bolmaklary muňa mysal bolup biler.*

*Parhsyzlygyň jemgyýete ýetirýän zyýany bimöçberdir. Oňlanylmaýan durmuş pursatlaryna hemmeleriň parhly bolmagy döwletiň syýasy durnuklylygyna, ykdysadyýetiniň kuwwatlanmagyna, jemgyýetiň sagdyn ösmegine, şeýle hem adamlaryň hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna görnetin oňyn täsir edýär. Parhly garaýyş jemgyýetde ahlaklylygyň hem tertip-düzgüniň kepili bolup durýar, şol bir wagtda hem olary üpjün etmegiň serişdesi hökmünde çykyş edýär. Şoňa görä-de, ynsan parhsyzlygynyň garşysyna biz jemgyýet bolup gaýduwsyz göreşmelidiris, islendik ahlaksyz we bikanun hereketiň öňüni almany başarmalydyrys.*

Baýly aganyň üç ogly bolup, ol çagalarynyň hemmesini gözli-başly edipdi. Özi aýaly we körpe ogly Myrat bilen öýünde bolýardy. Baýly aganyň ogullary-gelinleri, ähli agtyklary obada sylanýan adamlardy. Baýly aga baş maşgalabaşy hökmünde kiçi maşgalabaşylaryň üçüsiniň hem hojalygynda bolup geçýän ýagdaýlary berk gözegçilikde saklaýardy. Bolmanda agşamlaryna olaryň öýlerine jaň edip, hal-ahwallaryndan habar alýardy. «Çagaly öýde ogurlyk ýatmaz» diýen nakyla uýup, käwagtlar asyrynlyk bilen agtyklaryndan «soragam» edýärdi. Jemgyýetde maşgalabaşyň jogapkärçiligine aňryýany bilen düşünýän Baýly aga abraý-mertebe ugrunda ýürekden dalaş edip, öz ýakynlarynyň birinem gözden salmaýardy. Çagalarynyň dog-

ry işlerine sag bolsun aýdardy, ahlagyň-kanunyň çygryndan çykjak bolýanlaryna bolsa, basym toba geler ýaly çäreleri görýärdi. Onuň parhly nazaryndan sypýan zat ýokdy.

Baýly aganyň agtyklary orta mekdebe gatnaýardylar, olaryň hemmesi-de gowy okaýardylar, edep-tertiplerem göreldelidi. Mekdepde geçirilýän ata-eneleriň ýygnaklaryna Baýly agaň özi gidýärdi, mugallymlaryň öwgüli sözlerine hoş bolup, agtyklarynyň üstünliklerine ýürekden guwanýardy. Baýly aganyň diňe özi bilen bile ýaşaýan agtyklary däl, eýsem, beýleki ogullaryndan bolan agtyklaram elmydama garry atalarynyň irginsiz-ýadawsyz gözegçiligindediler. Çaga terbiýesinde çalaja bir kemçilik tapaýsa, goja ogullaryny-gelinlerini hatara düzýärdi.

Baýly aga Arkadag Prezidentimiziň «Döwlet guşy» atly romanyny iki ýola okap, bu gymmatly kitabyň ahlak-terbiýeçilik ähmiýetine doly göz ýetiripdi. Eserde ahlagyňy kämilleşdirmek üçin paýhasly pikirler kän eken diýen netijä gelibem, ogullaryna-gelinlerine bu ahlak kitabyny ünsli okamaklygy hem-de onda beýan edilýän ahlak häsiýetlerini özlerine we çagalaryna geçirmegi maşgalabaşy hökmünde berk sargyt edipdi.

Baýly aga obanyň medeniýet öňüniň ýanynda ýerleşýän seýilgähe agtyklary bilen gezelenç etmäni gowy görýärdi. Herki gezelenç hem agtyklary üçin birgiden ahlak sapaklaryny almak bilen gutarýardy. Bu gezegem şeýle boldy. Entek öýlerinden ugramankalar, Baýly aga öýden çykyp barýan uly agtygyna ýüzlenip, jan guzym, öýden çykanyňda elmydama sowadyjy enjamy söndürip gitgin, goý, biderek ýere işlemesin. Şeýitseň, hem-ä elektrik toguny tygşytlarsyň, onsoňam, sowadyjy enjamyň saňa uzak döwür hyzmat eder diýip, ol agtygyna ündeýär. Agtygy onuň aýdanlarynyň rastdygyna düşünip, indiden beýläk şeýle etjekdigine atasyny ynandyrýar.

Bu gün howa şeýle mylaýymdy. Seýilgähiň bag-bossanlygy keýpiňi göterýärdi. Baýly aga seýilgähde dynç almak üçin niýetlenen oturgyçlaryň birinde oturan oglanyň ýanynda saklandy. Ol çigit çigitleýärdi, hapasynam ýere taşlaýardy. «Seniň edýäniň näme?! Aslynda, çigit çigitlemek bir gelşikli hereket däl, çigitlejegem bolsaň, bar, öýüňde çigitle-dä, bu onsoň seniň yzyňdan hapaňy kim aýyrmaly,

seýilgähiň arassaçylygyna ejeň ýaly adamlar seredýärler, näme üçin olaryň zähmetine hormat goýmaýarsyň» – diýip, goja ýaňky ýetginjegi utanmak utandyrdy. Keýpine sogan dogralan ýigit ýaşuludan gaçyp sypsa kaýyl boldy. «Indi gaýtalaýmagyn» – diýip, Baýly aga onuň yzyndan gygyryp galdy.

Agtyklary atalarynyň ünsüni ýagşy zatlara sowjak bolup jan edýärkäler, ýoldan geçip barýan awtoulagyň penjiresinden ýolagçylaryň biri ýol ugruna bananyň gabygyny zyňyp goýberdi. Baýly aganyň gahary ýetjek derejesine ýetipdi. Mümkin, meniň ýok ýerimde sizem şeýdýänsiňiz diýip, ol gaharyny agtyklaryndan çykarjak boldy. Ýok, atajan, biz kimem bolsa, şu zeýilli hereketlere ýol berýänlere garşy çykýarys. Oglanlaryň biri bananyň gabygyny ýerden galdyryp, ony zibil taşlanýan guta atdy. Agtyklarynyň ulusy «Ýaňky işi edeni men tanap galdym, mekdepde onuň bilen mazalyja gürleşerin» diýip, atasyny köşeşdirdi. Baýly aga agtyklarynyň özlerini alyp baryşlaryna, gürrüňlerine syny oturyp, birneme rahatlandy. Seýilgähiň lälezarlyklaryndan lezzet alanlaryndan soňra olar öýlerine tarap ýola rowana boldular.

Howlularynyň gapysyndan girenlerem şoldy welin, Baýly aga eýwanda sakgalyny alyp duran ogly Myrada gözi düşdi. Agtyklary bilen oglunyň ýanyna baryp: Myrat jan, suwy bular ýaly bisarpa ulanmagyn, sen sakgalyňy alýançaň, gör, suwuň näçe mukdary yrýa halda ýere siňip gitjek, sen suwy diňe zerurlygyna görä akdyrmaga çalyş. Aýdanlarym size-de sapak bolsun – diýip, Baýly aga agtyklaryna çiňerildi. Myrat kakasynyň sözlerine öň parh goýmandygyna gaty utandy, aýdara gep tapmady.

Baýly aga ogluny çagalarynyň ýanynda kyn güne goýandygyna gyýlyp, gürrüňi başga ýana sowmaga çalyşdy. – Myrat jan, oglum, men size Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet guşy» romanyny okamaklygy tabşyrypdym. – Hawa, kaka, aýdyşyňyz ýaly menem, gelniňem bu çuň manyly kitaby okadygam, özara pikirem alyşdyk, indem çagalar bilen bile ondaky ahlak öwüt-ündewlerini özleşdirmegiň aladasynda. Hany onda maňa aýdyň, siz döwlet Baştutanymyzyň öz eserinde mähriban atasynyň howlusyny içgin suratlandyryşyny okansyňyz, biziň howlymyzyň bag-bakjasy, ekin-dikinleri, hojalyk

zerurlyklary romanda beýan edilişi ýaly derejedemi ýa-da biziň entek bu ugurda etmeli işlerimiz barmy?!

– Kaka, Berdimuhamet aganyň howlusynyň tertip-düzgüni, tämizligi, rejelenişi bize-de diýseň üýtgeşik täsir etdi. Öz ýanymyzdan howlymyzda etmeli işlerimizi meýilleşdirip otyrys, gutarnykly netijä gelenimizden soňra, siziň ýanyňyza maslahata barjak bolýarys. – Balalarym, siz ol ahlak kitabynyň tutuş mazmunyny durmuşa ornaşdyrmagyň aladasyny ediň – diýip, Baýly aga çagalaryna öz ýanyndan minnetdar boldy, olara buýsandy hem guwandy. – Myrat jan, sen ýaşuly nesilden öwrenenleriňi geljekki dowamatymyza siňdirgin, diňe şeýlekin ýadawsyz öwüt-nesihatlaryň netijesinde türkmen ýaşlaryny dogry ýola salmagy, ýowsuzlyklaryň öňüni almagy we olary başga-da bir giden bela-beterden goramagy, başgaça aýdylanda, kämil ahlakly bolmaklaryny gazanyp bolar. Oglum, bilip goý, Gündogaryň medeniýetinde parhsyz adamyň dowzahda orny onuň iň gyzgyn ýerinde diýip aýdylýar.

## Soňky oýlanmalar

Hekaýada Baýly agada nägilelik döreden ýagdaýlarda ýaşlaryň ahlagynyň we medeniýetiniň pes taraplary häsiýetlendirilýär. Şeýlekin ahlaksyz hereketleriň jemgyýet tarapyndan oňlanylmaýandygyny ýaşlara günübirin ýatladyp durmagyň özi her bir raýatyň borjy hasaplanmalydyr. Biz bolsak, näme üçindir, kähalatda, bu ýaramaz gylykly adamlary görsegem görmedik bolýarys, olaryň gulaga ýakymsyz sözlerini bolsa, eşitmezlige salýarys. Ol hereketleriň öňüni almaly ýörite gulluklar, jogapkär adamlar bolmaly, ýöne hiç bir halatda bu meselelere biz goşulmaly däl diýen akyla uýýarys. Netijede bolsa, ahlak hem-de hukuk bozulmalarynyň jemgyýetde ýaýramagyna, ýaşlaryň aňynyň zaýalanmagyna oňaýly şertleri döredýäris.

Häzirki döwürde borç we jogapkärçilik diýen düşünjeleriň ahlagyň kadalary bilen hem baglanyşdyrylmagy dogrudyr. Olara bitewülikde terbiýeçilik işinde kämil ahlagy emele getirmegi üpjün edýän serişde hökmünde garamaly. Her bir şahsyýet maşgalada, işde, okuwda, jemgyýetçilik ýerlerinde öz ahlak borçlaryny we jo-

gapkärçiligini duýup ýaşamaly, herki ahlaksyz we bikanun hereketiň öňüni almaga çalyşmaly. Hemmäň düşünmeli bir hakykaty bar, ol hem jemgyýetde ýaman göreldäniň biziň parhsyzlygymyzyň netijesinde ýüze çykýanlygy we ýaýraýanlygydyr. Şoňa görä-de her bir zemin ýaşaýjysy öz töwereginde bolup geçýän zatlara parhly göz bilen seretmeli. Diňe şeýle ýol bilen parhsyzlygyň jemgyýete ýetirýän zyýanlarynyň öňüni alyp bolar.

Hekaýadan görnüşi ýaly, Baýly aga hakyky kämil ahlakly adam, ol hiç bir nogsanlygyň ýanyndan biparh geçmeýär. Aýdalyň, onuň suwy tygşytly ulanmak bilen bagly ündewleri türkmeniň taryhynyň ähli döwürlerinde hem wajyplygyny ýitirmän gelipdir. Ata-babalarymyz ýöne ýerden «Suw damjasy – altyn dänesi» diýen nakyly döreden däldirler. Şu günlerde hem suwy tygşytly ulanmak meselesine döwlet syýasatynda aýratyn ähmiýet berilýär, her ýyl suwuň ýörite baýramy ýurt derejesinde bellenilýär. Alymlaryň çaklamalaryna görä, 2015-nji ýyldan başlap ýer ýüzünde agyz suwy gytçylygynyň alamatlary duýlup başlanmaly. Wagtyň geçmegi bilen agyz suwunyň ýer ýüzünde iň geçginli hem-de girdejili haryda öwrülmegi mümkindir. Pikirlenip göreliň, her kim Baýly aga ýaly suwa gadyr goýup ony harçlasa, ýurt derejesinde näçe mukdarda suw, döwlet serişdeleri hem-de zähmet güýji tygşytlanjak.

«Iliň güýji – siliň güýji» diýen köneden gelýän çuň manyly nakylda bar. Bütin jemgyýeçilik bolup parhsyzlygyň garşysyna çykylanda jemgyýetimiz has hem kämil görnüşe eýe bolardy. Munuň üçin her bir şahsyýetiň öz ahlak dünýäsini tämiz saklamagy möhüm. Başgalardan edepli bolmaklaryny talap etmek üçin, ilki öz edebiň nusgalyk bolmaly, ýagny sen ahlakly adam hökmünde jemgyýetçilik köpçüligi tarapyndan ykrar edilmeli.

Adamlary parhly bolmaklyga çagyrýan şu nakylda «Ýamanlaryň ýamanlygyny aýt, pälinden gaýtsyn» diýilýär. Gynansak-da, biz her bir duş gelen ýagdaýymyzda awtobusda ýaşululara, aýal-ebtatlara ýer bermeýärsiňiz diýip ýaşlary tertibe çagyrmaýarys, rugsat berilmeýän ýerlerde çilim çekýänlere bellik etmeýäris, gadagan ýerden ýoldan geçýänlere edýäniň näme diýmeýäris... Jemgyýetiň asuda we agzybir ýaşamagy üçin iň bir ýönekeýje hasaplanýan bidüzgünçiligiň hem öňi

alynmaly. Özi-de bu hereketler hormatly Prezidentimiziň yzygiderli nygtaýşy ýaly, ahlak we hukuk kadalarynyň talaplaryna doly laýyklykda berjaý edilmeli.

## 4.2. Maşgala agzybirliginiň gözleginde

*Bilşimiz ýaly, maşgala birnäçe agzadan durýar. Türkmeniň maşgala agzalaryna ata-enäniň ogullary hem öýünde oturan gyzlary, gelinleri we agtyklary girýär. Ogul öýlenenden soň kiçi maşgalany emele getirýär we şol bir wagtda «uly maşgalanyň» düzüminde hem galýar. Gyz maşgala durmuşa çykandan soňra baran ýeriniň maşgala agzasyna öwrülýär. Şeýlelikde, gelin üçin ata-enäniň ornuny indi hakykat ýüzünde gaýyn ata we gaýyn ene tutýar. Has wajybam indi gelin çykyp baran ýeriniň tertip-düzgünine uýgunlaşmaly hem-de ony berjaý etmeli bolup durýar. Gelniň täze maşgalasyna sazlaşykly goşulmagy onuň özünden, şeýle hem onuň maşgala agzalaryndan köp tagallalary talap edýär. Her kim öz ýerinde akylly-başly hereket etmäni başarmasa, gelen gelniň maşgala ornaşmagy iki tarap üçin hem birgiden kynçylyklary hem oňaýsyzlyklary döredýär. Garaşylmadyk näsazlyklaryň öňüni almak üçin gelin bolmaklygy maksat edinýän gyz hem-de ol gyzy gelin edinjek bolýanlar bagtyýar maşgalany emele getirmek üçin deslapdan taýýarlykly bolmalydyrlar.*

Aşyr aga Ajap eje ikisiniň bäş gyzdan soň ogul perzende ýüzleri düşýär. Olar ogullary Maksady ezizläp saklap, arassa-halal terbiýe we bilim berip, orta mekdebi tamamlandan soňra Watan öňündäki borjuny berjaý etmek üçin harby gulluga ugradýarlar. Maksat ata-enesiniň mertebesine hiç hili şek ýetirmän, abraý bilen gulluk edip, mähriban obalaryna dolanyp gelýär.

Maksadyň aýal doganlary oba arasyna durmuşa çykypdylar we hersi öz maşgalasynda diýseň agzybir hem bagtyýar ýaşaýardylar. Aşyr aga bilen Ajap ejäniň indi bar aladasy ogullaryny gözli-başly edip agtyklara guwanmakdy. «Köpe gözi düşse Hydyr azar» diýişleri ýaly, obada gyz kän bolsa-da, ata-ene üçin şolaryň içinden ogullary üçin mynasybyny saýlaýmak garaňky bolup durdy. Olar üçin iň esasy

mesele hem gelin boljak gyzy ogullarynyň sulhy almagydy. Ata-ene söýgüsiz bagtly durmuşy gurup bolmaýandygyna aňryýany bilen düşünýärdiler.

Ahyrynda Aşyr agadyr Ajap eje gelin boljak gyzy saýlamak aladasyny ogullaryna tabşyrmaly diýen netijä geldiler hem-de öz gyzlaryny maşgala durmuşyna taýýarlanlarynda olara taýly gezek ündän sargytlaryny ogullaryna hem ýatlatmagy makul bildiler. Maksat bilen çaý başynda öýlenmek meselesini gozgap, ata-ene onuň öz göz öňünde tutýan gyzynyň barlygyny-ýoklugyny anyklamakçy boldular hem-de geljekki gelinleriniň nähili ahlak sypatlaryna eýe bolmagyny isleýändiklerini ýumşaklyk bilen oňa mälim etdiler. Maksadyň ata-enesiniň pikirine görä, gelin boljak gyz, esasan, şu umumylaşdyrylan görnüşdäki talaplara gabat gelmelidi:

asly mertebeli ojakdan, ýagny arassa-halal zähmetden eklenýän maşgaladan gelip çykmaly, özi-de deňleri bolmaly;

şekilinden ötri ahlagy nur saçmaly;

durmuşa çykyp baran ýeriniň içki tertip-düzgünlerini doly berjaý etmeli;

gaýyn atasy we gaýyn enesi mynasyp adamlar bolsa, olary öz ata-enesinden pes bolmadyk derejede sylamaly;

maşgalanyň beýleki agzalary, ýakynlary hem-de goňşular bilen mähirli gatnaşyk saklamany başarmaly;

aýalyň ojakbaşy hökmünde maşgaladaky borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmegiň hem-de çagalaryna göreldeli ideg edmegiň we olara talaba laýyk terbiýe bermegiň hötdesinden gelmeli.

Maksat ata-enesiniň talaplaryny ünsli diňläp, şeýlekin gyzyň obalarynda bardygyny aýdyp, ata-enesini ýürekden begendirdi. Ara wagt salynman hem «gepleşikler» geçirilip, şagalaňly toý tutuldy.

Maksadyň ata-enesi gelinlerinden hoşaldylar. Hakykatdan hem, ogullarynyň saýlan gyzy, olaryň Maksada gelin babatda eden sargytlaryna aňryýany bilen gabat gelýärdi. Elbetde, käbir ownuk meselelerde ýaş gelniň bärden gaýdaýýan halatlary hem bolýardy. Emma Aşyr agadyr Ajap eje «Bir kemsiz gözel bolmaz» diýlişi ýaly, hiç bir igençsiz hem iňirdisiz gelinlerine maslahat görnüşinde dürli nesihat-

lary berip durýardylar. Şeýdibem gelniniň-oglunyň göwnüne degmezden, öz içki maşgala syýasatyny ýöredýärdiler.

Onsoňam Aşyr aganyň ýek ýigrenýäni öz maşgala agzalaryna daşyndan pitjiň atjak bolýanlardy. Ol gybatkeşlere: «Her kesiň ýagşa-ýamana öz garaýşy bar, şoňa görä hem netije çykarylýandyr. Siz has wajybrak aladalaryňyz bilen boluberiň» diýerdi. Maşgala gatnaşyklaryna şeýlekin çemeleşme Aşyr aganyň maşgalasyny agzybirlige hem jebislige alyp barýan ýeke-täk dogry ýol bolup durýardy.

## Soňky oýlanmalar

Gadymy rowaýatlaryň birinde aýdylyşyna görä, bir erkek kişiniň düýşüne Perişde girýär hem-de ýakyn wagtda onuň maşgalasynyň iň gymmatly zadyny alyp gitmekçi bolýandygyny habar berýär. Ol adam düýşüni aýalyna aýdyp berýär hem-de ellerinden alynjak bolunýan gymmatlygyň niçeme ýyllar garaşyp ýeten ýeke-täk perzentleridir diýip öz ýanyndan gaýga batýar. Aýaly Perişde gelende onuň bilen men gürleşeýin diýip ärini yrýar. Günleriň birinde garaşylýan Perişde är-aýalyň garypja çatmalaryna salam berip girýär hem-de öz hyrydar zadynyň yzyndan gelendigini aýdýar. Aýaly: «Biziň üç baýlygymyz bar: oglumyz, saglymyz we agzybirligimiz. Sen şularyň soňkusyna degme-de, galan ikisiniň haýsysyny alsaň alaý» diýip jogap berýär. Perişde: «Wah, men şol agzybirlik diýip gelipdim, onuň bar ýerinde hiç bir meselede müşgillik ýokdur» diýip, ol öýden çykyp gidýär.

Görşümiz ýaly, bu rowaýatyň aňyrsynda çuň manyly pelsepewi pikir ýatyr. Rowaýatda agzybirligiň maşgala üçin bahasyna ýetip bolmajak baýlykdygy, onuň maşgala durmuşynyň baş ýörelgesidigi nygtalýar. «Agzybire Taňry biýr, agzalany gaňrybiýr» diýen gadymdan gelýän atalar nakylynyň ýüze çykmasynyň sebäbi hem şunda bolmaly.

Maşgala agzybirligi giň düşünje bolup, ol öz içine agzybirligiň ygtybarly ýol-ýodajyklary hökmünde ýüze çykýan birnäçe ýörelgeleri (*kyn günüňde birek-birege ýardam bermek, dogry ýola gönükdirmek we degerli maslahatlary bermek, özara düşünişmäge ymtylmak we ylalaşyk gözlemek, ýakynlaryňa mähribanlyk-rehimdarlyk görkezmek we geçirimlilik etmek, sabyrly-şükürli bolmak we beýlekiler*) alýar.

Her halda maşgalada agzybirlik ýörelgesine bar durky bilen eýeren ata-babalarymyz ýöne ýerden «Gelin gelin däl, gelniň gelen ýeri gelin» diýen nakyly döreden däldirler.

Gelin toýundan soň maşgala täze bir agza gelip goşulýar. Durmuşyň kadalaryna laýyklykda maşgalanyň täze agzasy bilen dürli maşgala gatnaşyklary dowamly ýagdaýda ýüze çykyp durýar. Islendik ahlak gatnaşygynda bolşy ýaly, bu ýerde hem taraplaryň arasynda deň derejeli ahlak hukuklary hem-de borçlary döreýär. Ata-ene ýa-da maşgalanyň beýleki agzalary diňe hukuklaryny bilip, borçlaryny unutsalar, ol ojakda agzybirlik ýitýär. Maşgala agzybirligini diňe maşgala agzalarynyň ählisiniň bir hörpden gopýan taýsyz tagallalary bilen gazanyp bolýar. Şonuň üçin hem maşgalanyň her bir agzasy täze gelen gelin bilen gatnaşyklarynda öz ahlak borçlary barada çynlakaý oýlanmaly. Şol gatnaşyklarda maşgala agzalarynyň ahlak sypatlary, esasan, şulara gabat gelmeli:

**1.** Maşgala agzalary gelen gelni sözüň doly manysynda «özlerinden biri» hökmünde kabul etmeli. Gelin maşgalanyň dowamatynyň çeşmesidigini, onuň abraý-mertebesiniň görkezijisidigini unutmaly däl.

**2.** Maşgalanyň uly-kiçi ähli agzalary, ilkinji nobatda hem gaýyn ata we gaýyn ene gelin gelen gününden başlap onuň bilen «dost» bolmaga çalyşmaly, ýagşy-ýamany bilelikde paýlaşyp, bitewi berk maşgalany emele getirmeli.

**3.** Maşgala agzalary gelniň özüni erkin hem ynamly alyp barmagyny gazanjak bolmaly. Çünki daşyndan gelen adam hökmünde gelin öz hereketlerinden hem gepinden nädogry many alnar öýdüp çekinip gezýär, adatça, gorkuly hereket edýär.

**4.** Maşgalabaşy maşgalanyň içki gatnaşyklaryna hiç kimiň, şol sanda ýakyn garyndaşlarynyň hem goşulmagyna ýol bermeli däl.

**5.** Maşgala agzalary gandüşer garyndaşlyk esasynda öz ýakynlaryny ilki goramaly diýen pikire uýman, gelniň hereketlerine dogry hem adalatly baha bermäni başarmaly. Gelin barada aýdylýan gep-gürrüňleriň doly anygyna ýetip, olary akylly-başly seljerip, gutarnykly netije çykarjak bolmaly.

Sargyt 7. № 749

Aýdylanlary gyşarnyksyz durmuşa geçirmek üçin biziň bir hakykata anyk göz ýetirmegimiz möhüm. Zemin durmuşyny her bir şahsyýetiň diňe täk özi ýaşap bilýär. Şonuň üçin hem herki ynsan öz akylyna eýerip ýaşajak bolmaly. Başga biriniň akylyna daýanmak üçinem akyl gereg-ä! Has wajybam islendik meselede köpüň pikirine kybapdaş özbaşdak ahlak garaýşyň bolmagyny üpjün etmäge çalyşmaly.

Ýokarda beýan edilenleri ünsden düşüren halatymyzda maşgala agzybirligini göwnejaý üpjün edip bolmaýar. Ata-enesiniň ojagynda talaba laýyk terbiýe almadyk gyzlar, soňra-da gelin bolup baran ýerinde dogry ýola salynmadyk aýallar, şeýle hem gelin bilen özara gatnaşyklaryny deňli-derejeli ýola goýup bilmeýän maşgala agzalary maşgalany tükeniksiz betbagtçylyklara sezewar edýärler.

Gahryman Arkadagymyzyň saýasynda her bir türkmen ojagyna synmaz maşgala agzybirligi höküm sürýän bagtyýar durmuş nesip etsin!

## 4.3. Maslahatly biçilen don gysga bolmaz

*Islendik jemgyýetiň düzüm gurluşynyň esasy birligi hökmünde maşgala ykrar edilýär. Maşgalanyň ahlak keşbi onuň agzybirliginiň, jebisliginiň, abraý-mertebesiniň görkezijisi bolup durýar. Sagdyn maşgalalar jem bolup, kämil jemgyýeti emele getirýärler. Şeýlekin jemgyýetde erkana durmuş höküm sürýär. Türkmen jemgyýetinde adam ahlaksyzlygy sebäpli döräp biläýjek nogsanlyklaryň deslapdan öňi alynýar, olaryň indi ýüze çykmazlygy üçin zerur çäreler işlenip düzülýär. Şonuň üçin hem mähriban Diýarymyz dünýäde ygtybarly ösüşleri, syýasy durnuklylygy we ykdysady kuwwatlylygy bilen tapawutlanýar.*

*Maşgalanyň berkligi köp derejede onuň ýolbaşçysyna bagly bolup durýar. Gadymyýetden türkmen maşgalasyna erkek kişi baş bolup gelipdir. Häzirki döwürde hem ýaş ýigitleri agy-garany, ýagşy-ýamany saýgaryp başlandan maşgalabaşynyň «wezipesine» taýýarlamak işi möhüm ähmiýete eýedir. Dürli derejelerde ýetginjeklere maşgala*

*jogapkärçiliginiň ähli taraplary anyk durmuşy mysallaryň üsti bilen açylyp görkezilýär, geljegi nazarlap, gymmatly sargytlar edilýär.*

Ojarly obanyň adamlarynyň ahlak sypatlaryna onuň töweregindäki obalaryň ilaty çäksiz guwanýarlar hem buýsanýarlar. Olar diýseň agzybir ýaşap, halal zähmete sarpa goýup, oba arasynda tertip-düzgüni berk saklap, oglan-uşaklaryna-da dogry terbiýe berýärdiler. Bu obanyň adamlarynyň arasynda ula-kiçä hormat-sylag goýmak edil kanunyň derejesinde goýlan ýalydy, özi-de gyşarnyksyz berjaý edilýärdi. «Gawun gawundan reňk alar» diýişleri ýaly, oba ilaty her bir işde öz abraýly ýaşulularyna meňzemäge çalyşýardylar, olara öýkünýärdiler. Daşyndan bu obanyň adamlary misli bir bitewi sazlaşykly maşgala ýaly bolup görünýärdi.

Şu obada ýaşaýan ýokary mertebeli maşgalalaryň birine Berkeli aga ýolbaşçylyk edýär. Ymsagül eje ojakbaşy hökmünde adamsyna maşgalany abraýly dolandyrmakda ähli babatda ýardam berýär. Olaryň bäş ogly we iki gyzlary bolup, ogullarynyň üçüsini öýeripdiler. Berkeli aganyň maşgalaly ogullary şol obada hersi öz mellek ýerinde öý galdyryp özbaşdak ýaşaýardylar. Berkeli aganyň beýleki ogullary Watan öňündäki harby gulluk borçlaryny berjaý edip, orta mekdebi tamamlan iki uýasy bilen garry öýlerinde ata-enesiniň ýanynda ýaşaýardylar hem-de elli gektar kärende ýerlerinde gujurly zähmet çekýärdiler.

Bu maşgalada herki wajyp mesele maslahatsyz çözülmeýärdi. Berkeli aganyň maşgalaly ogullary kiçi maşgalabaşy hasaplansalar-da, baş maşgalabaşynyň soňky sözüni eşitmezden, düýpli durmuşy-hojalyk meselelerini özbaşdak çözmezdiler. Türkmeniň maslahatlaşyp ýol aşmak ýörelgesi Berkeli aganyň maşgalasynda asylly däbe öwrülipdi. Umuman, «Ýedi ölçäp bir kesmek» biziň halkymyzyň özboluşly aýratynlygy bolup durýar diýip, Berkeli aga çagalaryna elmydama nygtap gelýär we bu barada anyk hem-de täsirli durmuş pursatlaryny Arkadag Prezidentimiziň «Döwlet guşy» romanyndan köp aýdyp berýär. Eserden front üçin tylda zerur çäreleri guramak, mekdebiň jaýyny salmak, Allamyrat pälwana we onuň ýetim galan agtyklaryna hossarlyk etmek babatda oba ilatynyň geçiren ynsanper-

wer häsiýetli maslahatlaryny aksakgal şol döwriň adamlaryna çäksiz sarpa goýmak bilen ýatlaýardy.

Ýazyň golaýlap gelmegi bilen Berkeli aga maşgala agzalaryny (çagalaryny, gelinlerini we agtyklaryny) dynç güni maslahata çagyrýar. Maslahatlaşylmaly mesele hem kärende ýerinde bahar paslynda haýsy ekinleri ekmelidigini kesgitlemek bolup durýardy. Baş maşgalabaşy nobatyna görä ähli maşgala agzalarynyň, şol sanda ýetişen agtyklarynyň hem pikirlerini diňleýär. Aýdylanlaryň artyk hem kem taraplaryny hemmetaraplaýyn ölçerip-döküp, kärende ýeriniň ýagdaýyny, onsoňam şu ýyl ygalyň ýetik bolanyny göz öňünde tutup, Berkeli aga köpüň pikirini nazara almak bilen kärendäň aglaba böleginde däne we pagta ekmeli diýen netijä gelendigini yglan edýär. Şol bir wagtda hem mallar üçin ot-iýmiň aladasyny etmegi, özleri üçin gök-bakja önümlerini, şeýle hem ir-iýmişli baglary ekmek üçin ýer böleklerini ýeterlik çäklerde meýilleşdirmegi maslahata gatnaşýanlara Berkeli aga aýratyn nygtaýar. Ekarançylyk işlerine umumy ýolbaşçylyk etmegi hem-de işleriň gidişi barada we döreýän kynçylyklar barada yzygiderli hasabat berip durmagy baş maşgalabaşy öz uly ogluna tabşyrýar.

Güýziň ahyrlan gabatlarynda Berkeli aganyň uly gelni baldyzynyň haýyşy boýunça gaýyn enesiniň ýanynda obalaryndaky Mele awçynyň Serdar atly ogly üçin Sülgüne gudaçylyga geljek bolýandyklaryny assyrynlyk bilen ýaňzydýar. Ymsagül eje gelniniň gysga sözünden, ýüzünden-gözünden meseläniň änigine-şänigine ýetip, ýigide belet bolany üçin: «Mekdebimizde mugallymçylyk edýän Serdar-a asylly gerçek bolmalydyr» diýip, gelniniň hem gyzynyň göwnünden turaýjak sözleri ene hökmünde begenjinden ýüreginden syzdyryp aýdýar. Gaýyn enesiniň jogabyndan kanagatlanan gelin dessine lukmançylyk edýän hassahanasyna gitmek bilen bolýar.

Şol gün günorta nahardan soň çaý başynda Ymsagül eje gudaçylyk bilen bagly «daş gulakdan» eşiden gürrüňleri barada Berkeli aga habar berýär. «Çagalaryna doly belet däl, ýöne Mele awçyň özä tükeniksiz gowy adamdyr» diýip, maşgalabaşy bu gürrüňi dowam etdirilmegine garşy däldigini düşüner ýaly äheňde aňladýar. Buşluk habary geline ýetirilýär, olam öz gezeginde bu gürrüňi gyzgyny bilen

Sülgüne gowşurýar. Ara salym salynman diýen ýaly Berkeli agalara gudaçylyga gelinýär. Saglyk-amanlyk soraşylyp, habar alşylandan soňra Berkeli aga: «Nesibäňizde bolsa alarsyňyz» diýip, gudaçylyga gelenleri inçejik tama bilen yzyna ugradýar.

Berkeli aga ogullaryny we gelinlerini kiçi göwrümli maşgala maslahatyna çagyrýar hem-de gyzy Sülgüni durmuşa çykarmak barada olaryň pikirlerini diňleýär. Garyndaşlyk açmak isleýänler bilen bagly hiç bir «gyşyk» gürrüň eşitmänsoň, Berkeli aga çagalaryna ýene-de bir ýola Mele awçynyň maşgalasy barada goşmaça sorag-ideg etmegi, aýalyna bolsa, sawçylar babatda gyzynyň garaýşyny anyklamagy tabşyrýar. Bu gürrüňlerden soň uzak wagt geçmänkä, Berkeli agalanyň ojagynda märeke üýşürilip, abraý bilen gyz göçürilýär.

Günleriň birinde Berkeli aga ortanjy oglunyň gelni bilen aralaryna tow düşendigini agtyklarynyň üsti bilen anyklaýar. Ol diňe şol ogluny we onuň gelnini agşam naharyna çagyrýar. Berkeli aga nahardan soň çaý başynda aýaly Ymsagül eje, ogly we gelni bilen galýar. Berkeli aga maşgalanyň içki ýagdaýlaryndan habarlydygyny mälim edip, çagalary bilen içgin gürrüňe girýär. Öz ýanyndan oglunyň bu dörän ýagdaýda günäsiniň agdykdygyny anyklaýar. Onuň pikirini Ymsagül eje-de doly goldaýar. Oglunyň säwliklerini oňa birin-birin düşündirip, Berkeli aga çagalaryny geçirimlilige, özara düşünişmeklige, agzybirlige çagyrýar. Ogul-gelin ylalaşyga gelenlerinden soňra, ata-enesinden müň kerem razy bolup, öýlerine hoş bolup dolanýarlar.

Berkeli aganyň maşgalasynda ýüze çykýan herki durmuş pursatlary şu terzde çözülýärdi. Munuň özi maşgalanyň has-da berkemegine, abraý-mertebesiniň hem-de rysgal-döwletiniň artmagyna, uly maşgalada şadyýan durmuşyň dowamat dowam bolmagyna esas döredýärdi.

## Soňky oýlanmalar

Maşgala ýolbaşçylyk etmek, hakykatdan-da, juda mertebeli wezipe. Emma onuň hötdesinden abraýly geläýmek welin örän çylşyrymly mesele. Ýaşlykdan bu ugurda ýörite taýýarlyk işlerini geçmedik, soňra hem ömrüniň dowamynda toplan «durmuş tejribesini»

yzygiderli artdyryp durmadyk adamyň ol wezipäni göwnejaý ýerine ýetirip bilmejegi düşnüklidir. Bu ýerde ýöne bir ahlagyň we hukugyň kadalaryna laýyklykda arassa-halal ýaşanyň, zähmet çekeniň, maşgala guranyň ýeterlik däl.

Durmuşda maşgalabaşynyň adaty bolmadyk jogapkärçiligini duýup ýaşamak üçin kän bilmeli, köp okamaly, umuman, giň dünýägaraýşyň we gözýetimiň bolmaly. Has wajyby hem maşgalany dolandyrmakda baý durmuş tejribäň bolup, gündelik ýaşaýyşda duş gelýän meseleleri seljermäni, umumylaşdyrmany we olardan degerli netijeleri çykarmany başarmaly. Munuň üçin bolsa irginsiz zähmet çekmeli, kynçylyklar bilen gaýduwsyz göreşmeli, synmajak erke eýe bolmaly. Eger-de bir maşgalany dolandyrmak üçin şunça tagalla gerek bolýan bolsa, onda ýurda Baş bolmak üçin nä derejede yhlas, gaýrat, parasat gerekdigini göz öňüne getirmek hem kyn.

Maşgalabaşy bolmak artykmaç hukuklary däl-de, bimöçber jogapkärçiligi aňladýar. Maşgala agzalarynyň her biriniň aladasy onuň boýnuna düşýär, olaryň ýaramaz işleri üçinem, ilkinji nobatda, şondan hasap soralýar. Şoňa görä-de haçanda bu oglan ýa gyz «adam çykýan ýa-da aňyrsy halal ýerden bolmaly» diýlende, muňa ilki bilen, şol maşgalanyň ýolbaşçysyna berilýän baha diýip düşünmeli. Maşgalabaşynyň ahlagyna esaslanyp, bütin maşgala barada netije çykarylýar. Herki öňýeten şeýlekin ahlakly maşgala bilen gyz alyp berişmäge, gatnaşyk saklamaga höwes edýär.

Berkeli aganyň maşgala baş bolmak tejribesi nusgalyk, göreldelik, özboluşly durmuş mekdebi hökmünde kabul edilmäge mynasyp. Onuň «maşgalany dolandyrmak» bilen bagly geçirýän «maslahatlary» ogullary-gyzlary, gelinleri, agtyklary, umuman, dowamatlary üçin tapylgysyz hazyna bolup durýar. Ol parasatly şahsyýet hökmünde islendik meseläni doly we hemmetaraplaýyn öwrenip, ony dogry we adalatly çözmäge çalyşýar.

Hekaýadan görnüşi ýaly, ogul-gelin dawasynda Berkeli aga adalatyň hatyrasyna gelniniň tarapyny tutýar. Hakyna-nähakyna garaman ogluň ýa gyzyň arkasynda durup, adalatly netijä gelip bolmaýar. Maşgalabaşynyň çözgüdi ahlagyň we hukugyň kadalaryna doly laýyk gelende, has wajybam adalatly bolanda, ol hiç bir kynçylyksyz diýen

ýaly ýerine ýetirilýär, hemme-de ondan razy bolýar. Durmuşyň syrly sahypalaryndan belli bolşuna görä zorluga, süteme, gahar-gazaba, aldawa, mekirlige esaslanýan çözgüt maksadyna aňsat ýetmeýär, ýetäýende-de uzak ömür sürmeýär.

Hekaýadan ojakbaşynyň ýardamçy tagallalaryny duýmazlyk mümkin däl. Ymsagül eje öz «makullaýjy» hem «tassyklaýjy» hereketleri bilen maşgalanyň sazlaşykly dolandyrylmagyna görnetin oňyn täsir edýär. Ol hiç bir hereketinde hem adamsynyň öňüne düşmeýär, ony oňaýsyz ýagdaýa goýmaýar. Şol bir wagtda hem maşgala agzybirligine we jebisligine saldamly goşant goşýar. Akylly-başly aýal maşgalada öz ornuny bilip ýaşanda, ol şol maşgalanyň göze ilmeýän «yşyklandyryjysyna» öwrülýär. Diňe şeýle şertlerde maşgalabaşa «maşgala otlusy» hökmünde asuda hem parahat ýol aşmak başardýar.

Durmuş kerweni menzilme-menzil ýol aşyp gidip otyr. Iru-giç maşgalabaşynyň öz «köşegine eýermeli» diýen pursady hem ýetip gelýär. Şu ýagdaýda hem kiçi maşgalabaşylar elmydama ýaşulynyň hatyrasyny saklaýarlar, töründen orun berýärler, yhlas bilen onuň hyzmatynda bolýarlar, ýöne artykmaç agram salmaýarlar. Döwlet Baştutanymyzyň saýasynda hemme türkmen maşgalalaryna ylahym şeýlekin bagtyýar durmuş nesip etsin!

## 4.4. Durmuş dowam edýär

*Her bir ynsan heniz orta mekdepde okaýan döwürlerinden öz geljekki durmuşyny meýilleşdirmegiň aladasyny edip başlamaly. Ömür meýilnamasy seniň diňe bir isleglerińe däl, eýsem, şahsy başarnyklaryňa, şonuň ýaly-da tebigatyň seniň üçin eçilen aýratyn ukyplaryna esaslanmalydyr. Diňe şahsy isleglerińe görä düzülen durmuş meýilnamasy seni garaşýan bagtyýar durmuşyňa ýetirmez. Çünki ýok ýerden bar edip bolmaýar, binýatsyz galdyrylan bagtyýar durmuş tiz dagaýar.*

*Ynsan söýgisi-de hökman meýilleşdirilmäge degişli, özi-de ol ýaşlaryň durmuşyň agy-garasyny saýgaryp, adam gatnaşyklaryna düşünip başlan döwürlerińe gabatlaşdyrylmaly. Sebäbi söýgi şol bir*

*wagtda ynsan duýgusyna hem-de paýhasyna daýanýar. Bu meseläniň çözgüdine duýgudanda ötri akylly-paýhasly çemeleşme has zerur bolup durýar.*

Gojaman Köpetdagy etekläp oturan obalaryň birinde täsin ahlakly, gara zähmetden gaçmaýan, kynçylyklardan gorkmaýan Merdan atly bir ýigit ýaşaýar. Ol Meret kärendeçiniň ýeke perzendi. Meret aga bilen Aýgül ejäniň bar umyt-arzuwlary köp garaşdyryp dünýä inen ýalňyz ogullaryny öýerip, ondan önjek agtyklara guwanmakdy. Şonuň üçin hem iki garrynyň agşamlaryna çaý başyndaky gürrüňleriniň soňy elmydama ogul öýermek meselesine syrygýardy. Özara gürrüňdeşlikde bular obada ýaşaýan ogullarynyň deň-duş gyzlarynyň ählisiniň gulaklaryny şaňladýan bolmaly. Ýeke perzendiňe taý tapaýmak ýeňil-ýelpaý iş däl bolarly. Herki kämil çykan ýigit ýaly harby gullukda gezip ýören Merdanyň ata-enesiniň bu süýji başagaýlygyndan habary ýokdy.

Ogullarynyň Watan öňündäki harby gulluk borjuny ýerine ýetirip, oba dolanyp gelenine kän wagt geçmändi. Meret aga Aýgül eje bilen gelin edinmek matlabyny ogullaryna ýetirmeli diýen netijä gelip, dynç gününiň öýle guşluk çaýynyň başynda Merdana kakasynyň doganoglan agasynyň kiçi gyzy Keýigi alyp bermekçi bolýandyklaryny kesgitli mälim etdiler hem-de onuň jogabyna garaşdylar.

Merdan çykgynsyz ýagdaýa düşdi, onuň durmuş meýilleri ata-enesinkä gabat gelmeýärdi. Çünki ol entek ýokary mekdebiň hukukçy hünäri boýunça diplomyny ele almakçydy, höwes edýän sülçülik işine başlap, soňra öýli-işikli bolmagyň aladasyny etmekçidi. Ol düzen durmuş ýol kartasyny asla bozmakçy däldi, ýöne ata-enesiniň raýyny hem ýykmak islemeýärdi. Näme etmeli diýen sorag durmuşyň gapysyndan ýaňy ätlän ýigidiň öňünde ör-boýuna galdy.

Iki-üç güne çeken dymyşlykdan soň, Merdan çakdan aşa ezizleýän ata-enesiniň umyt guşlaryny ürküzmejek bolup, olara özüniň galan iki aýyň içinde hiç-bir alada-gaýgysyz ýokary mekdebiň synaglaryna taýýarlanmakçy bolýandygyny, okuwa girip bilen ýagdaýynda, gelinli gürrüňiň dowam etdirilmegine garşy däldigini aýtdy.

Ol häzirlikçe wagt utmakçydy, şu pursatda özüni gyzyklandyrmaýan meseläniň çözgüdini ata-enesiniň göwnüne degmezden yza çekmekçidi, şeýdibem soňuny görüp gelen ýok etmekçidi.

Ýigidiň mekdep ýyllarynda kämil bilim almak ugrunda çeken azaplary, şeýle hem galan döwrüň içinde gije-gündiz diýmän ýürekden çeken zähmeti bisarpa geçmedi, yhlasy myrat boldy. Ony höwes edýän okuwyna kabul etdiler. Merdanyň ata-enesi hem bir okda iki towşany urana meňzeýärdiler, ogullary ýokary mekdebe okuwa girdi, onsoňam toý şaýyny tutubermelidi.

Merdan Keýik bilen onýyllygy bile gutarypdylar, olaryň hersi aýratyn bir synpda okapdy. Bu gyzyň görk-görmegem, edep-ekramam, adamkärçiligem hiç neneň däldi. Merdanyň obadaş, şol bir wagtda hem garyndaş gyzyna sarpasy uludy, ýöne ýaşlykda oglan bilen gyzyň arasynda döreýän pynhandan näzik duýgy Merdanda ol gyz babatda ýokdy, ol häkibir köpüň biridi. Dogrusy, ýigidiň başga bir göwni giden gyzam ýokdy. Çünki ol häli adam çykmaly, öz aýaklaryň üstünde ynamly durmany başarmaly, şondan soňam garrap baramog-a diýen akyla uýýardy. «Nika duralgasy» Merdan üçin hol uzaklarda salgym bolup görünýärdi, onda duran gyzyň sudury asla-da saýgardanokdy. Merdan ýokary bilim almanyň, tejribeli hünärmen bolup ýetişmäniň aladalary bilen ýaşaýardy. Umuman, öýlenmek onuň soňra, howlukman ýetmeli «üçünji duralgasydy».

Elbetde, Merdan okuwa girenine guş bolup uçýardy. Başga bir tarapdanam ata-enesiniň öňünde beren sözi ony gaty binjalyk edýärdi, ol kelebiň ujuny ýitirene meňzeýärdi. Meret aga bilen Aýgül eje toý tutmak meselesini gaty çynyrgadypdylar. Ata-enäniň öz balasyna ýamanlygy ýokdur, şolaň diýenleri bilen bolubergin diýýänler ýakynda-ýatda köpelipdi. Merdan öz-özüne sorag berýärdi, söýmänem maşgala gurup bolýarmyka ýa-da bu duýgy gelinligiňi törüňe geçireniňden soňam döräp bilýärmikä?! Tejribäň-ä bir ýok, maslahatlaşmaga-da, älhepus, laýyk adam duşanok diýip, ol oda-köze düşýärdi.

Merdanyň ýakynlarynyň öýlenmek babatda getiren delilleri agramly gelen bolarly, okuwa başlanmazynyň öňüsyrasynda şowhunly toý tutuldy. Meret agadyr Aýgül eje niçeme ýyllap arzuwlan

maksatlaryna ýetdiler, indi olar garry göwünlerini galkyndyraýjak şadyýanja agtyklara garaşybermelidiler.

Merdanlaryň obasy paýtagtdan uzakda däldi, uniwersitete gatnabam okasa boljakdy. Birbada kynrak görünen-de bolsa, ahyrynda şähere gatnamak aladasy ugrugypdy. Merdan okuwyna juda erjellik bilen ýapyşýardy. Esgerlik ýyllarynda özüňe erk etmek, kynçylyklara döz gelmek ýaly özleşdiren endikleri, soňra hem onuň häsiýetine öwrülen bu we beýleki birnäçe ahlak sypatlary, Merdan üçin bilim dünýäsine içgin aralaşmagyň ygtybarly açary bolup hyzmat edýärdi. Onuň boş pursatlary ýok diýen ýalydy. Şeýle-de bolsa, ol gapylaryndaky mal-garalaryna-da, mellekdäki hem-de kärende ýerindäki ekin-dikinlerine-de ideg etmäge wagt tapýardy, beýleki hojalyk işlerinde hem ata-enesine peýdasy kändi, gelni Keýigi-de ünsden düşürmeýärdi.

Merdanyň maşgala durmuşy şu terzde birsydyrgyn geçip durdy. Onuň toparynda okaýan oglandyr gyzlar bu başarnykly, gaýratly ýigide uly hormat goýýardylar. Talyp ýaşlaryň bary-da okuwda, şeýle hem jemgyýetçilik çärelerinde juda agzybirdiler, bir-birine elmydama kömege taýýardylar, haçan görseň alaýazdylar.

Bile okaýan talyp gyzlarynyň biriniň ähli hereketleri Merdan üçin aýratyn öwgä mynasypdy, göreldelikdi. Onuň ady Jemaldy. Bu gyzyň agraslygy, her bir işe hyjuwly çemeleşişi we jogapkärli garaýşy ýigidi özüne bakna edýärdi. Merdanyň gözi bilen seredeniňde özi-de, ahlagy-da gözel Jemala guwanmazlyk, buýsanmazlyk mümkin däldi. Ol öýde wagtlary gelniniň oturyşyny-turşuny, gülküsini, umuman, onuň özüni alyp barşyny, häsiýetini, näme üçindir, Jemalyňka meňzedesi gelýärdi. Merdan Jemaly ähli gyzlardan tapawutlandyrjak bolup başagaý bolup ýörenine özem geň galýardy. Jemal welin ýigidiň bu perişan halyny duýanokdy, duýmagy mümkinem däldi, sebäbi ol Merdanyň «aýaklarynyň duşalandygyndan» habarlydy. Başgaça bolanda bu ýaşlaryň durmuş ýollarynyň haýsy tarapa uzajagyny hiç kim bilmeýärdi.

Ýyllar kerwen gurap geçip otyrdy. Merdanyň göz monjuklary ýaly ekiz taýlary Hydyr hem Ylýas indi ýörjen-ýörjen bolup başlapdylar. Meret agadyr Aýgül eje ýaşynyň soňunda ýeten bagt-

laryna, eziz perzendiniň çagajyklaryna guwanyp doýup bilenokdylar. Merdan bilen Keýigiň durmuşlary tukadrak diýäýmeseň, aslynda bir erbedem däldi. Ýöne Merdan, hamala diýersiň, biri üçin ýaşaýan ýaly, bir hili sussupes gezýärdi, maşgala durmuşynyň eşretlerini doly duýup bilenokdy. Täzelikde maşgala guran bile okaýan talyp ýoldaşlary Seýran bilen Jemalyň şadyýan durmuşlaryna ak ýürekden guwanyp hem begenip, öz-özüne ýüzlenip: «Men hem şular deýin bagtly bolsam bolmaýamy» diýip oýa batýardy...

## Soňky oýlanmalar

Tebigatyň her ynsana eçilen ömür sürmek çägini dogry we tygşytly ulanmany başarmagymyz gerek. Adatça «ömür duralgalarynyň» hersinde amal edilmeli işleri başga döwre geçirip bolmaýar, ýagny seniň islegiňe görä wagty öňe ýa-da yza süýşürmek tebigatyň kadalaryna ters gelýär. Şonuň üçin hem manyly ömür sürmek üçin her bir şahsyň öz durmuş ýoluny deslapdan dogry meýilleşdirmegi möhüm bolup durýar.

Merdanyň ömür meýilnamasy onuň şahsy isleglerine hem-de mümkinçiliklerine laýyklykda dogry düzülipdi: ýokary bilim almaly, höwes edýän işiňi tapyp, özbaşdak eklenç çeşmesini edinmeli, soňra-da maşgala gurmalydy. Görşümiz ýaly, ýaş ýigidiň ata-enesiniň täsiri bilen onuň durmuş duralgalarynyň ýerleri üýtgedilipdi. Elbetde, «duralgalaň» nobatynyň üýtgemegi hökman bir çykgynsyz ýagdaýyň döremekligini aňlatmaýar. Her bir şahsyýet durmuş meýilnamasyny zerurlygyna görä üýtgedip biler. Ýöne ol iş oýlanyşykly edilmeli, islendik ykbal kesgitleýji meselede bolşy ýaly «Ýedi ölçäp, bir kesilmeli». Dogrusy, Merdanda öýlenmek barada imisala pikirlenmäge pursadam bolmandy. Ol maşgala gurmak meselesini özbaşdak çözmäge entek taýynam däldi, durmuş tejribesem ýetenokdy. Şeýle-de bolsa, ol maşgala durmuşynyň berk maddy binýadynyň bolmalydygyna welin aýdyň göz ýetirýärdi.

Ekinleriň suwsuz gögerip boý alyp bilmeýşi ýaly, maşgalanyň hem söýgisiz emele gelmeýändigine ýaş ýigide düşünmek birbada, megerem, kyn bolandyr. Söýgi, özi-de diňe özara garşylykly söýgi

duýgulary berk maşgalany emele getirip bilýär. Är-aýalyň şatlyk duýgulary çakdan aşa çogup-joşanda, «Bularyň-a «guşy uçdy» diýilýär. Emma hiç kim bir ganatly ýa-da asla ganatsyz guşuň uçup barýanyny gören däldir.

Aslynda söýgi nämekä?! Adamata-Howene uçmahdan ýere inderilenden soň, näçeräk adam dünýä gelip-giden bolsa, söýginiňem şonçarak aňlatmasynyň bolmagy mümkindir. Söýgi – bu bir giňden ýaýran «kesel», özi-de her öňýeten şu derde ýolukmagyň arzuwynda. Şol kesel bilen keselläp bilmedim diýip çyndan keselläp ýörenlerem bar. Söýgi keseliniň ýeňil-ýelpaý sowlup geçýänem bolýar, dowamly aýrylmaz dert hökmünde ýolukýany-da. Söýgi keseli iki ýaş juwany düýpli «hassalyk» ýagdaýyna ýetiren halatynda, jüpüne düşende, ol geljekki bagtyýar maşgala durmuşynyň binýadyna öwrülýär.

Her halda ynsanyň-ynsana söýgi duýgulary, ilkinji nobatda, olaryň hüý-häsiýetine, olam öz gezeginde adamyň ahlak dünýäsine esaslanyp döreýän bolmaly. Bilşimiz ýaly, mekdep ýyllarynda, soňkurak döwürlerde-de oglanam, gyzam, esasan, bir-biriniň keşbine aşyk bolýarlar. Şeýlekin dörän söýginiň paýhas diregi ýok diýen ýalydyr. Adam herki işe, şol sanda söýgi meselesine-de akylly-başly çemeleşmeli. Diňe bir şahsy däl, eýsem, başgalaryň hem durmuş säwliklerinden her bir ynsan özi üçin peýdaly sapaklary aljak bolmaly.

Umuman, maşgala gurjak bolýanlar bir-biriniň hüý-häsiýetini, ahlak garaýyşlaryny doly we hemmetaraplaýyn bilmelidirler. Bu meselede olara ata-eneleri, ýakynlary, dost-ýarlary ýardam berip bilerler. Şeýle-de bolsa, «Gören göz deň bolmaz eşiden gulak bilen» diýilýär. Elbetde, sorag-idegden daşgyn geljekki ýanýoldaşyň gylyk-häsiýetine hut özüň açyk göz ýetirip bilseň, oňa ýetesi zat ýok. Mysal üçin, Seýran bilen Jemala bir-birini has içgin tanamaga bileje okan ýyllary mümkinçilik beren bolmaly.

Häzir her kim öz ýanyndan indi Merdan näme işlemelikä diýip oýlanýan bolmaklary mümkin. Hawa, durmuşyň inçeden-çylşyrymly syrly ýoldur ýodalary kän. Ilçilikde söýgisiz emele gelen nikanyň şowsuz maşgala öwrülip, bimany ömür sürýänine hem duş gelinýär. Şular ýaly ýagdaýda, ol Merdana hem belli bir derejede degişli bolsa gerek, är-aýal bolup iki ýerden maşgalanyň bir bitewi gözel ah-

lagyny emele getirmek üçin, şony-da kanunyň derejesinde hökmany hasaplap, durmuşda ikiň-de üýtgewsiz ýerine ýetirmäge çalyşmaly. Şeýdip, häsiýetleriň arasyndaky gapma-garşylyklary aradan aýyrjak bolmaly. Çagalaň öňündäki jogapkärçiligiňe düşünip, olara arassa-halal terbiýe bermeli, olaň durmuşynda ýalňyşlyklaryň bolmazlygy üçin öňünden alada etmeli. Çagalaryň «durmuş ýol kartasynyň» dogry düzülmeginde tejribeli maslahatçy hökmünde olara hemmetaraplaýyn kömek bermeli.

Şu gysgajyk seljermeden görnüşi ýaly, düşünişmek, geçirimlilik etmek, herki meselede özara ylalaşyk gözlemek, şahsy jogapkärçiligiňi duýup ýaşamak maşgala durmuşynyň ygtybarly ýörelgeleri bolup durýar. Her birimiziň bagtly ömür sürmegimiziň syrlarynyň açary biziň öz elimizde. Hormatly Prezidentimiziň döredýän bagtyýar zamanasynda durmuş ýol kartaňyzy dogry düzmekde we ony netijeli amala aşyrmakda üstünlik hemraňyz bolsun!

## 4.5. Hiçden giç ýagşy

*Durmuşda öz mynasyp ornuňy tapmak üçin ýaşlykdan kän tagalla etmeli. Şeýle işleriň biri-de ýigitdigiňe ýa-da gyzdygyňa garamazdan, özbaşdak eklenç çeşmäň bolmagyny üpjün etmek bolup durýar. Her bir ýetginjek eklenç babatda garaşsyz ýaşamanyň aladasyny mekdep ýyllaryndan edip başlamaly. Azabyň boş çykmaz ýaly bu ugurdaky meýilleriňi diňe bir islegleriňe görä däl, eýsem, şahsy mümkinçilikleriňe hem-de ukyplaryňa laýyklykda takyk kesgitlemäni başarmaly.*

*Özbaşdak eklenç çeşmesiniň bolmagynyň berk maşgalany döretmekde ähmiýeti juda uly. Mundan başga-da agzybir maşgalany emele getirmek üçin är-aýal gatnaşyklarynda deňlik ýörelgesine eýermeli, özara sylaşyk bolmaly, bir-biriňe ynam bildirmeli, şeýle hem ýakynlaryň barada gündelik alada etmeli, bütin maşgala bolup jemgyýetiň ahlak kadalaryna we döwletiň kanunlaryna hormat goýmaly hem-de olary gyşarnyksyz durmuşa geçirmäge ýürekden çalyşmaly.*

Sähra obada juda asylly maşgala diýilýän gyzlaryň hatarynda görülýärdi. Öýde ýeke gyz bolansoň, ol ata-enesiniň el-aýagydy, hiç ýogy bilmezdi. Erkek doganlaram ondan köp razydylar. Maşgalanyň bar keşigi üstünde bolany sebäpli, Sähraň öýde okuwlaryna taýýarlanmaga känbir wagty bolmaýardy. Şeýle-de bolsa, ol mekdebi orta bahalar bilen tamamlapdy, ýokary mekdebe okuwa girmäge ullakan bir höwesi bolmany üçin hem öýlerinde hojalyk işleri bilen gümra bolup wagtyny geçirýärdi. Sährasyz Esen aganyň hojalygyny ýöretmegi göz öňüne getirmek mümkin däldi.

Esen aga aýaly Mama eje bilen aladaňdandan agşama çenli kärende ýerlerinde irmäni-ýadamany bilmän zähmet çekýärdiler. Azap edişlerine görä ýylyň-ýylyna gowy hasylam alýardylar, girdejilerem ýeterlikdi, ellerini uzadan ýerlerine ýetýärdi. Iki ogluna obalaryndan paýlanan mellek ýerlerinden jaý gurup berip, olary öýerip, täze jaýlaryna göçüripdiler. Garry öýe eýe çykmaly Myrat orta mekdebiň üçünji synpynda okaýardy. Ol dogany Sähra kömekleşenden oba oglanlary bilen garyşyp oýun oýnanyny gowy görýärdi. Sähra-da jigisiniň hojalyk işlerinden gaça durýanyny at-enesine aýtmaýardy, goý, çagalygyň hözirini görsün diýýärdi.

Günleriň birinde Sähra gudaçylyga gelinýär. Tiz wagtdanam ony gaýraky oba Gandym aganyň ýeke perzendi Yklyma durmuşa çykarýarlar. Yklym maşgalada bäş gyzyň içinde ýeke oglan bolany üçin, ol lälik ösdürilipdi, känbir onuň towugyna tok diýen bolmandy. Ol ýokary okuw mekdebini kynlyk bilen gutarypdy. Häzirem daýhan birleşiginde hasapçy bolup işleýärdi. Yklym işine göwünli-göwünsiz çemeleşýän-de bolsa, keýp-sapany welin çendenaşa gowy görýärdi. Obada özi ýaly bihepbe ülpetlerem ýetikdi. Yklymyň öýde bolýan wagtyndan bolmaýan wagty köpdi. Öýüne gijäň bir wagty ýa-da daňa golaý içgili halda gelmek onuň üçin adaty ýagdaýdy.

Gandym aga ogluny dogry ýola salmak üçin her hili mekirliklere ýüz urupdy. Ol ogluna ýalbaryp gördi, ony gorkuzybam çykdy, ýöne Yklymyň etjegi içindedi. Ogluny hojalygyň aladalaryna çekjek bolup, Gandym aga oňa ýeňil awtoulagam alyp beripdi. Emma bu ulagyň hözirini Yklymyň maşgalasy däl-de, onuň ýaranlary görýärdi. Yklym hemmäniň gözünden düşüpdi. Oba ýaşululáram Yklym ýaly bihep-

belerden bizardylar, olary pisleýärdiler. Bile işleşýän kärdeşlerem Yklymdan juda nägilediler. Gijelerine keýp-sapa diýip kaňkap ýörensoň, işine, köplenç, perişan halda gelerdi, ýolbaşçylarynyň tabşyryklaryny talap edilişi ýaly ýerine ýetirmezdi, gaýta iş etmegiň ýerine bar bitirýän pişesi bahana tapmakdy.

Iki çagaň enesi bolup oturan Sähranyň durmuşy it görse gözi agyrar diýenleri boldy. Äri ony asla äsgermeýärdi, islese gygyrardy, gahary gelse, eline-de bat bererdi. Sähranyň iki baldyzam gelnejelerine bir nalajedeýin gowşak aýal hökmünde garaýardylar. Gandym agadyr aýaly Abat eje hem ogullary Yklymyň düşen gününi gelinlerinden görýän ýalydylar, özleriniň ata-ene hökmünde başarmadyklaryny Sähradan hantamadylar.

Şu ýagdaýlar sebäpli Sähra äriniň her hili hokgalary bilen sessiz ylalaşaýmak galýardy, ýagny ol şol bir wagtda «lal», «ker» hem-de «kör» bolmaly bolýardy. Öýde ol maşgala agzasy däl-de, ýönekeý bir hyzmatkär hökmündedi. Sähra üçin durmuşyň manysy şu öýe gelin bolup gelen gününden bäri ýokdy. Onuň özüni we çagalaryny eklemek üçin işlär ýaly orta ýa-da ýokary bilim şahadatnamasy, gazanç etmäge el hünäri ýokdy. Sähraň bar başarýan zady «öý hojalykçy» bolmakdy.

Sähranyň ata-enesi, erkek doganlary gyzyň keç ykbalyndan ýanýardylar. Yklyma we onuň ýakynlaryna gep düşündirmek olara başartmaýardy. Yklyma aragyny goýdurjak bolup gyzyň doganlary her hili ýol bilen oňa täsir edip gördüler, ýöne ol «hoşuň atasy ölmändir» edýärdi. Iki çagasy bilen atasy öýüne gelipdir diýen gürrüňe galmajak bolup, Sähraň ýakynlary hiç bir amatly çykalga tapmansoňlar hyrçlaryny dişläp gezýärdiler. Kyn güzerandan Sähra juda horlanypdy, «Sypatyny görüp halyny sorabermeli» diýen derejä baryp ýetipdi.

Yklymyň elinde edil «tarhan haty» bar ýalydy, onuň edeni öňünden gidýärdi. Ol öz öňünde «gyzyl çyra» ýakan adam tapylar öýtmeýärdi. Günleriň birinde obaň gaýrasyndan geçýän uly şaýolunyň ugrunda ol içgili ýagdaýda ýokary tizlikde ýeňil awtoulagyny sürüp barýarka, adam heläkçiligine alyp baran ýol hadysasyna uçraýar. Yklym ýoluň gyrasynda ulag saklajak bolup duran bendäni görmän kakyp geçýär. Iki aýa çeken derňew işlerinden soň, onuň jenaýat işi

kazyýetde garalýar we kazyýetiň hökümi esasynda ol eslije ýyla azatlykdan mahrum edilýär. Ahlaksyz hereketleri zerarly şu pursatdan Yklymyň şadyýan durmuşy tamamlanýar we onuň ömrüniň kyn günleri başlanýar.

Tussaglykda Yklym gaýgysyz-gamsyzja ýaşan günlerinde ýol beren hata işlerini birin-birin seljerýär, goýberen ýalňyşlyklaryna doly düşünýär. Keýp-sapa diýip ata-enesini ne günlere salandygyny, aýalyny we çagalaryny näçeler agladandygyny ýatlaýar. Ol häzir ökünmek ökünýär, ýöne indi giç, «Soňky tüýkülik sakgal ezmez» diýenleri-dä. Şeýle-de bolsa, «Hiçden giç ýagşam» diýilýär. Belki-de, ykbal Yklyma geljekde dogry ýola düşmäge, ynjydan adamlarynyň razylygyny gazanmaga mümkinçilik berer.

Yklym bilen bagly bolup geçen ýagdaýlardan soň Sähranyň gün-güzerany has-da beterleşýär. Yklymyň ýakynlary onuň üçin tussaklykda ýeňillikleri döretjek bolup jan edýärdiler, oňarsalar ony tizden-tiz azatlyga çykarmakçy bolýardylar. Bu adamlar Yklym üçin ýeňillikleri döretmek, ony azatlyga çykarmak diňe onuň özüne baglydygyna düşünmeýän bolarly. Şu başagaýlykda Sähranyň we onuň çagalarynyň halyndan habar alýan ýokdy. Sähra üçin atasy öýüne dolanyp gelmekden başga alaç galmandy. Ol şeýle hem etdi. Ata-enesine artykmaç ýük bolmajak bolup, Sähra gysga möhletli biçimçilik hem tikinçilik okuwyny tamamlady. Obada onuň müşderileriniň sany günsaýyn artdy. Sähra ýaş gyz-gelinleriň halaýjak milli eşikleriniň dürli görnüşlerini ussatlyk bilen tikýärdi. Indi onuň bar maksady ýuwaş-ýuwaşdan dyzyna daýanmak, ýerinden galmak we öz aýaklarynyň üstünde ynamly durmany başarmak bolup durýardy. Elbetde, bu aňsat iş däldi, ýöne kynçylyksyz üstünlige, arzuwly pursatlara ýetip bolmaýandygyna Sähra indi aňryýany bilen göz ýetirerçe durmuş ýoluny geçipdi.

## Soňky oýlanmalar

Durmuşdan belli bolşy ýaly, ahlaksyz hereketlere ýol berip diňe özi üçin ýaşaýanlar, kanunyň kadalaryny bozýanlar iru-giç «adalat duzagyna» düşýärler. Eliň bilen edeniňi egniň bilen çekmeli bolýar.

Yklymy dogry ýola saljak bolup kän adamlar çytraşdylar, emma ol durmuş gurbaganyň saz-söhbedi ýaly şol bir terzde dowam eder öýdüp çak eden bolmaly. Şahsy jogapkärçilik, ýakynlaryň we jemgyýetiň öňündäki borçlar Yklym üçin ýat düşünjelerdi. Ol özüniň we beýleki adamlaryň durmuşynda bolup geçýän zatlary seljermäni, olardan degerli sapak almany bilmändir, aýratyn bir öz lezzetli dünýäsi bilen ýaşapdyr. Umuman, «Ederini bilmeze ýagy ne hajat» diýenleri bolupdyr.

Yklym gijem bolsa, durmuşa indi düşünip başlapdy. Ol eden işlerinden utanýardy hem ökünýärdi. Ata-enesi, aýaly we çagalary babatda goýberen hata işleriniň günäsini ýuwmakçy bolýardy, erkinlige çykanda etjek işleriniň meýilnamasyny düzýärdi. Könelerimiziň aýdyşlary ýaly, «Azaşan ýoluny tapsa ýagşy».

Sähranyň durmuş ýoly köpler üçin örän tanyş bolmaly. Çünki ýeterlik durmuş taýýarlyksyz, esasan-da, özbaşdak eklenç çeşmesini üpjün etmezden maşgala gurýan gyzlar ilçilikde kän duş gelýär. Eklenç babatda äriňe, ýakynlaryňa garaşly bolup ýaşamak ýalňyşdyr. Gyzlar entek atasynyň öýündekä durmuşa çykan ýagdaýynda özüniň özbaşdak eklenç çeşmesiniň bolmagy barada deslapdan alada etmelidirler. Bu meselede ata-eneler gyzlaryna hemmetaraplaýyn ýardam bermelidirler. Mysal üçin, gyzlarynyň orta ýa ýokary hünär mekdebini gutarmagynda, haly sungatynyň inçe syrlaryny öwrenmekde, biçimçi-tikinçi bolmakda ýa-da höwesine hem-de başarnyklaryna görä başga bir hünäri ele almaklarynda alada etmelidirler.

Görşümiz ýaly, hünärsiz aýal maşgala durmuşynda ejiz gelýär, her hili kemsitmelere çydap gezmeli bolýar, öz abraý-mertebesini, şeýle hem hukuklaryny we kanuny bähbitlerini ygtybarly goramany başarmaýar. Şeýlekin aýallaryň ata-eneleri we ýakynlary elmydama ünjüde gezýärler, zerurlygyna görä olara garyndaşlyk kömegini berip durmaly bolýarlar. Är-aýal gatnaşyklary resmi ýagdaýda tamamlanan halatynda, adatça, aýal maşgalanyň we onuň çagalarynyň garamaty dolulygyna diýen ýaly onuň ýakynlarynyň üstüne düşýär. Aslynda welin herki aýal maşgala nikasy belli bir sebäplere görä bozulaýan halatynda hem özbaşdak maşgala durmuşyny alyp gitmäge hemmetaraplaýyn taýyn bolmaly. Durmuşda her hili ýagdaý ýüze çykyp bil-

ýär. Aýdalyň, ýol hadysasynda başga biri däl-de, Yklymyň özi heläk bolupdyr. Näme, indi Sähra çagalary bilen galan ömrüne adamsynyň garyndaşlaryna garaşly bolup ýaşamalymy?!

Kyn durmuş synaglaryndan geçen Sähra ahyrynda özüni ele alma başartdy. Ol gysga möhletli biçimçilik hem tikinçilik okuwyny tamamlap, ýaşlykdan höwes edýän işini hususy telekeçi hökmünde ýola goýup, öýünde müşderileri kabul edip başlaýar. Onuň hyzmatlaryndan obanyň gelin-gyzlarynyň göwünleri diýseň hoş. Sähra indi özüni hem çagalaryny özbaşdak eklemäge ukyply, ertirki gününe hem ynamly garaýar. Maddy garaşsyzlygyň Sähranyň geljekki şahsy durmuşynyň ygtybarly binýady bolup hyzmat etjekdigi hemmä düşnükli hakykat bolmaly. «Zähmet soňy rehnet» diýenleri.

Biziň oňa, Mähriban Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda berkarar edilýän kämil ahlakly türkmen jemgyýetinde mundan beýläk ähli durmuş meselelerinde üstünlik arzuw edäýmegimiz galýar.

## 4.6. Halypa kämillik çeşmesi

*Halypaçylyga sözüň giň we dar manysynda seretmeli. Maşgalada atаň-eneň hem ýakynlaryň, mekdep mugallymlaryň berýän öwüt-ündewleri halypa sargytlary hökmünde kabul edilmeli. Umuman, durmuşyň özi biziň her birimiz üçin halypaçylyk mekdebidir. Esasy mesele herki şahsyýetiň durmuşda bolup geçýän pursatlary seljerip, olardan özi üçin degerli netijeleri çykarmany başarmagyndadyr.*

*Mundan-da başga edara-kärhana-guramalarda täze işe girişýän ýaş hünärmeni önümçilige dogry ugrukdurmak üçin ýörite bellenilýän halypa bolýar. Seniň durmuş ýoluňda halypanyň ýagşu-ýaman täsirleri hökman öz yzyny galdyrýar. Halypaň kämil ahlak sypatly adam we käriniň hakyky ussady bolanda, seniň zähmet ýoluň şowly başlanýar, geljekde bagtyýar durmuşa ýetmegiňe giň ýol açylýar. Elbetde, halypa seniň göwün islän adamyň bolmaly. Diňe şeýle halatda bilelikdäki işiň netijeliligi aýdyň görünýär we duýulýar.*

Erkin Watan öňündäki harby gulluk borjuny ýerine ýetirip gelenden soňra täzelikde etrap prokuraturasynda sülçi bolup işe başlapdy. Ol işe girişen gününden bilim ojagynda öwrenen zatlaryny tejribede

peýdalanmagyň ýeňil-ýelpaý iş däldigine derrew düşünipdi. Bolsa-da kynçylyk çekeňde kömek berer diýip, şol edarada on ýyl töweregi sülçi bolup işläp ýören Meret Annaýewiçi oňa halypa edip belläpdiler.

Etrap prokurory tejribeli adam bolansoň Erkiniň ýagdaýyna düşünip, oňa çylşyrymly bolmadyk işleri derňemäge berýärdi. Şeýlede bolsa, ýaş sülçüde her iş boýunça ýüzläp sorag döreýärdi. Ol özüniň ýönekeý bolmadyk soraglaryna jogap tapmak üçin jan edýärdi, birgiden kitaplary, kanunlary, daşary ýurt edebiýatlaryny içgin özleşdirýärdi. Erkin özbaşdak göz ýetiren zatlarynyň dogrudygyny ýa-da nädogrudygyny biriniň tassyklanyny isleýärdi, ýöne ol garşy halypasyna ýüzlenip durmany kyn görýärdi, onuň-da özüne ýeterlik sebäpleri bardy. Meret Annaýewiç «Şunam bileňokmy, şuňa-da düşüneňokmy?» diýip, ýaş hünärmeni ugrukdyrmanyň ýerine, gaýtam, oňa igenýärdi. «Meniň şuňa meňzeş önümçiligimdäki işlerime seret, şolara görärägem resminamalaryňy düzüber, ýalňyşmarsyň» diýýärdi.

Erkin halypasynyň aýdyşy ýaly hem edýärdi. Raýatlary sorag etse-de, olardan düşündiriş alsa-da ýa-da beýleki derňew işlerini geçirende hem ol halypasynyň önümçiligindäki derňelýän jenaýat işleriniň materiallaryny nusgalyk hökmünde ulanýardy. Ol göwnüne çiglik gidäýen halatlarynda hem düşünmeýän zatlaryny başga birinden soramagada ýaýdanýardy, sebäbi halypasynyň bu herekete gaharynyň geljegini bilýärdi. Şäherde özi bilen deň işe başlan ýoldaşlarynda şu zeýilli kynçylyklar döremeýärdi. Olar halypalary bilen her bir ownuk soragy hem töwerekleýin ara alyp maslahatlaşmagy endige öwrüpdiler, kiçijik meselänem uly bir çekeleşmä ýazdyryp bilýärdiler.

Meret Annaýewiç biçak özüne göwni ýetýän adamdy. Şägirdiniň ýanynda meni näme üçin prokuror ýa-da bolmanda onuň orunbasary wezipesine bellemeýärkäler diýip gatyrganýardy. Näme üçindir ol özüne bahyllykdyr görüplik edilýär diýip düşünýärdi. Meret Annaýewiç şägirdine öz derňän jenaýat işlerini mahabatlandyryp gürrüň bermäni biçak gowy görýärdi, şondan bir hili lezzet alýardy. Erkin halypasynyň öwünmek häsiýetini halamasa-da, oňa ýagşydan-ýamandan hiç zat diýip bilmeýärdi. Içinden bolsa «Goý, seni il öwsün-dä» diýýärdi.

Meret Annaýewiç her hili bahana arap, edara çagyran adamlaryny öz bellän wagtynda kabul etmän, olary güni bilen garaşdyryp bilýärdi. Elbetde, ol özüniň wezipe ygtyýarlyklaryna daýanyp, şeýle töwekgelçilige ýol berýärdi. Erkin bu adamlaryň hersiniň özüne ýeterlik gaýgy-aladasynyň bardygyna gowy düşünýärdi, ýöne özüňden ula, onda-da halypaňa akyl öwredip bolýarmy. «Garaşyp duranlaram-a bar eken diýip Meret Annaýewiçe ýatladaýsalar, ol «Bulara serediň-ä, bir käse çaýyňy arkaýyn içmäge berenoklar-da» diýip, asla özünde müýn bardyr öýtmeýärdi.

Gyş aýlarynyň bir gününde Meret Annaýewiç edarada nobatçy-sülçi bolýardy. Oňa ýarym gijä golaý adamyň jesediniň tapylandygy baradaky habary ýetirýärler. Meret Annaýewiç jesedi ýerinde gözden geçirmekde kömegi deger diýip öz şägirdini haýyş edip ony öýünden çagyrýar. Jenaýat edilen ýerde prokuraturanyň nobatçy sülçüsiniň ýolbaşçylygynda degişli gulluklaryň hünärmenleri bilelikde zerur işleri geçirip başlaýarlar. Ýadawlyk hem ukusyzlyk Meret Annaýewiçi basmarlap ugraýar, ol wakanyň bolan ýerini gözden geçirmegi çaltlaşdyrmaly diýen netijä gelip, hemmeleri gyssap başlaýar.

Erkin adam ölümi sebäpli aýratyn otagda bir raýatdan düşündiriş alýardy. Aňyrdan gelen Meret Annaýewiç ol raýatyň jogaplaryna müňkürlik edip, «Eger-de sen ony öldüren bolsaň, onda eden işiňi mertlerçe boýun al, gör, näçe adamlary bikär kösäp otyrsyň» diýip, oňa azgyrylýar. Halypanyň maksady irden prokuroryň öňünde gyzgyny bilen jenaýaty açan adam hökmünde hasabat bermekdi. Erkin halypasyny bir gyra çekip, «Entek bu ýerde anyklanmaly meseleler kän, howul-hara netije çykarjak bolmaň» – diýip, onuň badyny aljak bolýar. Men seni kömek edersiň diýip çagyrypdym, sen bolsa maňa akyl satýarsyň – diýip, Meret Annaýewiç şägirdinden nägile bolýar. Erkin aýak depip duransoň, halypa-sülçiň jenaýaty howul-hara çalt açmak baradaky arzuwy paşmaýar. Wakanyň bolan ýerini gözden geçirmek hem-de beýleki zerur işler kanunda talap edilişi ýaly tertipde dowam etdirilýär.

Erkine tabşyrylan işler boýunça derňew işleri meýilnama laýyklykda gidip durdy. Arasynda ol Meret Annaýewiçe hem ýüz tutýardy. Halypasynyň keýpi çag wagtlary pikirlenmezden diýen ýaly masla-

hat görnüşindäki nagt nesihatlaryny joşup eçilýärdi. Häli öz tejribesi ýeterlik bolmandygy sebäpli, Erkin halypasyndan göwni suw içmese-de, onuň berýän maslahatlaryny öz derňeýän işlerinde peýdalanmaly bolýardy.

Etrabyň prokurory ýörite wagt tapyp Erkiniň derňeýän işleriniň ýagdaýy bilen içgin tanyşmak üçin, ony gürrüňdeşlige öz ýanyna çagyrýar. Prokuror ähli işlerde diýen ýaly goýberilen säwliklere ýaş sülçiniň ünsüni çekýär. Erkin öz kemçiliklerini doly boýun alyp, olaryň aglabasynyň halypasynyň beren maslahatlarynyň netijesinde ýüze çykandygyny bialaç aýtmaly bolýar. Etrap prokurory Meret Annaýewiçiň ahlaksyz hereketlerinden hem-de gopbamlygyndan öňem habarlydy. Şoňa görä-de ýakyn günlerde onuň bilen çynlakaý gürleşmekligi öz ýanyndan meýilleşdirip goýdy. Prokuror Erkiniň hem pikirini nazara alyp, oňa başga bir tejribeli hem abraýly işgäri halypa edip belleýär, şeýle hem ýaş sülçä geljekde derňew işlerinde peýdalanar ýaly birnäçe durmuş sargytlaryny edýär.

Şu gürrüňdeşlikden soň uzak wagt geçmänkä etrap prokurory edaranyň işçi maslahatynda ýaş hünärmenlere ýüzlenip: «Eserdeň boluň, her bir işiň aňyrsynda birnäçe adamlaryň ykballary ýatandyr, şonuň üçin hem her bir etjek hereketiňizi kanunalaýyklykda «Ýedi ölçäp, bir kesiň» diýip, berk tabşyrýar.

## Soňky oýlanmalar

Halypa-şägirt gatnaşyklaryna doly düşünmek we dogry netije çykarmak üçin, halypa bildirilýän talaplardan öňinçä, şägirdiň öz şahsy borçlaryna göz ýetirmegimiz möhüm. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ýaş hünärmeni şu ahlak sypatlaryna eýe bolmalydyr: wezipe borçlaryňy arassa we halal ýerine ýetirmek, bilim-sowadyňy yzygiderli artdyrmak we hünär derejäňi ýokarlandyryp durmak, işdeş ýoldaşlaryňy sylamak we halypalaryňa hormat goýmak, her bir işde jogapkärçilik duýmak, ygtyýarlygyňdaky meseleleri kanunalaýyk we adalatly çözmek, öňdebaryjy tehnologiýalary we tejribäni öwrenmek hem-de önümçilige ornaşdyrmak, jemgyýetçilik çärelerine işjeň gatnaşmak, kanuny ähli zatdan ýokarda

goýmak we onuň talaplaryny üýtgewsiz berjaý etmek. Şu esasy talaplara gabat gelmeýän ýaş hünärmene kim halypaçylyk edende hem ondan netije çykmaz.

Halypa barada aýdylanda her kesiň halypa bolup bilmejegine düşünmegimiz gerek. Halypa ýaş ölçegi boýunça ýa-da biriniň seni mahabatlamagy esasynda kesgitlenmeýär. Halypa bolmak üçin hünär derejäň görnetin ýokary bolmaly. Has beterem halypa boljak adam öz ahlak sypatlary bilen (*pespäl, zähmetsöýer, yhlasly, erkli, geçirimli, ugurtapyjy, öňdengörüji, sözüniň eýesi, kynçylykdan gaçmaýan, edepli we ş.m.*) özgelerden tapawutlanmaly. Hünär derejesi ýokary bolup, ahlagy pes bolsa ýa-da tersine, kämil ahlagy bolup, hünär derejesi pes bolsa, onda ol adam halypa bolup bilmez.

Hekaýadan gelip çykyşyna görä, sen halypa bol ýa şägirt, hiç bir işe onuň ähli inçe taraplaryny doly bilýän adam hökmünde çemeleşmek dogry däldir. Şu ýagdaýda adamda hüşgärlik ýitýär hem-de jogapkärçilik peselýär. Islendik işiň özüne ýetik çylşyrymly taraplary bardyr. Şonuň üçin hem herki işe örän ünsli ýapyşmaly, her halatda öz şahsy jogapkärçiligiňi duýmaly. Başgaça bolanda, hünärmen hökmünde kämillige barýan ýol seniň üçin ýapylýar.

Erkiniň edişi ýaly, halypanyň ähli aýdanlary bilen ylalaşyp gezmek ýalňyşdyr. Islendik meselede seniň öz şahsy garaýşyň bolmaly. Meseläniň düýp manysyna göz ýetirmän, başga biriniň pikirini goldaýjy bolmaly däl. Her bir şahsyýet durmuşda bolup geçýän ýagdaýlary özbaşdak seljermäni, umumylaşdyrmany, olardan degerli netijeleri çykarmany, başgalaryň säwliklerinden özi üçin sapak almany başarmaly. Irginsiz zähmetiň bilen şu endikleri öz häsiýetiňe öwürjek bolmaly. Şonda sen öz öňüňde maksat edinip goýan zähmet üstünlikleriňe hökman ýetersiň.

Meret Annaýewiçiňki ýaly öz başlangyjyň bilen wezipä dalaş etmek ahlak nukdaýnazaryndan oňlanylmaly hereket däl bolmaly. Kadaly durmuşda mynasyp hünärmeni wezipäniň özi tapýan bolmaly. Şonuň üçin hem sen şu pursatda özüňe tabşyrylan işiň hötdesinden abraý bilen gelmegiň aladasyny edip zähmet çekmeli. Wezipä hünär derejäň we ahlaklylyk babatda mynasyp halda ýetilmedik ýagdaýda şahsy we jemgyýetçilik bähbitleriniň çaknyşmasy bolup geçýär.

Şonuň netijesinde hem adatça, ýolbaşçy ýa-da jogapkär wezipeli işgär wezipesi bilen hoşlaşýar, netijede, onuň özi we ýakynlary abraýdan düşýär.

Hekaýadan görnüşi ýaly, Meret Annaýewiç wezipe borçlaryny howul-hara, başdan sowma ýerine ýetirýär, adamlara-da «ýokardan aşaklygyna» garaýar, özi-de juda edepsiz hem ulumsy. Şu häsiýetli adamlara döwlet edara düzümlerinde ýer ýok bolsa gerek. Etrap prokurory ýöne ýerden onuň şahsy meselesi bilen ýörite gyzyklanyp başlan bolmaly däl. Elbetde, halypa-şägirt babatda ýokarda beýan edilen oýlanmalar ähli ugurlarda zähmet çekýän hünärmenler üçin peýdaly bolup biler.

Ýaş hünärmenlere Arkadag Prezidentimiziň iş tejribesini we onuň ahlak sypatlaryny özleri üçin nusgawy ýol-ýörelge edinmeklerini arzuw edýäris!

## 4.7. Ýol hereketiniň ahlagy

Bu ugurda döwlet syýasatyny amala aşyrýan edaralaryň baş maksady ýol hereketiniň düzgünleriniň we howpsuzlygynyň talaba laýyk berjaý edilmegini gazanmakdan, ýol hereketiniň ahlagyny hem-de medeniýetini ýokarlandyrmakdan ybarat bolup durýar. Ýolda ahlaksyz hereketler, adatça, biziň parhsyzlygymyz sebäpli ýüze çykýar. Mysal üçin, sürüji hökmünde ýolda barýarkak, ýol ugruna tötänden oklanan bir zadyň bölegini görüp, onuň gapdalyndan sowlup geçmäge çalyşýarys, ýöne ony ýoldan aýyrmalydyr diýen pikir biziň her birimiziň aňymyza näme üçindir gelmeýär.

Durmuşy nukdaýnazaryndan şeýle bir sowal hemmede-de uly gyzyklanma döredýän bolsa gerek, islendik bir ýagdaýda hukuk ýa kanun bozulma öň ýüze çykýarmy ýa-da adam ahlaksyzlygy? Tejribeden belli bolşy ýaly, hiç bir halatda ýokary ahlakly adam hukuk ýa-da kanun bozulmalaryna ýol bermeýär. Şonuň üçinem hukuk we kanun bozulmalarynyň sanynyň köplügi ýa-da azlygy gönüden-göni jemgyýetiň ahlak derejesine bagly bolup durýar. Durmuşda ahlak kada bozulmasy ýokmy, diýmek, hukuk kada bozulmasynyň döremegine hem esas ýokdur. Şoňa görä-de jemgyýetde ähli ugurlarda, şol

sanda ýol hereketiniň düzgünleriniň berjaý edilmeginde hem ahlak kadalarynyň ähmiýetine düşünmegimiz we olary gyşarnyksyz berjaý etmegimiz möhümdir.

Ýol hereketiniň özboluşly ahlagy bar. Kanunyň talaplaryna laýyklykda ýol hereketine gatnaşyjylar: awtoulag sürüjilerinden, ulag serişdeleriniň ýolagçylaryndan, pyýada ýolagçylardan ybarat bolup durýar. Bu sanawa ýol hereketine gözegçilik edýän işgärleri hem şertli goşsa bolar. Şularyň ählisiniň sazlaşykly hereketleri birek-birege bolan hormat-sylagyň, ýoldaky agzybirligiň we howpsuzlygyň, umuman, ahlak-hukuk kadalarynyň berjaý edilmeginiň görkezijileri bolup durýar. Ýol hereketine gatnaşyjylaryň ahlaksyz hereketlerini häsiýetlendirýän ýagdaýlar durmuşda dürli görnüşlerde ýüze çykýar. Olaryň hemmesi-de aýry-aýrylykda ýol hereketiniň düzgünleriniň ünsden düşürilmegine, howpsuzlygynyň peselmegine ýa-da bozulmagyna getirip bilýär. Geliň, ýol hereketine gatnaşyjylaryň ahlaksyz hereketlerini anyk mysallaryň üsti bilen görkezmäge synanyşalyň.

Ýol hereketiniň esasy gatnaşyjylary awtoulag sürüjileri hem-de ulag serişdeleriniň ýolagçylary bolup durýarlar. Bularyň hereketlerinde şular ýaly ahlaksyz hereketler duş gelýär: gök we miweli önümleriň gabygyny ulagyň penjiresinden ýol ugruna zyňmak; awtoulagyň kadadan artyk çykarýan zyýanly tüssesi bilen howany zäherlemek; awtoulagy hapa ýagdaýda sürmek; awtoulagyň magnitafonyny güýçli ses bilen diňlemek we ş.m.

Durmuşda pyýada ýolagçylaryň ahlaksyz hereketleriniň mysallary hem ýeterlik tapylýar: ýol hereketiniň düzgünlerini bozup, geçmesiz ýerlerden ýoldan geçmek; awtoulag sürüjileri üçin dürli päsgelçilikleri döretmek; ýerasty geçelgelerden peýdalanmazlyk; gadagan ýerlerde awtoulag saklajak bolmak we beýlekliler.

Ýol hereketine gözegçilik edýän polisiýa işgäriniň hem kesgitli ahlak borçlary bar: özüňe we ýörite geýilýän lybasyňa göwnejaý serenjam bermäni oňarmak; awtoulag sürüjileri we pyýada ýolagçylar bilen özüňi medeniýetli alyp barmany hem salykatly gürleşmäni başarmak; ýol düzgünleriniň dogry we doly berjaý edilmegini hemmelerden deň derejede talap etmek; her bir hukuk ýa-da kanun bozulmasy bilen bagly adalatly çözgüt çykarmak we ş.m. Elbetde, şeýlekin

ahlak häsiýetli ýol gözegçileri bilen her bir duşuşyk diňe guwançly hem buýsançly ýatlamalara esas bolup biler.

Ýokarda beýan edilen ahlaksyz hereketleriň aglabasyna hukuk ýa-da kanun bozulmasy derejesine baryp ýeten bikanun hereket hökmünde baha berlip bilner. Biziň jemgyýetçilik bolup bir hakykata doly göz ýetirmegimiz örän wajyp. Ýol hereketiniň düzgünlerini bozýanlaryň ählisini ýol hereketine gözegçilik edýän gullugyň kömegi bilen ýüze çykarmak we olaryň garşysyna temmi çärelerini ulanmak mümkin däl. Eger-de ýoldaky her bir hukuk ýa-da kanun bozulma doly anyklanjak bolsa, onda ýol gözegçisini her ädimden diýen ýaly goýmak gerek bolardy.

Şoňa görä-de ýol hereketine gatnaşyjylaryň ählisiniň ahlagynyň we medeniýetiniň ýokarlanmagyny gazanmak döwrüň wajyp wezipeleriniň biri bolup durýar. Diňe şeýle çemeleşmäniň üsti bilen iş ýüzünde ýol hereketiniň düzgünleriniň ýerine ýetirilmeginiň hem-de howpsuzlygynyň üpjün edilmeginiň netijeliligini artdyryp bolar. Başgaça aýdylanda, her bir ýol hereketine gatnaşyjy öz hereketleriniň «ahlak gözegçisi» bolmaly. Şeýle hem jemgyýetçilik tarapyndan ýolda ahlaksyz we bikanun hereketleriň garşysyna hemişelik esasda göreş alnyp barylmaly. Umuman, biz ýolda şahsy we jemgyýetçilik ahlak-hukuk gözegçiliginiň amala aşyrylmagyny üpjün etmäge çalyşmaly.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Arkadag Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzda dünýä ülňülerine ähli babatda gabat gelýän awtomagistrallar, şol sanda halkara ähmiýetli ýollar gurulýar we bu ugurda işler gitdigiçe ýaýbaňlandyrylýar. Bagtyýarlyk ýollarynda ýol hereketiniň gatnaşyjylary bolup, özümizi ýokary ahlakly adamlar hökmünde alyp barmaga endik edeliň! Ýollaryňyz ak bolsun, ömrüňiz rahat!

## Jemleme

Ýokarda beýan edilenlerden görnüşi ýaly, ýaşlaryň döwrebap ahlak keşbini kemala getirmek döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde garalýar. Häzirki wagtda terbiýeçilik işiniň ähli usullaryndan, serişdelerinden, mümkinçiliklerinden giňden peýdalanyp, ýaşlaryň dogry ahlak garaýyşly kämil şahsyýetler bolup ýetişmeklerini, jemgyýetde ýüze çykýan her bir ahlaksyz hereket bilen barlyşyksyz göreşmeklerini, ahlak-hukuk kadalaryna deň derejede hormat goýmaklaryny we olary gyşarnyksyz ýerine ýetirmeklerini gazanmak türkmen jemgyýetiniň öňünde durýan, özi-de dowamly gözegçilikde saklanylýan möhüm mesele bolup durýar.

Gynansak-da, ahlak kadalaryny ýeterlik derejede bilmeýän ýa-da olaryň manysyna doly we dogry düşünmeýän ýaşlarymyz entek bar. Ýaş nesliň häzirki zaman maglumat giňişliginden erkin peýdalanmak mümkinçiliginiň bolmagy bu meseläni has-da çylşyrymlaşdyrýar. Bir tarapdan «maglumat bolçulygy» ýaşlaryň dünýägaraýşyny we gözýetimini giňeldýär. Başga bir tarapdan bolsa, ýaşlar dünýä çeşmelerinden biziň ahlak kadalarymyza ters gelýän maglumatlary hem gündelik kabul etmeklerine getirýär. Jemgyýet şu zeýilli ýaşlarda töwereginde bolup geçýän zatlara dogry ahlak garaýşyny döretmäge borçludyr. Çünki diňe kämil ahlakly şahsyýetler jemgyýetiň döwrebap özgermegine oňyn täsir edip bilýärler.

Kämil ahlakly ynsan durmuşyň kötelli ýoldur ýodalarynda hiç bir ýagdaýda hem ruhdan düşmän arassa-halal ýaşaýar, çagalarynyň-da dogry ahlak terbiýeli adamlar bolup ýetişmegi barada irginsiz alada edýär. Şu zeýilli ýokary ahlakly şahsyýetler jemgyýetiň sagdynlygyny üpjün edýärler. Ahlaksyz adamlaryň jemgyýete ýetirýän zyýany hemmä düşnüklidir. Şonuň üçin hem jemgyýetçilik tarapyndan ahlagy pes adamlaryň garşysyna dürli guramaçylyk çäreleri yzygiderli amala aşyrylýar.

Ahlaksyz adamlaryň garşysyna jemgyýetçilik tarapyndan hiç hili çäre görülmese, olaryň jogapkärçilik duýgusy peselýär. Jemgyýet islendik ahlaksyz hereketiň üçin jemgyýetçiligiň öňünde jogapkärçiligiň

hökmany ýagdaýda ýüze çykýandygyny her bir şahsyň aňyna ýetirjek bolmaly. Ahlak jogapkärçiliginiň döremegi bilen etmişli adam, käbir halatlarda onuň maşgala agzalary jemgyýetiň öňünde abraýdan düşýär. Şu ýagdaýdan mynasyp halda çykmak üçin, her bir şahsyýet öz ahlak jogapkärçiligi barada elmydama oýlanyp gezmeli we öz ahlaksyz hereketlerinden günübirin saplanjak bolmaly.

Gollanmada ahlak-hukuk kadalarynyň, şeýle hem ahlaksyz hereketleriň hukuk we kanun bozulmalary bilen arabaglanyşygynyň üstünde giňişleýin durlup geçilýär. Ahlak-hukuk kadalarynyň netijeli işlemekleri olaryň sazlaşykly hereket etmeklerine bagly bolup durýar. Adaty durmuşda ýokary ahlakly adam her bir gadamyny kanunyň çäginde, onuň talaplaryna laýyklykda ädýär. Başgaça hereket etmeklik onuň ahlak tebigatyna gabat gelmeýär. Ahlaksyz şahsyýet welin elmydama hukugyň kadalaryny hem bozmaklyga meýilli bolýar. Gollanmada beýan edilen durmuş pursatlaryndan ahlaksyz adamlaryň ahlak-hukuk jogapkärçiliginiň pesdigini aýdyň görmek bolýar. Şeýle häsiýetli adamlaryň jemgyýetde amala aşyrylýan köpugurly özgertmeleriň öňüne belli bir derejede böwet bolýan bolmaklary-da ähtimaldyr.

Şonuň üçin hem jemgyýetde ahlagyň we hukugyň kadalary aýrylmaz bir bitewülik, ýagny biri beýlekisinden gelip çykýan ýa-da onuň üstüni doldurýan institutlar hökmünde seredilmeli. Şu şertlerde adamyň ahlak aňyýetiniň ösmegi, hukuk gözýetiminiň giňemegi netijesinde jemgyýetiň ahlak-hukuk garaýyşlary döwrebap özgeräýmeli. Munuň bolsa eziz Watanymyzda ähli ugurlarda ygtybarly ösüşleriň kepili bolup hyzmat etjekdigi şühbesizdir.

Bagtyýar durmuşda ýaşamany maksat edinýän her bir adam özüne berkden-berk talap bildirmäni şahsy endigine öwürjek bolmaly. Ynsan ömrüniň dowamynda kynçylyklary ýeňip geçmän, herki işde şahsy erklilik, gujur-gaýrat we sabyr-takat görkezmän, arzuwly ýaşaýşa ýetip bilmez. Maksadynyň hasyl bolmagy üçin, her bir ynsan öz ýaramaz endiklerinden saplanmany başarmaly, aňsat eklençden gaçmaly, ýeňil-ýelpaý durmuşyň soňsuzlygyna göz ýetirmeli, kyn-da

bolsa dogry ýoly, ýagny ahlagyň we kanunyň talaplaryna doly gabat gelýän ugry saýlap almaly.

Şu nukdaýnazardan Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe her bir ýagşy arzuwly şahsyýetiň ahlak keşbini häsiýetlendirýän esasy sypatlar şular bolmaly: Watanyňy ýüregiňden söýmek, intellektual derejäňi ýokarlandyrmak barada we bilim-ylym görkezijileriňi dünýä ülňüleriniň talaplaryna laýyk getirmek üçin yzygiderli alada etmek, öňdebaryjy innowasion tehnologiýalary we tejribäni öwrenmek hem-de önümçilige ornaşdyrmak, wezipe-borçlaryňy arassa we halal ýerine ýetirmek, her bir işde jogapkärçilik duýmak, ygtyýarlygyňdaky meseleleri dogry we adalatly çözmek, işdeş ýoldaşlaryňy sylamak we halypalaryňa hormat goýmak, jemgyýetçilik çärelerine işjeň gatnaşmak, ata-eneň we ýakynlaryň barada gündelik alada etmek, maşgalada özara agzybir bolup ýaşamak, arassa-halal zähmetden eklenmek, çagalaryňa talaba laýyk terbiýe bermek we maşgala bolup jemgyýete peýda getirmek, sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermek, birek-birege goldaw bermek we geçirimli bolmak, her bir jedelli meselede ylalaşyga gelmäge çalyşmak, söýgiňe, dost-ýaryňa wepaly bolmak, kiçini sylamak we ula hormat goýmak, kyn gündäkilere kömege gelmek, her bir işde ruhubelent, tutanýerli we başarjaň bolmak, jemgyýetiň hukuk we ahlak kadalaryna hormat goýmak hem-de olary üýtgewsiz berjaý etmek.

Häzirki döwürde ahlak kadalarynyň bir ýere jemlenip jemgyýetçilik başlangyçlarynda resmileşdirilmegi, olaryň gündelik durmuşda hemmetaraplaýyn öwrenilmegi we yzygiderli wagyz edilmegi zamanamyzyň gaýragoýulmasyz möhüm işleri bolup durýar. Ahlak terbiýesini ýaş nesliň aňyna doly we dogry ýetirmek üçin, ilkinji nobatda, olara biziň halkymyzyň mental aýratynlyklary (*däp-dessurlary, urp-adatlary, edim-gylymlary, nakyllary, taryhy, dini*) gadymdan gelýän ahlak häsiýetleri aýdyň görnüşde düşündirilmeli. Munuň üçin bilim edaralarynda «Ahlak öwreniş» ady bilen ýörite okuw dersiniň girizilmegi derwaýysdyr. Ahlak kadalary ýaşlar üçin düşnükli, sada

dilde gysga beýan edilmeli, şol bir wagtda hem olaryň giňişleýin düşündirişleri bolmaly.

Türkmen jemgyýetiniň ösüşiniň şu tapgyrynda Gahryman Prezidentimiz kämil ahlakly ýaş nesilleri terbiýeläp ýetişdirmeklige döwlet syýasatynda aýratyn orun we ähmiýet berýär. Goý, döwlet Baştutanymyzyň bu ugurda amala aşyrýan işleri elmydama rowaç alsyn, onuň jany sag, ömri uzak bolsun!

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet adam üçindir – A.: 2008.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. – A.: 2011.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet guşy. – A.: 2014.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler VIII tom. – A.: 2015.
5. Magtymguly. – A.: 1959.
6. *Ezizow G.* Goşgular. A.: 2010.
7. Türkmeniň gadymdan gelýän milli dini adatlary. – A.: 2006.
8. *Gulbaýew A., Gulbaýew G.* Özüňi alyp barmagyň medeniýeti. A.: 2014.
9. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. Iki tomluk. – A.: 2016.
10. *Goçyýew T.D.* Ýaş nesil – kämil ahlak. – A.: 2013.
11. *Goçyýew T.D., Ataýew S.K., Çaryýew A.A.* Nika, maşgala we kanun (hekaýalar, seljermeler, hukuk maglumatlary, çyzgylar, sowalnamalar, meseleler, talap arzanyň gurluşy we görnüşleri). – A.: 2010.

## MAZMUNY

Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

**I bap. Ahlak kadalaryna düşünje we olaryň hukuk kadalary bilen arabaglanyşygy**

1.1. Ahlak kadalaryna düşünje we olaryň terbiýeçilik ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 11

1.2. Ahlak we hukuk kadalarynyň arabaglanyşygy we sazlaşygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 16

**II bap. «Döwlet guşy» romanynda ahlak kadalary**

2.1. Romanyň ahlak ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 27

2.2. Umumy häsiýetli we käbir beýleki ahlak kadalary . . . . . . . . 31

**III bap. Ynsan ömrüniň meýilnamasy**

3.1. Ömür manysyndan bir kelam . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 60

3.2. Wagt seniň iň gymmatly baýlygyň . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 67

3.3. Ata-ene – çaganyň ahlak kämilliginiň gözbaşy . . . . . . . . . . 75

3.4. Dogry ýaşaýan ynsan bagtly ýaşaýar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . 82

**IV bap. Ahlak-durmuş pursatlary**

4.1. Parhsyzlyk ýagşy ynsana mahsus däl häsiýet . . . . . . . . . . . . 89

4.2. Maşgala agzybirliginiň gözleginde . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 94

4.3. Maslahatly biçilen don gysga bolmaz . . . . . . . . . . . . . . . . . 98

4.4. Durmuş dowam edýär . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 103

4.5. Hiçden giç ýagşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 109

4.6. Halypa kämillik çeşmesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 114

4.7. Ýol hereketiniň ahlagy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 119

Jemleme . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 122

Peýdalanylan edebiýatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 126

*Taganmyrat Goçyýew*

AHLAK KADALARYNYŇ
JEMGYÝETÇILIK ÄHMIÝETI

Umumy orta bilim berýän mekdepler
üçin okuw gollanmasy

Redaktorlar *O. Ataýewa, O. Garajaýewa*
Surat redaktory *G. Orazmyradow*
Teh. redaktor *O. Nurýagdyýewa*

Çap etmäge rugsat edildi 28.04.2016. Ölçegi 60x90$^{1}/_{16}$.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 8,0. Şertli reňkli ottiski 18,19.
Hasap-neşir listi 6,51. Çap listi 8,0. Sargyt № 749. Sany 1000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127 (G. Gullyýew) köçe, 51/1.